**A.Ýazgylyjow, B.M.Iwanow**

# KOMPÝUTER TEHNOLOGIÝALARY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat. Ylym. 2008**

**UOK 681.5**
**Ý 38**

**Ý 38 Ýazgylyjow A., Iwanow B.M.**
**Kompýuter tehnologiýalary.** Okuw gollanmasy. – A.: Ylym, 2008. – 256 sah.

Kitap mekdeplerde okaýan geljekki hünärmenler üçin okuw gollanmasy hökmünde ýazyldy. Onda häzirki zaman kompýuter tilsimatynyň has giň ýaýran MS Office maksatnamalar toplumyna girýän MS Excel maksatnamasynda işlemegiň we anyk ykdysady hasaplary geçirmegiň tilsimi, MS PowerPoint maksatnamasynda öz işiňi mahabatlandyrmagyň yzygiderliligi, anyk mahabatlandyrmalaryň mysallary, şeýle hem, edara-kärhanalarda gündelik iş salyşýan adaty we iş resminamalaryň kompýuterde ülňi guralyşynyň tilsimaty getirilendir. Kitap belli bir derejede önümçilikde we dolandyryşda, hünär öwrenýän hem-de işleýän hünärmenler üçin hem peýdaly gollanma bolup biler.

**TDKP № 204** **KBK №32.965 ýa 73**
**© YTÝG-niň "Ylym" neşirýaty, 2008 ý.**
**© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2008 ý.**



**TÜRKMENISTANYŇ ILKINJI PREZIDENTI**
**BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmeniň Altyn asyry bolan XXI asyrda häzirkizaman kompýuter tilsimatynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletiniň ykdysady dolandyrylyşynda maglumatlary işläp taýýarlamak, dolandyryş çözgütleriniň birnäçe görnüşlerini häzirkizaman dolandyryjylary üçin taýýarlamak, edaraara we halkara maglumat alyş-çalşygyny guramak, döwürleýin ykdysady we dolandyryş hasabatlaty düzmek işleri alnyp barylýar.

MS Office kompýuter maksatnamalar toplumynda ykdysady hasaplamalarda has köp ulanylýan, MS Word kompýuter maksatnamasy bilen deňeşdirilende uly mümkinçilikleri bolan kompýuter maksatnamasy MS Excel tablisa ýazgy redaktorydyr. Onda islendik ýazgy tekstini, islendik çylşyrymly hasaplamalary, ummasyz tablisalary, şol tablisalardaky maglumatlaryň esasynda grafikleriň has özüňe oňaýlysyny gurmak we ekranda şekillendirmek hem-de islendik gurluşa çapa çykarmak bolýar. MS Exceliň mümkinçilikleri bilen her hili hasaplamalar, testler we wiktorinalar ýazylan elektron oýunlaryny, elektron resminamalary, şol sanda islendik ykdysady resminamalary ýeňillik bilen taýýarlap bolýar hem-de gündelik dolduryp, ony alyp barmak bolýar. Bu ýerde ykdysadyýetdäki deslapky elektron resminamalaryň doldurylyşy esasynda, kompýuterde jemleýji resminamalary, ýönekeýje maksatnamany (formulany) ýazmak bilen alyp bolýar. MS Excelde ýazylan islendik ýazgylar, tablisalar kompýuter tory arkaly, şol sanda, internet arkaly iberilip we kabul edilip bilner.

MS Excelde döredilen tablisalardaky maglumatlary tutuşlygyna diýen ýaly kompýuterdäki maglumatlar toruna geçirip, şeýle hem, kompýuterdäki maglumatlar torlaryndaky maglumatlary MS Excele çagyryp, özüňe gerekli hasabatlaryňy düzüp bolar.

## I bölüm

## MS EXCELDE IŞLEMEGIŇ, YKDYSADY HASAPLAMALARY GURAMAGYŇ TILSIMATY

### I.1. MS Excel kompýuter maksatnamasyna girmek

MS Excel kompýuter maksatnamasyna ilkinji sapar MS Windows gurşawyň iş stolundan (Рабочий стол) – ekrandan birnäçe usullar bilen girip bolýar:

1.1. MS Excele kompýuteriň ekranynyň çep eteginde ýerleşen 

belginiň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, syçanyň çep düwmesini basyp, çykan sanawyň-menýunyň şu 

setirine kursory eltip saklanyňda, onuň sag tarapynda çykan sanawdan 

ýazgynyň üstüne kursory eltip, syçanyň çep düwmesini basanyňda, kompýuter maksatnamanyň iş ýeri ekrana şeýle görnüşde gelýär:



1.2. MS Excele kompýuteriň ekranynynyň ýokarky sag tarapynda ýerleşen MS Office şekiller toplumyndaky şu belgijigiň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, onuň çep düwmesini basanyňda hem 1.1-däki iş ekrany çykýar.

1.3. MS Excele kompýuteriň ekranyndaky Пуск belliginiň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, onuň sag düwmesini basanyňda, şeýle Открыть Проводник Найти sanaw çykýar, ondan Открыть setiriň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, onuň islendik düwmesini basanyňda, şu penjire çykýar:




Bu penjiräniň Программы ýazgysyndaky belginiň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, onuň çep düwmesini yzly-yzyna iki sapar basanyňda ýa-da syçanyň sag düwmesini basanyňda, çykan sanawdan Открыть ýazgynyň üstüne syçanyň peýkamyny eltip basanyňda, maksatnamalaryň belgileri we atlary ýazylan penjire çykýar, ondan Microsoft Excel ýazgyny açanyňda, MS Exceliň iş orny ekrana gelýär. Bu penjirelerdäki işleri syçanyň peýkamyny penjiräniň ýokarsyndaky menýudan Файл ýazga eltip, ýerine ýetirip bolar.

Ýokarky Открыть Проводник Найти sanawyň ikinji Проводник ýazgysynyň üstüne peýkamy eltip basanyňda, onuň penjiresi çykýar, ondan Главное меню eltip, sagyndan Программы ýazgyny açyp Microsoft Exce ýazgyny açsaň, MS Exceliň iş ekrany çykar.

Sanawyň setirine peýkamy eltip bassaň, şeýle penjire çykýar:




Şu penjiräniň Имя diýlip ýazylan kiçijik penjire setirine gözleýän maksatnamanyň ýa-da faýlyň adyny ýazyp, Найти – ýazgynyň üstüne peýkamy eltip basanyňda, kompýuter ony tapýar we oňa ýakyn at bilen ýazylan papkalaryň we faýllaryň sanawyny aşaky penjirede getirýär, ondan Microsoft Exce ýazgynyň üstüne eltip, ony açsaň 1.1-däki iş ekrany çykýar. Пуск ýazgynyň üstü bilen MS Excele Найти we Файлы и папки... belgileri basyp, ýokarky penjiredäki ýazgylary ýazyp, oňa girip, işläp bolar.

1.4. MS Excele Пуск-yň üsti bilen Выполнить... ýazgyny basmak bilen hem girip bolar, ony açsaň şu penjire çykýar:

Bu penjiredäki ak zolaga işleniljek maksatnamanyň ýa-da resminamanyň adyny ýazmaly, mysal üçin, EXCEL ýazsak, oňa




girýäris. Bu penjiräniň Обзор... diýlip ýazylan ýazgysyny bassak, çykan sanawdan öň bar bolan papkalardan özümize gereklisini saýlap açaýmaly.

1.5. Пуск -yň üsti bilen MS Excele Документы setire barmak bilen, onuň sagynda çykan sanawdan öň bar bolan, şu kompýuter maksatnamada ýazylan resminama girip bolýar, ol resminamalary, beýleki ýörite papkada ýerleşdirmeseň kompýuteriň özi Мои документы diýilýän papkada ýerleşdirýär. Şol sanawda öz faýlyňy tapmasaň, onda sanawyň ýokarsyndaky ýazgyny açyp, öň açyp işlän faýlyňy tapyp, oňa täzeden girip, işläp bolýar.




1.6. Kompýuteriň iş stolundan – Windowsyň ekranyndan MS Excele ýörite papka ýa-da faýl açyp girip bolar. Onuň üçin syçanyň peýkamyny ekranyň islendik boş, şekilsiz ýerine eltip, onuň sag düwmesini basanyňda, şu sanaw çykar: onuň Создать setirini basanyňda, çykan sanawdan Лист Microsoft Excel ýazgyny açyp, MS Excele girip işläp bolýar.




MS Excele ýokardaky usullar arkaly girilende kompýuteriň ekranynda aşakdaky ýaly iş meýdany açylýar:




## I.2. MS Exceliň gurallary

Şu ekrandaky MS Excelde bar bolan belgileriň-şekiljikleriň amal edýän işi aşakdakylardan ybaratdyr:

- ✓ sagdan iň ýokarky şu belgi topary Windowsda hemme kompýuter maksatnamalarynda bardyr;
- ✓ basanyňda açylan iş ekrany, ekranyň aşagynda düýrlenip, ýygnalyp goýulýar we iň aşaky etekdäki şol ýygnalyp goýlan papkanyň ýa-da faýlyň ýazylan adynyň üstüne peýkamy eltip basanyňda, ol iş meýdany ekrana geler;
- ✓ belgijige peýkamy eltip basanyňda, iş ekrany kiçi bolsa ulalýar, monitoryň ölçegine ýakynlaşýar, uly bolsa has kiçelýär;
- ✓ belgijige peýkamy eltip basanyňda, ýumuş tamamlanýar, faýly ýa-da resminamany geçirmedik bolsaň, şeýle kiçijik penjire ekrana gelýär:

döreden faýlyňa maglumaty geçirjek bolsaň basyp, täze çykan penjirede at berip ýatda saklamaly, eger beýle işiň

zerurlygy ýok bolsa Нет basmaly, faýla işi dowam etdirmek üçin dolanjak bolsaň Отмена basylýar;




- ✓ Ekranyň ýokarsyndaky indiki setirdäki şeýle ýazga Файл Правка Вид Вставка Формат Сервис Таблица Окно Справка **baş menýu** diýilýär, onuň üstüne peýkamy eltip bassaň, degişli ýumuşlar iş ekranynda çykýar.
- ✓ Ekranyň ýokarsyndaky indiki setirlerdäki şeýle ýazgylar bolýar, Arial Cyr 10 Ж olardaky belgijikleriň her biri gutarnykly amallary ýerine ýetirýärlar, olaryň soňundaky şeýle belgini basanyňda, setirdäki amal belgijikleriniň dowamynyň ýygnalyp goýlanlary ekrana gelýär.
- ✓ A1 = şu setirde deňlikden soň, A1 *öýjükde* bolmaly hasaplaryň ýa-da ýazgylaryň maglumatlary ýerleşdirilýär, ýazylýar.
- ✓ Indiki Книга1 ýazylan setir MS Excelde at berilmedik faýlyň kompýuteriň şu maksatnamasynyň atlandyryşydyr, şeýle at bilen açylan faýla ekranyň ýokarsyndaky belgini basyp, çykan penjirede, onuň ornuna öz adyňy berip bolar, mysal üçin, yazexcel ýazylýar.
- ✓ MS Excelde her bir faýl ***kitap*** görnüşinde bolup, onuň *sahypalary* iş ekranynyň aşaky çep gyrasynda Лист1 / Лист2 / Лист3 ýazgylar bilen berilýär. Bu ýerde işjeň sahypanyň ýazgysy açyk bolýar, galanlaryň ýazgysynyň üsti tutukdyr.
- ✓ Лист1-iň ýa-da beýleki ýazgylaryň atlaryny islegiňe görä üýtgedip, täze sahypada goşup bolýar. Onuň üçin ol




sahypanyň üstüne peýkamy eltip, syçanyň *sag düwmesini* basanyňda, şu penjire çykýar:

Bu sahypa täze at berjek bolsaň, Переименовать basmaly, täze sahypa goşjak bolsaň Добавить... basylýar, çykan penjirede:




ýazylan ýere täze at berip OK basmaly ýa-da şol at kanagatlandyrsa hem OK bassaň bolýar. Sahypany aýyrjak bolsaň Удалить-e basyp aýrylýar. MS Exceliň her bir kitabynda-faýlynda ***sahypalaryň*** möçberi kompýuteriň ýadynyň mümkinçiligi bilen kesgitlenilýär, hiç zat çykmasa, sahypanyň sany 3-e deňdir. Bir sahypadan beýleki sahypa geçmek üçin, geçjek sahypanyň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, syçanyň çep düwmesini basmak ýeterlikdir.

MS Excelde her bir sahypasy ***tablisa*** görnüşinde bolup, onda 256 sütün we 65536-den köpräk setir bolup bilýär. Olaryň sanawy seniň ulanýan täze görnüşleriňe baglydyr. Setiriň beýikligi 409 nokatdyr. Her bir sütünde 0-dan 255 belgä çenli islendik sözler we sanlar, islendik tertipde ýazylyp bilner. MS Excel tablisanyň öýjügindäki maglumatlar bilen amallary ýerine ýetirýär. Amallar islendik setirlerdäki, sütündäki, sahypalardaky öýjüklerdäki maglumatlaryň üstünden amal edilip bilner.

MS Excelde *setirler* adaty onluk san tertibinde ekranyň

çepınde ýerleşýär. MS Excelde sütünler bolsa ış ekranyň ýokarysynda A B C D we ş.m. latyn ........, A-dan IV-çenli (ilki bilen A-dan Z-e çenli, soňra AA-dan AZ-e, soňra BA-dan BZ-e, tä IV-çenli) belgilenilendir, olary kursory sag setire geçirmek arkaly görüp bolar.

## I.3. MS Excelde salgylar, öýjükler, salgylanmalar

MS Excelde **salgylar** tablisanyň setiriniň we sütüniniň kesişýän ýerini hem-de sahypany görkezmek bilen berilýär. ***Mysal üçin,*** A1, A2, A3, B1, B2, B3, C1, C2, C3 ýazgylar tablisada öýjüklere salgylanmak aşakdaky görnüşde şekillendirilendir:

| | A | B | C |
|---|---|---|---|
| 1 | A1 | B1 | C1 |
| 2 | A2 | B2 | C2 |
| 3 | A3 | B3 | C3 |

**Formulalarda** öýjüklere salgylanjak bolsaňyz, salgylaryň arasynda "**,**" goýmaly, tutuş aralyga salgylanjak bolsaňyz, ilkinji öýjük bilen soňky öýjügiň arasyna "**:**" goýmaly. ***Mysal üçin:***

| Öýjükleriň bahasyny jemlejek bolsaň | Girizmeli |
|---|---|
|  | = сумм(b1:b3) |
|  | = сумм(a1:b2) |
|  | = сумм(a1:c2) |
|  | = сумм(a1,a3,c2) |

MS Excelde salgy bermek, salgylanmak formula bilen hasaplanylanda zerurdyr, ondaky **Вид** ýazgyny basanyňda, çykan sanawdaky şu setir ✓ Строка формул – şeýle görnüşe eýe bolmaly. Şonda MS Excelde formula ýazylýan setir çykýar:



= -ıň yzyndaky boş ýere kursory eltenimizde, onuň görnüşı şeýle bolýar:




= -iň yzyndaky boş ýere kursory eltip, = ýazsaň ýa-da kursoryň duran ýeriniň öňündäki = belgi basylan bolsa, onuň görnüşi formula ýazmaga taýýar bolar:




Bu ýerde ✓ – belgi ýazylan formula düzedişler girizilensoň basylýar, ✗ – belgi ýazylan düzedişleriň geregi ýok bolsa basylýar.

Eger faýl birnäçe sahypadan ybarat bolsa, onda ol ýazgydan öň sahypanyň adyny ýazyp, ýüzlenme belgisini goýmaly, mysal üçin **Sahypa2!D5**, ol **Sahypa2**-däki **D5** öýjügi aňladýar. Bu ýerde **Sahypa2** at başgaça hem bolup biler, onuň ady sahypa at berşiň bilen baglanyşyklydyr.

Formulalar bilen hasaplama işlerinde öýjüklere salgylanmak **otnositel** we **absolýut (üýtgemeýän)** ýagdaýda bolmagy zerurdyr. Eger setirde **öýjüge** salgylanmak üýtgemeýän bolsa, onda setiriň salgysyndan oň $ bellik goýmaly, mysal üçin **C$3.** Eger sütünde öýjüge salgylanmak üýtgemeýän bolsa, onda sütüniň salgysyndan öň $ bellik goýmaly, mysal üçin **$C2**. Eger şol bir öýjügiň salgysy setir we sütün boýunça üýtgemeýän bolsa, onda oňa **absolýut salgy** diýlip, **$C$3** görnüşde belgilenýär. Absolýut salgylanmalar hasaplama işde göterim almakda has giňden ulanylýar.

Öýjüge islendik sanlary we belgileri girizip bolýar. Sanlar senäni, wagty, göterimi, pullary we ş.m. aňladyp bilýär, sözler bolsa tablisanyň islendik ýerinde bolup bilýärler. Işiň gidişinde



Неподшитые заметки Стр.16

0-dan 9-a çenli sanlardan ybarat belgileri girizseňiz, Excel olary sanlar hökmünde kabul edýär. Şeýle sanlaryň içinde +, -, (, ), ,, **p.**, **%**, **.**, **/**, **E**, **e** – belgiler hem girizilse, Excel olary san hökmünde kabul edýär. Exceliň kadasyna görä, netijesi san bolan formula hem san ýaly kabul edilýär. Galan ýazgylar ýazgy hökmünde kabul edilýär.

Excele – **1E-307** sandan 9,99999999999999**E307** sana çenli islendik sany kabul edilen çäkde girizip bolar. ***Mysal üçin,*** sanlar **3,25**, **3,25%**, **3.25p**, **3 2/5**, **32,5E-1** ýa-da **3 250 325,25** görnüşlerde girizilip bilner.

Excelde salgylanmalar *formulalarda* ýa-da *buýruklarda* öýjükleriň salgysyny görkezmek üçin peýdalanylýar, olaryň belgilenmesine **operator** diýilýär. Ol operatorlar**:** (iki nokat) – göni iki başky we soňky öýjük aralygy, mysal üçin, **B2:B25**, (otur) ýa-da **;** (nokatly otur) – iki göni aralygy birleşdirmek, mysal üçin, СУММ(B2:B25,D2:D25) ýa-da СУММ(B2:B25;D2:D25) bu ýazgylaryň (,) ýa-da (;) bilen **tapawudy** Exceliň **wersiýasyna** baglydyr.

Excelde öýjükdäki ýazgy we san maglumatlaryň bilen her hili amallary ýerine ýetirmek üçin hem operatorlar (belgilemeler) bardyr:

**+ (goşmak);**
**- (aýyrmak);**
*** (köpeltmek);**
**/ (bölmek);**
**^ (derejä götermek);**
**% (göterim);**
**& (ampersand)** – söz bilen ýazylan ýazgylary goşmakda ulanylýar.

Bulardan başga-da, ulanylýan deňeşdirme operatorlary (belgilemeleri) bardyr:

**= (deň);**
**> (uly);**

**< (kiçi);**

**>= (uly ýa-da deň);**

**<= (kiçi ýa-da deň);**

**<> (deň däl).**

Excel tablisa hasaplama faýly bolany üçin, onda formulalar we funksiýalar giňden ulanylýar. Excelde adaty gündelik hasaplamalarda has köp ulanylýan taýýar funksiýalaryň sany **329**-a barabardyr, olardaky we täzeden döredilendäki funksiýalaryň argumentleriniň sany **30**-a deňdir. Biri-biriniň içine funksiýalaryň girmeginiň derejesi **7-ä** deňdir.

Excelde goýlan we ulanylýan sene 1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan 1999-njy ýylyň 31-nji dekabryna çenli aralygydyr. Iň uly wagt aralygy **9999:99:99** çägindedir.

Excelde buýruklar her hili görnüşlerde tablisadaky belli bir bölegini belgilemek bilen ekranyň aşaky we ýokarky etegindäki belgijiklere peýkamy eltip basmak arkaly ýa-da **Enteri** basmak bilen amal edilýär. Enteri basjak bolsaň, ilki bilen **Alt** ýa-da **F10** düwmeleri basyp, işe başlanylýar.

Iş ekranynynyň sagyndaky belginiň üstüne syçanyň peýkamyny, eltip basanyňda iş meýdany boýunça aşak, ýokary, şeýle hem şu belginiň üstüne peýkamy eltip aşak ýa-da ýokary süýreseň, iş ýeriniň islendik ýerine geçip bolýar, ýöne ol ýere ilki kursor barmalydyr.

Iş ekranynyň aşaky etegindäki belginiň işi hem iş ekranynda kursory çepe, saga we birbada syçanyň peýkamyny şunuň üstüne eltip şüýremek arkaly ýerine ýetirilýär. Şeýle işleri klawiaturadaky **Page Up**, **Page Down** hem-de ◄, ►, ▲, ▼ şu peýkamlaryň ugurlary görkezilen düwmeleri basmak bilen amal edip bolýar.

## I.4. MS Exceliň baş menýusy

MS Exceliň baş menýusy iş ekranynyň iň ýokarsyndaky setirde ýerleşip, şu şekildedir:




MS Excelde islendik işi şu ýazgylara basmak bilen amal edip bolýar. Bu ýazgylaryň her birine peýkamy eltip basanyňda, iş meýdanyndaky edilmeli işleriň birgiden sanawy, ol sanawdakylaryň käbirleriniň dowamy çykýar.




Mysal üçin, **Файл** ýazgysyny basanyňda, şeýle sanaw çykýar:

Onda MS Excelde faýllar bilen işlemegiň ýollary görkezilýär. Bu sanawyň iň aşaky setirindäki belligi basanyňda, sanawyň ýygnalyp, goýlan bölegi çykýar. Şu ýokarky sanawy azaldybam, onuň üstüne goşubam bolar. Onuň üçin **Сервис —>Настройка** geçmeli, şonda sanaw düzülýän şu penjire çykýar:



Penjiräniň çepinden esasy menýunyň sözleri, sagynda oňa degişli sanaw ýerleşdirilendir. Sagdaky sanawdan isläniňi saýlap alyp, esasy menýudaky söze degişli edip bolýar.

## I.5. MS Exceliň esasy gurallary

MS Exceliň esasy gurallary iş ekranynyň ýokarky gyrasyndaky esasy menýunyň ýanyndaky setirlerde we ekranyň aşaky gyrasynda ýerleşdirilýär. MS Exceliň esasy gurallarynyň toparlandyrylan sanawyny görmek üçin syçanyň peýkamyny iş ekranynyň ýokarky eteginiň islendik ýerine eltip, syçanyň sag düwmesiň basmak ýeterlikdir, şonda şu sanaw ekrana geler:




Bu sanawyň her birindäki iş gurallaryny ekranyň ýokarky ýa-da aşaky gyrasyna goýjak bolsaň, şol sözüň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, syçanyň sag ýa-da çep düwmesini basanyňda, onuň öňünde şeýle ✓ bellik goýlar, gurallaryň topary ekranda bolar. Ol gurallary ekrandan aýyrjak bolsaň, şeýle ✓ belgili setiriň üstüne peýkamy eltip, syçanyň islendik düwmesini basaýmaly.

### *I.5.1. MS Exceliň standart gurallary*

Sanawyň birinji ýerinde duran gurallar toplumyna **standart gurallar** diýilýär. Onuň görnüşi şeýledir:






Неподшитые заметки Стр.20

Bu gurallar bilen adaty ýerine ýetirilýän işler:

– täze kitap-faýl açmak,

– bar kitaplary-faýllary ekranda açmak,

– ekrandaky kitaby-faýly ýatda saklamak,

– ekrandaky kitaby-faýly çap etmek,

– ekrandaky ýazgyny çap bolunjak ýagdaýda görmek,

– öýjükdäki, şeýle hem, garaldylyp bölünip görkezilen ýerdäki maglumatlary kesip alyp, bufere goýmak;

– öýjükdäki, şeýle hem, garaldylyp bölünip görkezilen ýerdäki maglumatlaryň nusgasyny alyp, bufere goýmak;

– aýrylan ýa-da nusgasy alnan buferdäki maglumaty kursoryň duran ýerinden başlap goýmak;

– ýerine ýetiren işleri yzyna almak ýa-da yzyna alnan bolsa gerek ýeriňe gelmek;

– dürs ýazuwy ýerine ýetirmek;

– berlen formatda ýerleşdirmek;

– gipersalgylanmalary, başga ýerden faýllary goşmak;

– tablisada görkezilen setirlerdäki, sütünlerdäki, tutuş tablisadaky maglumatlary jemlemek;

– islendik derejedäki çylşyrymly funksiýanyň san aňlatmasyny ýa-da öýjük boýunça salgysyny ýazmak;

– görkezilen ýerdäki maglumatlary ösýän tertipde ýerleşdirmek;

– görkezilen ýerdäki maglumatlary kemelýän tertipde ýerleşdirmek;

– görkezilen ýerdäki maglumatlar boýunça her hili diagrammalar, grafikler gurmak;

– surat, çyzgy çyzmak gurallar toplumyny (Рисование) ekranyň aşaky gyrasyna çykarmak;

100% – işlenýän öýjüklere möçberler bermek, ony belgijigiň sagyndaky peýkamy basaňda çykýan sanawdan bermeli ýa-da göterimde isläniňi garalan ýere ýazyp bermeli.






Неподшитые заметки Стр.21

– ýumuşlarda ýüze çykan säwliklerde anyklamalar almak ýaly işler.

### *I.5.2. MS Exceliň format (çäk) bermek gurallary*

MS Exceliň iň esasy gurallarynyň biri çäk bermek toplum gurallarydyr.




Bu çäk bermek gurallary aşakdaky amallary ýerine ýetirýärler:

Times New Roman – ýazyljak we ýazylan ýazgylaryň ýazylyş görnüşlerini, onuň sagyndaky peýkamy basanyňdan soň çykan sanawdan bermeli;

12 ýazyljak we ýazylan ýazgylaryň möçberiniň ululygy berilýär;

Ж К Ч ýazyljak we ýazylan ýazgylaryň ýazylyşy berilýär, Ж basylsa goýy, К basylanda ýazgy gapdallaýyn ýazylýar, Ч basylanda aşagy çyzylan belgiler ýazylýar, olar utgaşdyrylyp, hemmesi bilelikde hem berlip bilner;

ýazyljak we ýazylan ýazgylaryň ýazylyşynyň öýjükde, öýjükler toplumynda sag we çep gyrasyna görä ýerleşdirilişini bermek, basylanda ýazgy öýjügiň çepinden ýazylyp başlanýar, oňa görä dogrulanýar, basanyňda ýazgy öýjügiň ortasyndan ýazylyp başlanýar we ýazgy iki gyra deň aralykda ýerleşdirilýär, basylanda ýazgy öýjügiň sagyndan ýazylyp başlanýar, oňa görä dogrulanýar;

bir topar belgilenen öýjüklere ýazgylary umumylaşdyryp, ýazylyp iki gyra görä ortaradan ýazylmagyny üpjün edýär;



Неподшитые заметки Стр.22

maliýe hasaplarda pul belgilerini ýa-da puluň gysgaltmalaryny bermek bolar;

% öýjükde ýazylan sany ýa-da hasaplanyp alnan sany göterimde aňladýar;

000 ,00 ,00 bu topar belgilemeler öýjükdäki sanlaryň drob bölegine ülüş berýär ýa-da berlen bolsa aýyrýar;

000 basylanda kursor duran öýjükdäki sanlaryň drob bölegini görkezýär;

,00 basylanda kursor duran öýjükdäki sanyň drob böleginiň ülüşini (näçe köp bassaň şonça) ulaldýar;

,00 basylanda kursor duran öýjükdäki sanyň drob böleginiň ülüşini (näçe köp bassaň şonça) kiçeldýär;

bu topar belgijikler kursor duran öýjüklere ýazgy ýazylanda, ýazgynyň öňündäki boşlugy (ak setiri) keseligine, möçberine ölçeg berýär;

basylanda (näçe köp bassaň şonça) kiçeldýär;

basylanda (näçe köp bassaň şonça) ulaldýar;

– kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň aşaky, ýokarky, çep we sag araçäklerini *her hili ýogynlykda we reňkde göni çyzyp* belgileýän gurallardyr, onuň sagyndaky peýkamjygy basanyňda, şeýle görnüş ekrana çykýar:




Bu belgileleriň her biri kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň şu ýerde görkezilen görnüşde araçäk berýär:

– hiç hili araçäk bermeýär, berlenem bolsa aýyrýar;

– aşagyny çyzýar;

– çep gapdaly çyzýar;

– kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň sag gapdalyny çyzýar;

– kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň aşagyna goşa çyzyk çyzýar;

- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň aşagyna ýogyn çyzyk çyzýar;
- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň aşagyna we ýokarsyna çyzyk çyzýar;
- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň aşagyna goşa çyzyk we ýokarsyna çyzyk çyzýar;
- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň aşagyna ýogyn çyzyk we ýokarsyna çyzyk çyzýar;
- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň hemme tarapyna, şol sanda *belgilenen* öýjükleriň aralaryna hem çyzyk çyzýar;
- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň çar tarapyna çyzyk çyzýar;




- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň çar tarapyna ýogyn çyzyk çyzýar.
- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň içine (düşegine) reňk berýär, beriljek reňkleriň görnüşini şu belginiň sagyndaky peýkamjygy basanyňyzda çykan penjireden saýlamaly:




- – kursor duran öýjügiň ýa-da *belgilenen* öýjükleriň içindäki ýazyljak we ýazylan ýazgylara reňk berýär, beriljek reňkleriň görnüşini şu belginiň sagyndaky peýkamjygy basanyňyzda çykan penjireden saýlamaly:

### *I.5.3. MS Excelde Visual programmirlemek gurallary*

MS Excelde Visual programmirlemek işi, esasanam, **Visual Basic** programmirleme dilinde amala aşyrylýar we ol diliň esasyrak gurallaryny ulanýar, onuň bilen her hili makroslary döredip bolýar. MS Excelde Visual



Неподшитые заметки Стр.24

programmirlemek bilen bu kompýuter maksatnamasynyň mümkinçiliklerini has hem artdyrýar, ulanyjynyň beýleki ulanyjylara meňzeş bolmadyk işlerini hem ýerine ýetirýär. Onuň gurallarynyň toplumy şulardyr:




Bu gurallaryň her birini açsak, oňa degişli penjireler we [illegible] **Visual Basic programmirleme** dilinden habarly bolmaly.

### *I.5.4. MS Excelde internet üçin Web sahypa döretmek gurallary*

Häzirkizaman maglumat ulgamlaryndaky tilsimatlar kompýuterara, edaraara, halkara derejesinde maglumat alyş-çalşygyny guramak esasynda guralandyr. Şeýle işi, MS Excelde döredilen islendik resminamany häzirki döwrüň has ygtybarly maglumat alşygyny guraýan Bütindünýä Internet kompýuter tory arkaly ibermegi gurap bolar, ony guramak üçin şu gurallar toplumy ulanylýar:




Bu gurallar toplumdaky her bir belgijik açylanda, özbaşdak penjire ýa-da gurallar toplumy açylýar we döreden hem-de döretjek resminamaňy internetdäki Web sahypanyň talabyna laýyk edip bezeýär.



Неподшитые заметки Стр.25

## *I.5.5. MS Excelde MS Officeniň mümkinçiliklerinde çeper bezemegiň WordArt gurallary*

MS Excelde MS Officeniň mümkinçiliklerinde çeper ... *WordArt* gurallary bilen ýerine ýetirilýär:




Şu şekiliň ýokarsyndan WordArtyň gurallary, aşaky eteginde onuň gurallary bilen bezelip ýazylan MS Excel sözi görkezilendir.

WordArtyň gurallarynyň her biriniň işleri aşakdakylardan ybaratdyr:

bassaň ýazjak ýazgyňyzyň ýazylyş ülňüsi çykýar, ondan geregiňi saýlap alyp, OK düwmesine basmaly, çykan penjirä ýazgyny ýazyp başlamaly.

Изменить текст... öň WordArtda ýazan ýazgyňy üýtgetjek bolsaň, şu ýazgyny basmaly, şonda ol ýazgy çykan penjirä geler, onsoň düzedip, OK düwmesine basmaly:

bu belgiň işi belginiňki ýalydyr;

belgini basmak bilen WordArtda ýazylan ýazgylara format berilýär, oňa basylanda çykan penjirede format bermek üçin şeýle ýazgylar Цвета и линии | Размер | Защита | Свойства | Web çykýar, olaryň degişlisini basmak bilen WordArtda ýazylanda reňk, çyzgy görnüşi, möçber, gorag, degişli häsiýetler, Web-sahypa hem goýmak işini ýerine ýetirip bolýar;




– WordArtda ýazylan ýazgylaryň ugruny, görnüşlerini berip bolar, ony basanyňda, şeýle ýazylyş görnüşleri çykýar:

Şu görnüşlerden birini saýlasaň, WordArtda ýazan ýazgyň görnüşi we ugry şol görnüşe eýe bolar;

WordArtda ýazylan ýazgylary töwerek boýunça aýlap bolar, onuň üçin ýazgy ýokardaky MS Excel görnüşe eýe bolup, daşlary dörtburçluklardan ybarat bolmaly;

belgini bassaň, WordArtda ýazylan ýazgylaryň şekillerini dikligi boýunça deňleýär;

belgini basanyňda, WordArtda ýazylan ýazgylar dikligine ýazylan bolsa keseligine, keseligine ýazylan bolsa dikligine dogrulaýar;

belgini basanyňda çykan penjiredäki sanawa görä WordArtda ýazylan ýazgylary gyradeňleşdirýär;

belgini basanyňda çykan penjiredäki sanawa görä WordArtda ýazylan ýazgylaryň belgileriniň, şekilleriniň aralaryny talaba laýyklykda düzleýär.

### *I.5.6. MS Excelde Windowsyň alyş-çalyş buferindäki maglumatlary görmek gurallary*

MS Excelde Windowsyň alyş-çalyş buferindäki maglumatlary görmek gurallary şeýle şekillendirilýär:




Onda soňky ýatda saklanan maglumatlar toplumlary Windowsyň işlenen kompýuter maksatnamalaryna görä ýerleşdirilýär, haýsy gerek bolsa ony saýlap alyp, ýazgyda ýerleşdirip bolar.

### *I.5.7. MS Excelde daşardan gelen maglumatlar bilen iş salyşmak gurallary*

MS Excelde daşardan gelen maglumatlar bilen iş salyşmak gurallary şu aşakdaky toplumda bolýar:






Неподшитые заметки Стр.27

## I.5.8. MS Excelde diagramma we grafik gurmak gurallary

MS Excelde diagramma we grafik gurmak gurallary san ýazylan öýjükleriň esasynda, olara degişli her hili görnüşdäki diagrammalary we grafikleri gurmak üçin niýetlenilendir, olaryň toplumy aşakda görkezilendir:




Bu toplumyň gurallarynyň iň soňky ikisinden başgasy san ýazylan öýjükler belgilenenden soňra işjeň ýagdaýa öwrülýärler, olar aşakdaky ýaly amal edilýär:

– belgiler öýjükde ýazylan sanlary, ýazgylary keseligine ugur berip ýerleşdirýär;

basylanda öýjükde, adatça, ýazylan ýazgy *çep ýokardan sag aşaga* ugrukdyrylyp ýazylýar;

basylanda öýjükde, adatça, ýazylan ýazgy *çep aşakdan sag ýokara* ugrukdyrylyp ýazylýar;




gurlan duagrammanyň böleklerini redaktirlemek üçin niýetlenilip, onda bölekleriň sanawy çykýar:

Haýsy bölek redaktirleniljek bolsa, oňa geçilende şol bölek belgilener.

– bu belgi belgide görkezilen diagramma ýa-da grafik bölegine format, şeýle hem beýleki işleri, ol penjiräniň gatlarynda berip ýerine ýetirip bolar;



– guruljak diagrammalaryň, grafikleriň görnüşlerini saýlap bolýar, peýkam bilen basylanda, ol görnüşleriň şeýle şekiljikleri çykýar:

Şu şekiljikleriň hem birnäçe görnüşleri bardyr, olaryň birini degişli belgijigi basanyňdan soň saýlap alyp bolýar;



Неподшитые заметки Стр.28

– guruljak diagramma, grafige ýa-da onuň bölegine ady ýok bolsa, at bermek, ady bar bolsa adyny täzelemek işini ýerine ýetirýär;

– maglumatlar tablisasyny görkezýär, ony diagrammany ulaltmak we kiçeltmek bilen görkezýär;

– tablisalardaky maglumatlary setir boýunça diagrammada görkezýär;

– tablisalardaky maglumatlary sütün boýunça diagrammada görkezýär.

### *I.5.9. MS Excelde şekilleri düzgüne salyş gurallary*

MS Excelde döredilen, oňa çagyrylyp goýlan şekilleri düzgüne salyş gurallar toplumy şulardan durýar:




Bu toplumdaky gurallar tutuşlygyna şekilleri redaktirlemegi amala aşyrýar, olaryň ýerine ýetirýän işleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– kompýuteriň ýadynda faýl edilip ýerleşdirilen şekilleri saýlap alyp goýmak işini amal edýär;

– diagrammadaky şekillere şekillendirýär, ol basylanda şeýle penjire çykýar:




Bu sanawyň iň ýokarkysy adaty ýagdaý bolup, galanlary diagrammanyň şekilini çalrak, reňksiz, düşeginiň reňkini üýtgedýär;

– şekiliň tutuklygyny ulaldýar;

– şekiliň tutuklygyny kiçeldýär;

– şekiliň açyklygyny ulaldýar;

– şekiliň açyklygyny garaldýar;

– şekiliň taraplaryndan gyradeň görkezilen ýeri kesip aýyrýar;

– görkezilen, belgilenen şekiliň daşyna çarçuwany, ony basyp çykan sanawdan birini saýlap alanyňdan soň çyzýar. Eger olar göwnüňe ýaramasa, ony basanyňda çykan penjiräniň iň aşaky setirindäki Другие линии ýazgyny basanyňda çykan penjireden saýlap almaly, penjirede oňa möçber berip bolar;

– belgini basanyňda, belgilenen şekile format berýär, ony basanyňda, çykan penjiräniň ýokarky setirindäki Цвета и линии | Размер | Рисунок | Защита | Свойства | Web – şu ýazgylaryň birini basanyňda, oňa degişli penjire açylýar, şekile gerek maglumatlar berip, OK düwmesine basylýar;

– MS Excelde goýan şekiliň belgilenen bolsa, düşeginiň reňkini agardýar;

– MS Excelde goýan şekiliň möçberleri üýtgedilen bolup belgilenen bolsa, şu belgijigi basanyňda, ony deslapky ýagdaýa getirýär.

### *I.5.10. MS Excelde maglumatlara düşündiriş bermek gurallary*

MS Exceldäki bir ýa-da birnäçe öýjükdäki maglumatlara *düşündiriş* bermek zerurlygy bar bolsa, ony şu gurallar toplumynda gurap, berip bolar:




MS Exceliň tablisasyndaky islendik öýjüklerine ýa-da olarda ýerleşdirilen maglumatlara düşündiriş bermek gerek bolsa, şu topar gurallarda berilýär, berlen düşündirişe üýtgeşmeler girizilýär, düşündirişler görner ýa-da görünmez ýaly ýerleşdirilýär, ol gurallaryň ýerine ýetirýän ýumuşlary aşakda beýan edilendir:

kursor duran öýjüge ýa-da belgilenen öýjükler toparyna şu belgini basanyňda, düşündiriş bermek üçin şeýle bellik

çykýar , onuň gapdalyndan bolsa düşündiriş ýazmak üçin dörtburçluk ýer çykýar, mysal üçin,




bu ýerde **2004-e** adaty ýyl diýip düşündiriş berdik, ýazyp bolanyňyzdan soň kursory ondan çykarmak ýeterlikdir;

– belgini basanyňda, kursoryň duran öýjüklerinden öňki öýjüklerdäki öň berlen düşündirişlere kursory geçirýär;

– belgini basanyňda, kursoryň duran öýjüklerinden soňky öýjüklerdäki öň berlen düşündirişlere kursory geçirýär;

– berlen düşündiriş görünýän bolsa, kursory düşündiriş berilýän öýjüge eltip şu belgini basanyňda, ol düşündiriş, adatça, kursory eltmeseň görünmeýär ýa-da tersine amaly ýerine ýetirýär;

– basanyňda ähli bar bolan düşündirişler görünýär ýa-da tersine görünýän bolsa ähli düşündirişler gizlenýär;

– kursoryň duran öýjügindäki ýa-da öýjükler toparyndaky bar bolan düşündirişleri aýyrýar;

– MS Excel tablisany elektron aragatnaşygy bilen baglaşdyrmaga ýumşy düzýär. Eger sizde elektron aragatnaşygy goýulmadyk bolsa, bu belgini basylanda kompýuteriň säginmegine we maglumatlaryň ýitip iş ekranyna dolanmagyna getirer;

– faýly täzeleýji ýumuş;

– elektron aragatnaşygy bilen ugrukdyrmagy sorap, çykan penjireden onuň görnüşlerinden birini saýlamaly bolýar.

### *I.5.11. MS Excelde suratlar, şekiller goýmak, çyzgylary çyzmak gurallary*

MS Excelde suratlar, şekiller goýmak, çyzgylary çyzmak işlerini amal edýän gurallar topary aşakdakylardyr;




Bu gurallar topary has köp ulanylýan gurallardyr, olar bilen islendik derejede bolan çylşyrymly resminamalar döredilýär we bezelýär, döredilenlere üýtgeşmeler girizilýär, olaryň amal edýän işleriniň beýany şeýleräkdir:




Действия guraly basanyňda goýlan şekile, şekiller toparyna aşakdaky sanawdaky hereketleri berýär:

Şekiller **Shift** düwme basylyp belgilenen bolsa, Группировать basanyňda toparlanýar; Разгруппировать basanyňda toparlanan bolsa her haýsy özbaşdak bolýar; Перегруппировать işjeň bolsa şekilleri täzeden toparlaýar;

Порядок bassaň, belgilenen şekili ýerleşdirmegiň tertibi çykýar:




На передний план basylanda, şekil beýleki şekilleriň üstünde ýerleşýär;

На задний план basylanda, şekil beýleki şekilleriň yzynda ýerleşýär;

Переместить вперед basylanda, şekil beýleki şekiliň üstünde ýerleşdirilýär;

Переместить назад basylanda, şekil beýleki şekilleriň arkasynda ýerleşedirilýär;

Привязать ýazga baryp basylanda, sagyndan çykan sanawdan – Привязать к сетке; Привязать к фигуре;

Сдвиг – ýazga baryp basanyňda, sagyndan çykan sanawdan:

Вверх basanyňda, belgilenen şekil azajyk ýokary süýşýär;



basanyňda, belgilenen şekil azajyk aşak süýşýär;



basanyňda, belgilenen şekil azajyk çepe süýşýär;



basanyňda, belgilenen şekil azajyk saga süýşýär;

 şekilleri, obýektleri saýlaýar;

 belgilenen şekili, toparlanan şekilleri islegiňe görä öwürýär;



basanyňda, onda MS Excele her hili gerek şekilleriň kiçijik görňüşleriniň toplumynyň sanawy sagdan çykýar:



basanyňda, sagyndan çykan şu şekilleriň görnüşi çykýar  olardan birini saýlap alsak, peýkamyň ujy + görnüşe eýe bolup, haýsy ýere eltip, syçanyň çep düwmesini basyp çekip ugramaly;






basanyňda, onuň sagyndan şekilleri birikdirmekde ulanylynyp bilinjek birikdirijileriň şu görnüşleri  çykýar, ondan gerekliňi saýlamaly;





basanyňda, onuň sagyndan geometrik we beýleki esasy köp ulanylýan şu şekilleriň toplumy çykýar:

Bulardan birini saýlap alyp, MS Excelde ýerleşdirseň bolýar;



basanyňda, kompýuter maksatnamalaryň algoritminiň blok-çyzgysyny düzmekde has köp ulanylýan şekilleriň şu toplumy, onuň sagyndan çykýar:



Bulardan birini saýlap alyp, MS Excelde ýa-da beýleki maksatnamalar bilen işlenilýän faýllara ýerleşdirip bolýar;





basanyňda, onuň sagyndan her hili görnüşli ýyldyzjyklaryň we zolaklaryň şu aşakdaky toplumy çykar:

Bulardan birini saýlap alyp, MS Excelde ýa-da beýleki maksatnamalar bilen işlenilýän faýllara ýerleşdirip bolýar;





– basanyňda, onuň sagyndan tablisadaky maglumata, goýlan şekillere, olaryň gapdalyndan düşündiriş ýazmak üçin ýazylyşyň her hili görnüşi çykýar:

Gapdaldan düşündiriş




Bu toplumdan birini saýlap alyp, syçanyň peýkamyny düşündiriş berjek ýeriň gapdalynda ýerleşdirip, içine düşündiriş ýazmak ýeterlikdir, mysal üçin, ýokarky toplumyň çepinden "Gapdaldan düşündiriş" diýip ýazdyk;



basanyňda, aýratyn penjire açylýar, ondan tablisa kompýuteriň şekiller ulgamlary bolan faýllardan bar bolan görnüşleri goýup bolýar, onuň görnüşi şeýledir:



Ýokarky görnüşlerden birini saýlamaly, onuň sagyndan çykan aşak inderilen peýkamly şekili basmaly, ondan soň şu penjiräniň sag ýokarsyndaky **x** belligi basyp, ondan çykmaly, şonda gerekli şekil ekranda peýda bolýar;

basanyňda, ekranda islendik görkezen ýeriňden çyzyk çyzýar, **Shifti** basyp çekseň, çyzygyň göni çyzyk bolar;

basanyňda, ekranda islendik görkezen ýeriňden ujy peýkamly çyzyk çyzýar, **Shifti** basyp çekseň, *çyzygyň göni çyzyk* bolýar;

basanyňda, ekranyň islendik görkezen ýeriňden dörtburçluk çyzýar, **Shifti** basyp çekseň, **gönüburçly deňtaraply dörtburçluk** çyzýar;

basanyňda, ekranda islendik görkezen ýeriňden elipsi çyzýar, **Shift** basyp çekseň *tegelek* çyzgyny çyzýar;

**Bellik:** Ýokarky şekilleriň **içine** *hat ýazjak, şekil goýjak* bolsaň, olary belgilemeli, ondan soň syçanyň sag düwmesini basyp, çykan sanawdan **Добавить текст** ýazgyny basyp, bu işleri amal edip bolýar.

basanyňda, ekranda islendik görkezen ýeriňden içine *birbada hat ýazylýan* dörtburçluk çyzýar;

WordArt gurallar bilen işlemegiň düzgünine öň seredip geçipdik;

Windowsyň mümkinçiliklerinde şekilleriň toplumyny çagyryp, ony ekrana *goýmak* belgisi basylanda, şu penjire açylýar:

Ýokarky görnüşlerden birini saýlamaly, onuň sagyndan çykan *aşak inderilen peýkamly şekili* basmaly, ondan soň şu penjiräniň *sag ýokarsyndaky* **x** belligi basyp, ondan çykmaly, şonda gerekli şekiliň ekranda peýda bolýar;

şu gurallar toplumy bilen alnan, *belgilenen* şekilleriň içine, düşegine reňk berýär, reňkleri saýlap almak üçin belginiň sagyndaky peýkamjygy basmaly, çykan reňklerden birini saýlap,

oňa syçanyň peýkamyny eltip basmaly, şonda belgilenen ýer şol reňkde bolýar;




şu gurallar toplumy bilen alnan, *belgilenen* şekilleriň daşyna, çarçuwasyna reňk berýär, reňkleri saýlap almak üçin belginiň sagyndaky peýkamjygy basmaly, çykan reňklerden birini saýlap, oňa syçanyň peýkamyny eltip basmaly, şonda belgilenen ýeriň çarçuwasy şol reňkde bolýar;

**A** - şu gurallar toplumy bilen alnan, *belgilenen* şekilleriň içindäki ýazylan ýa-da ýazyljak ýazgylara reňk berýär, reňkleri saýlap almak üçin belginiň sagyndaky peýkamjygy basmaly, çykan reňklerden birini saýlap, oňa syçanyň peýkamyny eltip basmaly;

≡ belgi şu gurallar toplumy bilen alnan, belgilenen şekilleriň daşynyň, çarçuwasynyň *üznüksiz* çyzygyna *in, ýogynlyk* berýär, ony basanyňda şol *iniň* görnüşleri çykýar, geregiňi saýlap almaly;

belgi şu gurallar toplumy bilen alnan, belgilenen şekilleriň daşynyň, çarçuwasynyň *üznüksiz* çyzygyna *ini, ýogynlygy üzlem-saplam* berýär, ony basanyňda şol *üzlem-saplam iniň* görnüşleri çykýar, geregiňi ondan saýlap almaly;

belgi şu belgiler , bilen çyzylan, belgilenen çyzgylaryň ujuna peýkam berýär, ony basanyňdan soň çykan görnüşlerden birini saýlamaly, şonda belgilenen çyzyk şol saýlan görnüşiňe gelýär;

belgi şu gurallar toplumy bilen ýa-da onuň bilen ylalaşykly belgilenen şekilleriň daşynyň, çarçuwasynyň *üznüksiz* çyzygyna *kölege* berýär, ony basanyňda, şol *kölegeleri saýlamaly*, şeýle görnüşleri çykýar:




Bu görnüşlerden birini saýlamaly, iň aşakdaky **Настройка тени…** ýazgyny basyp, çykan penjireden kölegäni düzläp bolýar hem-de şu açylan penjiräniň sagyndaky iň soňky belginiň peýkamjygyna basyp, kölegä reňk berip bolýar;

belgi, şu gurallar toplumy ýa-da onuň bilen ylalaşykly belgilenen şekile *göwrüm kölege* berýär, ony bassaň *saýlanmaly* şol *göwrümleriň* şeýle görnüşleri ýüze çykýar:



Bu görnüşlerden birini saýlamaly, kölege göwrüminiň görnüşleriniň iň aşakdaky **Настройка объема...** ýazgyny basyp, çykan penjireden kölegäni düzläbem, aýlabam bolar hem-de şol açylan penjiräniň sagyndaky iň soňky belginiň peýkamjygyna basyp, göwrümiň kölegesine reňk hem berip bolýar.

### *I.5.12. MS Excelde çylşyrymly tablisalary, resminamalary döretmek gurallary*

MS Excelde çylşyrymly tablisalary, resminamalary döretmek üçin **Сводные таблицы, Элементы управления, Формы** gurallar toplumlary ulanylýar. Olaryň her biriniň gurallar toplumlary aşakda getirilendir, olary ulanmak üçin Visual programmirlemeden az-kem tanyşlygyň bolmaly:




## I.6. MS Excelde döredilen resminamalary, tablisalary çap etmek

MS Excelde çap etmek üçin mümkin bolan basylmaly belgilemeleriň, ýazgylaryň görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr:

1. 🖶 basmak bilen, kompýuterde öň goýlan möçberde gönüden-göni çap etmek işi başlanýar, ol ulanyjy üçin kesgitsiz ýagdaýdyr.

2. Baş menýudaky **Файл** ýazga baryp, ony açyp, çykan sanawdan 

setiri basmaly.

3. Klawiaturadan Ctrl+P düwmeleri bilelikde basmaly.

Ýokarky görkezilenlerden 2 we 3 sanawy basanymyzda, aşakdaky çapa degişli berilmeleri görkezmek penjiresi ekrana geler:




Bu penjirede çapa gerekli maglumatlary bermeli, soňra OK basmaly.

Çap ediljek sahypanyň dikligine ýa-da keseligine bolmalysyny, çap ediljek meýdandaky kagyzyň çar tarapyna görä ölçeglerini baş menýudaky **Файл** ýazga girip, ondan çykan sanawdan **Параметры страницы** ýazgyny açanyňda, çykan şu penjireden bermeli:

Kagyzdaky maglumatlaryň ini kiçi, dikliginde çap bolmaly bolsa, bu penjirede **книжная** belginiň öňüne bellik etmeli, keseligine bolsa **альбомная** ýazgynyň öňünde bellik bolmaly.




Çap kagyzda bolmaly maglumatlaryň, onuň gyrasyna görä çäkleri, ýokarky penjiräniň **Поля** gatyny açanyňda çykan şu penjirede bermeli:



Degişli ölçegleri görkezilen penjirejikde ýazyp ýa-da onuň sagyndaky ⇳ peýkamjyklary azaltmak üçin aşagyny, köpeltmek üçin ýokarkysyny basyp berip bolar.

MS Excelde döredilen resminamalary, tablisalary çap etmek işi MS Worda görä çylşyrymlyrakdyr, sebäbi elektron tablisalaryň möçberiniň çägi ýok diýen ýalydyr. Bu ýerde çap etmek işleriniň öz yzygiderliligi bardyr, ilki bilen taýýarlanylan tablisanyň haýsy böleginiň çapa çykarylmalydygy görkezilmeli.

MS Excel kompýuter maksatnamasynda çap ediljek maglumatlaryň özboluşly tertibi bardyr, ony çap etmezden ozal amal etmek zerurdyr. Bu tertip çap edilmeli maglumatlara, resminamalara bildirilýän talaplardan gelip çykýar. Çap edilmäge täsir edýän zerur işleri aşakdaky tertipde ýerine ýetirmeli:

Çap edilmezden *öň elektron sahypa* seretmeli. Elektron sahypa seretmegiň we ony teptiplemegiň üç görnüşi bardyr:

- ❑ **Adaty düzgün.** Edýän işiňi ekranda tertipleşdirmek.
- ❑ **Çap etmezden öň seretmek.** Çap ediljek sahypany görüp, setirleri we sütünleri tertipleşdirip bolýar.
- ❑ **Sahypalara bölüşdirmek düzgüni.** Onda sahypalar boýunça maglumatlaryň ýerleşdirilişini görüp, çap ediljek ýeri we sahypalaryň bölünýän ýerini düzedip bolar.

Iş edilýän wagty ýokarky düzgünleriň birinden beýlekisine geçip, çap işleri düzedip bolar.

Umuman, çap edilmeli işleriň tertibi şeýledir:

- ❑ *Çap ediljek sahypany ekranda formatlaşdyrmaly;*
- ❑ *Çap ediljek sahypalara kolontitul (birnäçe sahypanyň ýokarsyna, aşagyna umumy ady) bermeli;*
- ❑ *Çap ediljek her sahypada tablisanyň ýokarky rekwizitleriniň gaýtalanmagyny görkezmeli;*
- ❑ *Çap ediljek maketi üýtgetmeli;*
- ❑ *Çap edilmezden öň seredip görmeli, meýdanlary düzlemeli;*
- ❑ *Sahypalaryň bölünýän ýerini barlamaly.*

Çap ediljek elektron sahypanyň böleginiň formaty we maketi ekranda gowy görünse-de, çapda anyk bolmazlygy mümkin, mysal üçin, resminamanyň käbir bölegi reňkli bolup, ony adaty printerde çap edeniňde anyk bolmazlygy şeýleräk netijäni berer.

MS Excelde ýygnalan elektron sahypany çap ediljek möçberde sahypalarda görmek we düzlemek üçin:

. . . . . . . . . . . . . . **Вид** ýazga girmeli.

2. Ony açanyňda çykan sanawdan Разметка страницы setiri basmaly, şonda ekrana şeýle düşündiriş çykar:




Eger bu düşündiriş gerek bolmasa, penjiredäki akja dörtburçluga bellik etmeli, iki ýagdaýda hem OK basmaly, ekranda şeýle görnüş emele gelýär:




| | D | E | G | H | I | J | K |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 0 | | Gökönümler | | | 0 | |
| 6 | 67 | | hyýar | 128 | 6 | 67 | |
| 4 | 142,5 | | tomatlar | 281 | 4 | 142,5 | |
| | 0 | | Miweler | | | 0 | |
| 6 | 11698,5 | | sitrit | 19381 | 4016 | 11698,5 | |
| 6 | 7416,5 | | alma | 10617 | 4216 | 7416,5 | |
| 5 | 18929,5 | | Kartoşka | 21614 | 16245 | 18929,5 | |
| 6 | | | Umumi | 125,5 | 16 | | |

Ekrana gelen elektron sahypa böleklerini adaty sahypada bolmalysyny göwnejaý etmek üçin syçanyň peýkamyny sütüniň ýa-da setiriň başyna eltip çykan şeýle bellik bilen süýräp, bir çap ediljek sahypadan beýlekisine geçip bolar.

Çap ediljek elektron sahypanyň keseligine we gapdallygyna formatlary aşakdaky ýerlerden berip bolýar;

Keseligine sütüniň inini, söz bölünmesi ✛ şu belgidäki peýkamlaryň ugry boýunça süýremek bilen bermeli:




Elektron sahypadaky çap ediljek sahypalaryň bölünen ýerini görmek üçin baş menýudaky **Вид** bölüme girmeli, çykan sanawdan **Разметка страницы** ýazgysyna geçmeli, şonda gol bilen goýlan aralyk üznüksiz, kompýuteriň goýany üzlem-saplam görner.

Gara-ak, bir reňkde çap etmegiň ýzygiderliligi:

1. Exceliň elektron sahypasyny saýlamaly.

2. Baş menýudaky **Файл** bölüme girmeli, çykan sanawdan **Параметры страницы** geçmeli, ony açanyňda çykan penjireden **Лист** gaty saýlamaly.

3. Penjirede **Черно-белая** ýazylan ýeriň öňüne bellik etmeli.

Saýlanan sahypa çap edilende, onuň sütünleri we setirleri beýleki sahypalara geçmez ýaly, onuň ölçeglerini inini we dikligini saýlamaly, ol işi aşakdaky yzygiderlilikde amal etmeli:

1. Baş menýudaky **Файл** bölüme girmeli, çykan sanawdan **Параметры страницы** – geçmeli.

2. Ony açyp, **Страница** gatyna geçmeli.

3. **Разместить не более чем на** ýazgyda bellik etmeli.

4. **Страницах в ширину** we **страницах в высоту** meýdanlara 1 ýazmaly, ikinji meýdandan sanlary aýyrmaly.

*Exceliň elektron sahypasyny berlen çap sahypalarda çap etmegiň ýzygiderliligi:*

1. Exceliň elektron sahypasyny saýlamaly.

2. Baş menýudaky **Файл** bölüme girmeli, çykan sanawdan **Параметры страницы** geçmeli.

3. Ony açyp, **Страница** gatyna geçmeli.

4. Ondan **Разместить не более чем на** ýazgyny saýlamaly.

5. Çap ediljek resminama sygar ýaly sahypanyň sanyny girizmeli.

## I.7. MS Excelde öýjüklere, setirlere, sütünlere format (çäk) bermek

MS Excelde öýjüklere format bermek işi iň bir köp ýerine ýetirilmeli amallardyr, sebäbi islendik maglumat öýjükde ýazylandyr. Öýjüge ýazylmaly ýazgynyň, maglumatyň öz berlişi bolmaly, ony ýazgy ýazmazyňyzdan öň ýa-da ýazgy ýazanyňyzdan soň, şeýle-de, hasap-hesip işlerde hem berip bilersiňiz.



Kursor duran öýjüge ýa-da belgilenen öýjükler toparyna [illegible] **Формат ▸ Ячейки... Ctrl+I** girmeli ýa-da şol kursoryň duran ýerinde, şeýle hem, belgilenen ýerdäki peýkama syçanyň sag düwmesini basanyňda, çykan sanawdan **Формат ячеек...** ýazgyny basanymyzda, aşakdaky penjire çykýar:

Bu penjiräniň **Число** gatynyň agaryp duran ýerindäki sanawda öýjügiň alyp biläýjek formatlarynyň ady görkezilendir.

Bu ýerde öň formaty **Общий** bolanda, ondaky ýazgy adaty bolup, ol ýerde islendik görnüşli maglumatlar bolup biler.

Sanawyň **Числовой** setirine barsak, şeýle penjire açylar:




Bu ýerde öýjükdäki ýazylanyň san bolmalydygy görkezilýär, sanyň drob böleginiň ülüşi **Число десятичных знаков:** ýazgydan soň berilýär.

Sanawyň **Денежный** setirine baranymyzda, şeýle penjire açylýar:




Bu ýerde öýjükdäki pul ululyklara format berýär, drob bölegininň paýlanyşyny görkezýär, **Обозначение:** ýazgynyň etegindäki ▾ belgini açyp, Microsoft kodlama ulgamyndan özündäki puluň kod belgisini berip bolar, **mysal üçin,** MNT ýazgyny Türkmenistan döwletiniň pulunyň belgisi hökmünde kabul etmek ýerliklidir.

Sanawyň **Финансовый** setirine baranymyzda hem, edil ýokarky penjire ýaly gat açylýar we şol bir maglumatlar berilýär.

Sanawyň **Дата** setirine baranymyzda, şeýle penjire açylýar:

Bu ýerde goýulmaly senäniň formaty görkezilýär, onuň sagyndaky sanawda sene üçin görnüşleriň sanawyndan birini saýlamaly, OK basmaly.

Sanawyň **Время** gaty hem edil **Дата** gaty ýaly bolup, ondaky sag penjirede wagtyň ýazylyşynyň, şeýle hem sene bilen wagtyň birlikde ýazylyşynyň sanawy bardyr, olardan birini saýlap öýjüge goýmak ýeterlikdir.




Sanawyň **Процентный** setirine baranymyzda, şeýle penjire açylýar:






Bu gatda berilmeleri görkezsek, öýjükdäki sanlar göterim görnüşe %-belgili sana öwrülýär, onuň sagyndaky ýerden göterimiň drob bölegini berip bolar.

Sanawyň **(все форматы)** setirine basyp çykan penjiräniň sagyndaky aşagy sanawly (**Тип** – ýazylan bölekde) setirden öýjük üçin gerek formaty özüňiz hem berip bilersiňiz:

### *I.7.1. MS Excelde öýjüklerdäki, setirlerdäki, sütünlerdäki ýazgylary gyradeňlemek we ugur bermek*

MS Excelde öýjüklerdäki, setirlerdäki, sütünlerdäki ýazgylary gyradeňlemek işi hem format bermek işlerine degişli bolup, ol işi amal etmek üçin haýsam bolsa bir öýjükde kursor durmaly ýa-da öýjükler topary belgilenen bolmaly. Ondan soň Baş menýudaky **Формат ▸ Ячейки... Ctrl+l** girmeli ýa-da şol kursoryň duran ýerinde, şeýle hem bölünen ýerdäki peýkama, syçanyň sag düwmesini basanyňda çykan sanawdan **Формат ячеек...** ýazgyny basmaly, çykan penjireden **Выравнивание** gaty açanymyzda aşakdaky penjire çykýar:




Bu ýerde öýjüge ýazylan maglumatlary *keseligine* gyradeňlemek, **по горизонтали** ýazgynyň aşagyndaky reňkli




penjirejikden bermeli, onuň bahasyny saýlamak üçin penjirejigiň sagyndaky ▾ belgini basyp, çykan şu sanawdan geregiňi saýlap almaly.

Öýjüge ýazylan maglumatlary *dikligine* gyradeňlemek, **по вертикали** ýazgynyň aşagyndaky reňkli penjirejikden bermeli, onuň bahasyny saýlamak üçin penjirejigiň sagyndaky ▾ belgini basyp çykan şu:




sanawdan geregiňi saýlap bermeli. Öýjüge ýazylan ýa-da ýazylmaly maglumat ýokardan bolsa, **по верхнему краю,** ortadan bolsa **по центру,** iň aşakdan bolsa **по нижнему краю,** ýazylyşyň möçberi boýunça bolsa **по высоте** ýazgyny basmaly.

Öýjükde ýazylan ýazgylaryň öňünde boş ýer goýmaly bolsa, onuň möçberiniň san bahasyny şu ýerden  sagdaky ▾, ▴ belgileri basyp berilýär.

Öýjüge ýazylan ýa-da ýazylmaly maglumatlaryň ***ugruny,*** şu penjiräniň sagyndaky **Ориентация** bölekden berip bolar, onuň üçin **Надпись** ýazgynyň üstüne sýçanyň peýkamyny eltip, gerek ugruňa süýräp eltäýmeli. Ugruň gradusdaky san bahalary belli bolsa **градусов** ýazgynyň öňündäki ýerden hem ▾, ▴ belgileri basyp bermek bolar.

### *I.7.2. MS Excelde öýjüklerdäki, setirlerdäki, sütünlerdäki ýazgylara şriftleriň görnüşlerini, indeksleri, möçberleri, reňkleri bermek*

MS Excelde öýjüklerdäki, setirlerdäki, sütünlerdäki ýazgylary *şriftleriň görnüşlerini, indeksleri, möçberleri, reňkleri* bermek işi hem format bermek işlerine degişli

bolup, ol işi amal etmek üçin haýsam bolsa bir öýjükde kursor durmaly ýa-da öýjükler topary belgilenen bolmaly. .......... **Формат ▸ Ячейки... Ctrl+1** girmeli ýa-da şol kursoryň duran ýerinde, şeýle hem bölünen ýerde peýkam bolanda, syçanyň sag düwmesini basanyňda çykan sanawdan **Формат ячеек...** ýazgyny basmaly, çykan penjireden **Шрифт** gaty açanymyzda, aşakdaky penjire çykýar:




Saýlanmaly şrifti **Шрифт** ýazgynyň aşagyndaky zolakdan ▲, ▼ belgileri basyp çykan sanawdan saýlap almaly. Ýazgylaryň adaty, gapdallaýyn, ýarymgoýy, ýarymgoýy gapdallaýyn görnüşlerini **Начертание**: ýazgynyň aşagyndaky penjirejikden saýlap almaly, ýazgynyň möçberi **Размер**: penjirejikden saýlanyp alynmaly ýa-da san bahasyny ol ýere ýazmaly. Ýazylyşyň görnüşini **Эффекты** bölekden bermeli; ýazgynyň üsti çyzylmaly bolsa **зачеркнутый,** ýazgy ýokarky indeks bolsa **верхний индекс,** ýazgy aşaky indeks bolsa – **нижний индекс** ýazgyny basmaly.

Ýazgynyň reňki **Цвет:** ýazylan bölekden ▼ basanyňda

çykan reňklerden birini bermek bilen saýlanyp berilýär. Adaty ýagdaýda ol ýerde **Авто** ýazgy bolar.

### *I.7.3. MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna araçäk çyzygyny, çyzyklara möçber we reňk bermek*

MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna *araçäk* çyzygyny, **çyzyklara möçber** we **reňk** bermek işi hem format bermek işlerine degişli bolup, ol işi amal etmek üçin haýsam bolsa bir öýjükde kursor durmaly ýa-da öýjükler topary belgilenen bolmaly. Ondan soň baş menýudaky **Формат ▸ Ячейки... Ctrl+l** girmeli ýa-da şol kursoryň duran ýerinde, şeýle hem bölünen ýerdäki peýkama syçanyň sag düwmesini basanyňda çykan sanawdan **Формат ячеек...** ýazgyny basmaly, çykan penjireden **Граница** gaty açanymyzda aşakdaky penjire çykýar:




Bu ýerde öýjügiň ýa-da öýjükler toparynyň arasynda bolmaly araçäkleriň görnüşi tutuşlaýyn **Все** bölekde, bölekleýin **Отдельные** bölekde berilýär. Araçäkleriň *çyzgylarynyň* görnüşleri **Линия** bölekdäki çyzgylara



Неподшитые заметки Стр.51

syçanyň peýkamyny eltip basmak bilen berilýär. Çyzgylaryň reňki **цвет:** ýazgynyň penjirejiginiň sagyndaky ▾ belligi basanyňda, çykan reňklerden birini saýlamak bilen berilýär.

### *I.7.4. MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna reňkli düşek bermek*

MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna *reňkli düşek* bermek işi hem format bermek işlerine degişli bolup, ol işi amal etmek üçin haýsam bolsa bir öýjükde kursor durmaly ýa-da öýjükler topary belgilenen bolmaly. Ondan soň baş menýudaky **Формат ▸ Ячейки... Ctrl+I** girmeli ýa-da şol kursoryň duran ýerinde, şeýle hem, bölünen ýerdäki peýkama syçanyň sag düwmesini basanyňda çykan sanawdan **Формат ячеек...** ýazgyny basmaly, çykan penjireden **Вид** gaty açanymyzda, aşakdaky penjire çykýar:




Bu ýerde öýjügiň, öýjükler toparynyň **düşegine** reňk bermek üçin **Цвет**: bölekdäki reňklerden birini saýlamaly.

Eger bu berlen reňklere her hili öwüşgünli çyzyklar bermek gerek bolsa, **Узор:** ýazgynyň sagyndaky ▾ belligi basyp, çykan penjiräniň ýokarsyndan berip bolar.

### *I.7.5. MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna gorag bermek*

MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna ***gorag*** bermek işi hem format bermek işlerine degişli bolup, ol işi amal etmek üçin haýsam bolsa bir öýjükde kursor durmaly ýa-da öýjükler topary belgilenen bolmaly. Ondan soň baş menýudaky **Формат ▸ Ячейки... Ctrl+1** girmeli ýa-da şol kursoryň duran ýerinde, şeýle hem, bölünen ýerdäki peýkama syçanyň sag düwmesini basanyňda çykan sanawdan **Формат ячеек...** ýazgyny basmaly, çykan penjireden **Защита** gaty açanymyzda, aşakdaky penjire çykýar:




Bu ýerde öňki maglumatlar we ondaky her hili görnüşler ýazylan formulalar tutuş sahypa goralandan soň, **Защищаемая ячейка** we **Скрыть формулы** ýazgylaryň öňüne bellik edenimizden soň amal bolýar.

## I.8. MS Excelde maliýe görkezijilerini hasaplamagyň tilsimaty

### *I.8.1. Görkezilen döwürde emlägiň öwezini dolmagy hasaplamak (АМГД)*

**Hasap formulasynyň ýazylyşy:**

**АМГД (Başlangyç nyrh; Galan nyrh; Ulanylan wagty; Döwür)**

**Bu ýerde:**

**Başlangyç nyrh** (**Bn**) – emlägiň başlangyç nyrhy.

**Galan nyrh** (**Gn**) – öwezini dolmanyň soňunda emlägiň galan nyrhy.

**Ulanylan wagty** (**Uw**) – emlägiň öwezini dolmasynyň döwrüniň mukdary.

**Döwür** (**D**) – ol öwezini doly tutmasynyň birliginde bolmaly.

Hasaplaşyk formulasynyň aňlatmasy

**АМГД (ÖDGD)=(Bn-Gn)(Uw-D+1)/Uw(Uw+1)**

MS Excelde hasaplamagyň yzygiderliligi aşakdaky tertipdedir:

1. MS Exceli çagyryp, onda hasaplanyljak maglumatlaryna degişli sütünlere girizmeli.

2. Hasaplanyljak öýjügiň funksiýasynyň ýerine kursory eltip goýmaly.

3. Formula setirdäki "=" belgilere basmaly.

4. Formula setiriň çepindäki € basmaly.

5. Açylan penjiredäki sanawdan hasaplanyljak funksiýanyň belgisi bar bolsa, ony basmaly, ol ýok bolsa, **Другие функции...** ýazgyny basmaly.

6. Çykan penjiredäki **Категория:** bölekden **Финансовые** ýazga geçmeli, penjiräniň sagyndaky **Функция:** bölegindäki sanawdan gerek maliýe funksiýany saýlamaly, soňra OK basmaly.

7. Çykan şu penjiredäki rekwizitleriň san bahalaryny MS Exceldäki degişli setiriň sütünlerine syçanyň kursoryny eltip basmak arkaly, ýagny salgysyny bermek bilen girizmeli, onuň görnüşi şeýledir:




**Bellik:**

1. Bu penjiräni tablisanyň islendik ýerine eltip bolar, şonda rekwizitdäki sanlaryň salgysyny onuň üstüne, syçanyň çep düwmesini basyp berip bolar.

2. Bu ýerde berlen rekwizitleriň bahalary talap edilýän şol bir birliklerde berilmeli.

3. Hasaplanan maliýe görkezijiniň pul birliginiň belgisini MS Exceliň baş menýundaky **Формат** ýazga baryp **Ячейки...** ýazgyny basanymyzda çykan şu penjirede bermeli. Pul birliginiň islendik belgisini saýlap alyp bolýar, ol deslapky girizilen maglumatlaryň pul birligine baglydyr. Degişli pul birligini saýlap OK basmaly. Aşakda türkmen manadynyň goýluşynyň adaty ýagdaýyny görkezdik, hakyky türkmen

manadynyň birligi **Microsoft** firma tarapyndan goýlany **TMM** ýazgydyr.




4. Girizilmeli rekwizitleriň bahalarynyň gönüden-göni san bahalaryny berseňem bolýar, ony formula setirden proseduranyň içinde ýazmak bolýar.

5. Şu maliýe funksiýa bilen, ýene-de birnäçe hasaplamaly setir bar bolsa, oňa deslapky maglumatlar girizilen bolsa (*Mysal üçin,* D7-D11, E7-E11, F7-E11, G7-G11 öýjüklerde), onda öňki setirde hasaplanan funksiýanyň bahasynyň üstüne kursory eltsek, syçanyň peýkamyny şol öýjügiň sag aşagyna eltsek, syçanyň peýkamy şeýle **+** – görnüşe eýe bolýar, şonda syçanyň çep düwmesini basyp, aşak *maglumatly setir* gutarýança *süýremek* ýeterlikdir.

***Hasaplanan mysal:***

Kärhana awtomobil ulagyny 30000000 mnt hyrhdan satyn aldy, onuň ulanylyş döwri 10 ýyl, ondan soň galan hyrhy



Неподшитые заметки Стр.56

2000000 mnt boldy, onda ýyllyk öwez dolmasy 10-njy ýyl 509090.91 mnt, 9-njy ýyl 1018181.82 mnt bolýar we şeýle dowam etdirilýär. Ýokarky görkezilen tilsimatda hasaplamalar aşakdaky şekilde getirilendir.



H6 = =АМГД(D6;E6;F6;G6)

yoz13.01.04

| | D | E | F | G | H |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Görkezilen döwürde emläge öwez dolmasyny hasaplamak | | | | |
| 2 | Başlangyç nyrh(Bn) | Galan nyrh(Gn) | Ulanylan wagty-Uw | Döwür(D) | Ýyllyk öwez dolmak |
| 3 | MNT | MNT | ýyl | ýyl | |
| 4 | Hasaplamak funksiýasynyň belgilenişi | | | | |
| 5 | АМГД(Başlangyç nyrh;Galan nyrh;Ulanylan wagty;Döwür) | | | | |
| 6 | 30000000 | 2000000 | 10 | 10 | 509 090,91 MNT |
| 7 | 30000000 | 2000000 | 10 | 9 | 1 018 181,82 MNT |
| 8 | 30000000 | 2000000 | 10 | 8 | 1 527 272,73 MNT |
| 9 | 30000000 | 2000000 | 10 | 7 | 2 036 363,64 MNT |
| 10 | 30000000 | 2000000 | 10 | 6 | 2 545 454,55 MNT |
| 11 | 30000000 | 2000000 | 10 | 5 | 3 054 545,45 MNT |

### 1.8.2. *Bir döwürde emlägiň göni öwez dolmasynyň ululygyny gaýtarmagyny hasaplamak (AMP)*

*Ýazylyşy:*

**AMP (Başlangyç nyrh; Galan nyrh; Döwür)**

**Başlangyç nyrh** (**Bn**) – emlägiň başlangyç nyrhy.

**Galan nyrh** (**Gn**) – öwezini dolmanyň soňunda emlägiň galan nyrhy.

**Döwür** (**D**) – ol doly öwez dolmagynyň birliginde bolmaly.

***Hasaplanan mysal:***

Kärhana awtomobil ulagyny 30000000 mnt hyrhdan satyn aldy, onuň ulanylyş döwri 10 ýyl, ondan soň, ulagyň galan hyrhy 2000000 mnt boldy. Her ýyl ulanylandan soň nyrh peselmesiniň hasaby:



G19 =AMP(D19;E19;F19)

yaz13.01.04

| | D | E | F | G |
|---|---|---|---|---|
| 12 | Bir döwürde emlägiň göni öwez dolmasynyň | | | |
| 13 | ulylygyny gaýtarmagyny hasaplamak (AMP). | | | |
| 14 | Başlangyç nyrh(Bn) | Galan nyrh(Gn) | Döwür(D) | Nyrh peselmesi |
| 15 | MNT | MNT | ýyl | |
| 17 | Hasaplamak funksiýasynyň belgilenilişi | | | |
| 18 | AMP(Başlangyç nyrh;Galan nyrh;Döwür) | | | |
| 19 | 30000000 | 2000000 | 10 | 2 800 000,00 MNT |
| 20 | 30000000 | 2000000 | 9 | 3 111 111,11 MNT |
| 21 | 30000000 | 2000000 | 8 | 3 500 000,00 MNT |

Hasaplaýyş penjiresiniň görnüşi




## *I.8.3. Döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik göterim stawkalarynyň esasynda goýumyň geljekki ululygyny hasaplamak (БЗ)*

*Ýazylyşy:*

**БЗ (Stawka(s); Dtlg; töleg(t); Hn; görnüş)**

**Stawka** – ol döwürdäki göterimiň stawkasy.

**Dtlg (Кпер)** – ýyllyk rentanyň döwürleýin tölegleriniň umumy sany.

**Töleg** – ol döwürleýin tölenýän töleg, onuň ululygy döwrüň bütin dowamynda üýtgemeli däldir. Ol öz içine esasy



Неподшитые заметки Стр.58

tölegi we göterimler boýunça tölegi jemleýär, başga hiç hili tölegler oňa girmeýär.

Hп(Нз) – ol häzirki nyrh ýa-da şu wagtdan başlap geljekki tölegleriň umumy jemi. Eger ol berilmese, onda onuň bahasy 0-a deňdir diýip hasap edilýär.

Görnüş (Тип) – ol 0 ýa-da 1 sandyr. Ol haçan töleg etmelisini belgileýär. Eger ol berilmese, onda onuň bahasy 0-a deňdir diýlip hasap edilýär.

| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
|---|---|
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

Bellik:

**Goýum** we **Dtlg(Кпер)** şol bir ýa-da ylalaşylan ölçeg birliklerde berilmelidir. Eger berlen karz boýunça, dört ýylda her ýylky töleg 12% bolsa, **stawka** 12%/12 deňdir, **Dtlg** bolsa 4*12 deň bolar. Eger şol karz boýunça her ýyl töleg geçirilse **stawka** 12% deň, **Dtlg** bolsa 4-e deň bolýar.

Pula degişli funksiýanyň ululyklary, ýagny siziň tölemeliňiz minus – bilen berilmeli, siziň almaly puluňyz (dwidentleriňiz) + sanlar bilen berilmeli.

***Hasaplanmaly mysal:***

Ýene bir ýyldan amal edilmeli taslama üçin pul bölüp goýmak isleseňiz, onuň üçin 1000000 mnt puly ýylda 6% goýum goýjak bolýarys, aýda 6%/12 ýa-da 0,5% bolar. Siz geljekki 12 aýyň dowamynda her aýyň başynda 100000 manat goýum goýmak işleşeňiz, 12 aýdan soň siziň hasabyňyzda näçe pul bolar?

БЗ (0,5%; 12; -100000; -1000000; 1)=2 301 401,83 MNT bolar.

I20 = =Б3(D20;E20;F20;G20;H20)

**Döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik göterim stawkalarynyň esasynda goýumyň geljekki ulylygyny hasaplamak**

**Б3(Stawka(s); Dtlg; töleg(t);** нп; Görnüş)

| Stawka | Töleg | Dtlg | Нп | Görnüş | Hasapdaky ulylyk |
|---|---|---|---|---|---|
| 0,50% | 12 | -100000 | -1000000 | 1 | 2 301 401,83 MNT |
| 1% | 24 | -1500000 | -1000000 | 1 | 39 465 832,30 MNT |

Hasaplaýyş penjiresiniň görnüşi:




## *I.8.4. Aýlanmanyň içki tizligi (ВНДОХ)*

Aýlanmanyň içki tizligi – munuň özi düşewindiň göterim stawkasydyr, ol birsydyrgyn döwür wagtda maýa goýuma tölenýänlerden we oňa gelýän girdejiden ybaratdyr.

Tölenýänler we oňa gelýän girdejiler deň ölçegli wagtda bolmaly, mysal üçin aýma-aý ýa-da her ýyl.

*Ýazylyşy:*

**ВНДОХ (Baha; Çaklama)**

**Baha** – ol san toplumy ýa-da sanlar bar öýjüklere salgydyr, olar üçin serişdeleriň aýlanmasynyň içki tizligi hasaplanýar. Bahada iň bolmanda bir adaty položitel san, birem minusly sanlar bolmalydyr. Hasaplanmaly öýjüklerde boş ýa-da san bolmadyk belgi bar bolsa, olar hasaba alynmaýar.

**Çaklama** – bu ululyk ВНДОХ boýunça alynýan netijä ýakyndyr.

***Hasaplanylan mysal:***

Işewürlik bilen iş salyşmak üçin, 7000000 mnt goýýarys. Geljekki 5 ýylda arassa düşewindi ýylma-ýyl şu möçberlerde alýarys: 1100000, 1500000, 1900000, 2500000 we 3000000 mnt.

Aşakdaky formulalar maýa goýumlaryň aýlanyşygynyň içki tizligini hasaplaýarlar. Maýa goýumlardan dört ýyldan soň aýlanmanyň tizligi:

ВНДОХ(**D23:D27**) – 1,00% bahasy **F28** öýjükde.

Bäş ýyldan soň aýlanmanyň içki tizligi:

ВНДОХ(D23:D28) = 10,26 göterime deňdir, bahasy **E28** öýjükdedir.

Aýlanyşygyň içki tizligini hasaplamak üçin, bu funksiýa ***çaklama*** argumenti bermeli, mysal üçin:




ВНДОХ(D23:D25;-10%) = – 46,84 göterime deňdir, bahasy **G28** öýjükdedir. Köp ýagdaýlarda çaklama bermegiň

zerurlygy ýokdur, ol ýok bolsa, onuň bahasy 0,1(10 göterim) deňdir.

Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi ýokarda getirilendir.

### *I.8.5. Emlägiň öwez dolmagynyň ulylygyny görkezilen döwür üçin öwezi iki sapar hasaba almak usulyýetini ýa-da anyk görkezilen usulyýeti peýdalanmak arkaly hasaplamak (ДДОБ)*

*Ýazylyşy:*

**ДДОБ (Başlangyç nyrh; Galan nyrh; Ulanylan wagty; Döwür; Koeffisient)**

Bu ýerde:

Başlangyç nyrh (**Bn**) – emlägiň başlangyç nyrhy.

Galan nyrh (**Gn**) – öwezini dolmanyň soňunda emlägiň galan nyrhy.

Ulanylan wagty (**Uw**) – emlägiň öwezini dolmanyň döwrüniň möhleti.

Döwür (**D**) – öwezini dolmany şu döwür üçin hasaplamak talap edilýär, ol doly öwez tutmasynyň birliginde bolmaly.

Koeffisient (**K**) – deňagramlaşdyrylan nyrhyň peselmeginiň çägidir. Eger ol berilmese, onuň bahasy 2-ä deňdir.

Funksiýanyň ähli bäş argumenti alamatsyz sanlar bolmaly.

ДДОБ funksiýany hasaplamak üçin şu aşakdaky formula ulanylýar:

**ДДОБ=Bn – Gn (Σ ДДОБ** – öňki döwürdäki öwez dolmalar) * **K/Uw**

***Hasaplanylan mysal:***

Kärhana täze enjamy 250000 mnt satyn aldy,

ulanylmaly möhleti 10 ýyl. Ondan soň galan nyrhy 2500 mnt. Öwez dolmanyň ululyklaryny dürli döwürler üçin hasaplalyň:

1. Ulanylanda birinji günde öwez dolmasy ДДОБ (D38; E38; F38; G38) – 1 369,86 mnt deňdir, onuň bahasy I38 öýjükde berlendir. Bu ýerde koeffisient MS Excelde 2-ä deň hasap edilýär, ýöne ýazylmaýar.

2. Ulanylanda birinji aýda öwez dolmasy ДДОБ (D39; E39; F39; G39; H39) – 41 666,67 mnt deňdir, onuň bahasy I39 öýjükde berlendir.

3. Ulanylanda birinji ýylda öwez dolmasy ДДОБ (D40; E40; F40; G40; H40) – 500 000,00 mnt deňdir, onuň bahasy I40 öýjükde berlendir.

4. Ulanylanda ikinji ýylda öwez dolmasy 1.5 koeffisent ulansak ДДОБ (D41; E41; F41; G41; H41) – 318 750,00 mnt deňdir, onuň bahasy I41 öýjükde berlendir.

5. Ulanylanda 10-njy ýylda öwez dolmasy ДДОБ (D42; E42; F42; G42) – 67 108,86 mnt deňdir, onuň bahasy I42 öýjükde berlendir. Bu ýerde koeffisient MS Excelde 2-ä deň hasap edilýär, ýöne ýazylmaýar.

Ýokarky hasaplanylan mysalyň MS Excelde ýerine ýetirilişi aşakdaky şekilde getirilendir:

I38 =ДДОБ(D38;E38;F38;G38)

yaz13.01.04

| | D | E | F | G | H | I |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 32 | **Emläge öwez dolmasyny hasaplamak** | | | | | |
| 33 | Başlangyç nyrh | Galan nyrh | Ulanylan wagty | Döwür | Koef fisient | **Öwez dolmak** |
| 34 | MNT | MNT | ýyl | ýyl | | |
| 35 | Hasaplamak funksiýasynyň belgilenişi | | | | | |
| 37 | **ДДОБ(Başlangyç nyrh;Galan nyrh;Ulanylan wagty;Döwür; Koeffisient)** | | | | | |
| 38 | 2500000 | 250000 | 3650 | 1 | | 1 369,86 MNT |
| 39 | 2500000 | 250000 | 120 | 1 | 2 | 41 666,67 MNT |
| 40 | 2500000 | 250000 | 10 | 1 | 2 | 500 000,00 MNT |
| 41 | 2500000 | 250000 | 10 | 2 | 1,5 | 318 750,00 MNT |
| 42 | 2500000 | 250000 | 10 | 10 | | 67 108,86 MNT |

### I.8.6. Berlen döwürde emläge öwez dolmasyny we öwez dolmany hemişelik hasaba almak usulyny peýdalanmak bilen hasaplamak (ДОБ)

*Ýazylyşy:*

**ДОБ (Başlangyç nyrh; Galan nyrh; Ulanylan wagty; Döwür; Aý)**

Bu ýerde:

**Başlangyç nyrh** (**Bn**) – emlägiň başlangyç nyrhy.

**Galan nyrh** (**Gn**) – öwezini dolmaň soňynda emlägiň galan nyrhy.

**Ulanylan wagty** (**Uw**) – emlägiň öwezini dolmasynyň döwrüniň möhleti.

**Döwür** (**D**) – öwez dolmany şu döwür üçin hasaplamak talap edilýär, ol doly öwez tutmasynyň birliginde bolmaly.

**Aý (A)** – Birinji ýyldaky aýlaryň sany, ol görkezilmese 12-ä deňdir.

Bu hasapda bellenen göterim goşundysyny peýdalanylanda hasap formulasy şeýledir:

**ДОБ** = ( **Bn** – **Σ ДОБ** – öňki döwürdäki öwez dolmalar) * goşundy

Bu ýerde:

**goýum** = 1 – ((**Gn** / **Bn**) ^ (1 / **Uw**)), oturdan soň üç onluk belgisine çenli tegeleklenýär.

Bu ýerde öwez dolma birinji we ahyrky döwürde aýratyn hasaplanylýar. Birinji döwür üçin **ДОБ** şeýle hasaplanylýar:

**ДОБ = Bn * goýum * Aý / 12**

Ahyrky döwür üçin **ДОБ** şu formula bilen hasaplanylýar:

**ДОБ** = ((**Bn** – **Σ ДОБ** – öňki döwürdäki öwez dolmalar) * **goýum** * (**12** – **Aý**)) / **12**



Неподшитые заметки Стр.64

***Hasaplanmaly mysal:***

Kärhana 10000000 mnt nyrhly enjam satyn aldy, onuň ulanyş möhleti alty ýyl. Ondan soň galan nyrhy 500000 mnt. **ДОБ** funksiýanyň ol enjamy ulanylýan wagty, ýagny öwezini dolmanyň ululygy aşakdaky ýalydyr:

1-nji ýyl ДОБ (D50; E50; F50; G50; H50) = 2 292 500 mnt deň, bahasy **I50** öýjükde.

2-nji ýyl ДОБ (D51; E51; F51; G51; H51) = 3 029 048 mnt deň, bahasy **I51** öýjükde.

3-nji ýyl ДОБ (D52; E52; F52; G52; H52) = 1 838 632 mnt deň, bahasy **I52** öýjükde.

4-nji ýyl ДОБ (D53; E53; F53; G53; H53) = 1 116 050 mnt deň, bahasy **I53** öýjükde.

5-nji ýyl ДОБ (D54; E54; F54; G54; H54) = 677 442 mnt deň, bahasy **I54** öýjükde.

6-njy ýyl ДОБ (D55; E55; F55; G55; H55) = 411 207 mnt deň, bahasy **I55** öýjükde.

7-nji ýyl ДОБ (D56; E56; F56; G56; H56) = 104 001 mnt deň, bahasy **I56** öýjükde.

Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:

I50 = =ДОБ(D50;E50;F50;G50;H50)

yar13.01.04

| | D | E | F | G | H | I |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 43 | **6. Berlen döwürde emläge öwez dolmasyny,** | | | | | |
| 44 | **öwez dolmany hemişelik hasaba almak** | | | | | |
| 45 | **usulyny peýdalanmak bilen hasaplamak(ДОБ)** | | | | | |
| 47 | **ДОБ(Başlangyç nyrh;Galan nyrh;Ulanylan wagty;Döwür; Aý)** | | | | | |
| 48 | Başlangyç nyrh | Galan nyrh | Ulanylan wagty | Döwür | Aý | **Öwez dolmak** |
| 49 | MNT | MNT | ýyl | ýyl | | |
| 50 | 10000000 | 500000 | 6 | 1 | 7 | 2 292 500 MNT |
| 51 | 10000000 | 500000 | 6 | 2 | 7 | 3 029 048 MNT |
| 52 | 10000000 | 500000 | 6 | 3 | 7 | 1 838 632 MNT |
| 53 | 10000000 | 500000 | 6 | 4 | 7 | 1 116 050 MNT |
| 54 | 10000000 | 500000 | 6 | 5 | 7 | 677 442 MNT |
| 55 | 10000000 | 500000 | 6 | 6 | 7 | 411 207 MNT |
| 56 | 10000000 | 500000 | 6 | 7 | 7 | 104 001 MNT |

### I.8.7. Berlen goýum üçin tölegleriň umumy mukdaryny döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik goýum göterimler esasynda hasaplamak (КПЕР)

*Ýazylyşy:*

**КПЕР (Stawka; Töleg; Hn; Gn; Görnüş)**

**Stawka** – döwürde goýum göterimi.

**Töleg** – döwürleýin tölenýän töleg; ol töleg döwrüň dowamynda üýtgäp biler. Adatça, töleg esasy tölegden we göterim boýunça tölegden ybaratdyr, başga ýygymlar we salgytlar göz öňünde tutulmaýar.

**Hn** – häzirki nyrh ýa-da şu wagtdan başlap geljekki tölegleriň umumy jemi.

**Gn** – geljekki nyrh, oňa iň soňky töleg bilen ýetilýär. **Gn** funksiýada ýok bolsa, ol 0-a deňdir, mysal üçin, geljekde karzyň nyrhy 0-a deň.

**Görnüş** – ol 0 ýa-da 1-e deňdir, haçan tölegi tölemelidigini mälim edýär.

| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
|---|---|
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

***Hasaplanylan mysal:***

КПЕР (1%; – 1000; – 10000; 100000; 1) = 60-a deň, bahasy **I63** öýjükde.

КПЕР (1%; – 1000; – 10000; 100000) = 60-a deň, bahasy **I64** öýjükde.

КПЕР (1%; – 1000; 10000) = 10-a deň, bahasy **I65** öýjükde.

Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:



I63 = =КПЕР(D63;E63;F63;G63;H63)

| | D | E | F | G | H | I |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 57 | 7.Berlen goýum üçin tölegleriň umumy mukdaryny | | | | | |
| 58 | döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik | | | | | |
| 59 | stawka göterimler esasda hasaplamak(КПЕР) | | | | | |
| 61 | КПЕР(Stawka;Töleg;Hn;Gn; Görnüş) | | | | | |
| 62 | Stawka | Töleg | Hn | Gn | Görnüş | КПЕР |
| 63 | 1% | -1000 | -10000 | 100000 | 1 | 60 |
| 64 | 1% | -1000 | -10000 | 100000 | | 60 |
| 65 | 1% | -1000 | | 10000 | | 10 |

### *I.8.8. Anyk pul serişdeleri bilen yzygiderli döwürleýin amallar üçin dolanyşyk serişdeleriniň üýtgedilen içki tizligini hasaplamak (МВСД)*

МВСД funksiýa maýa goýumyň nyrhyny hemem täze maýa goýumdan alynýan düşewündi hasaba alýar.

*Ýazylyşy:*

**МВСД (Bahalar; F_stawka; R_goýum)**

**Bahalar (B)** san ululyklary bar bolan topluma ýa-da öýjüklere salgylanýar. Bu sanlar döwürleýin wagtda birsydyrgyn bolýan töleg pullaryň hatary (alamaty – bolmaly) we girdejiler (alamaty + bolmaly). Bu ýerde iň bolmanda bir **+** we birlik **–** alamatly sanlar bolmaly, ýogsam **#ДЕЛ/0!** – ýazgy bolar. Hataryň içinde adaty harply, belgili ýazgylar ýa-da boş ýer bolsa olar hasaba alynmaz, bahasy 0 bolsa hasaba alynýar.

**F_stawka (Fs)** – Hakyky dolanyşykda bolan **pula** tölemeli **girdejiniň çägi.**

**R_stawka (Rs)** – Täzeden maýa goýlanda hakyky dolanyşykda bolan **pula** tölemeli **girdejiniň çägi.**

San hatary girizilende tölegleriň we girdejileriň girizilişi zerur yzygiderlilikde bolmaly, olaryň hem degişli alamatlary (tölenmeli bolsa -, almaly bolsa +) saklanmaly.

Eger **n** bahadaky sanlaryň mukdary, **Fs** we **Rs** degişlilikde



Неподшитые заметки Стр.67

**F_stawka, R_stawka** bolsa МВСД hasaplamak aşakdaky formula bilen amal edilýär.

$$\text{МВСД} = \left( \frac{\text{-NPZ}(\mathbf{R_stawka,\ girdejiler[+]}{*}(1+Rs)^{n}}{\text{-NPZ}(\mathbf{F_stawka,\ tölegler[+]}{*}(1+Fs)} \right)^{\wedge} \frac{1}{n-1}$$

*Hasaplanan mysal:*

Önüm öndürmek bilen iş salşyp, bäşinji ýyly tamamladyňyz. Bäş ýyl öň 12000000 mnt karzy her ýyl 10 göterim bilen önümçilik maksady bilen aldyňyz. Siziň her ýyl öndüren önümiňizden her ýylky girdejiňiz degişlilikde 3900000 mnt, 3000000 mnt, 2100000 mnt, 3700000 mnt we 4600000 mnt bolupdyr. Şu ýyllarda alan girdejiňizi her ýyl 12 göterim bilen täzeden maýa goýupsyňyz.

Anyk pul serişdeleri bilen yzygiderli döwürleýin amallar üçin aýlanma serişdeleriniň üýtgedilen içki tizligi (МВСД) bäş ýylda hasaplamak MS Excelde aşakdaky bahalara eýe bolar:

5-nji ýylda **МВСД (D71:D76; 10%; 12%) = 12,61** göterime, bahasy **G71** öýjükdedir.

3-nji ýylda **МВСД (D71:D74; 10%; 12%) = -4,80** göterime, bahasy **G72** öýjükdedir.

5-nji ýylda **R_stawka = 14%** bolsa **МВСД (D71:D76; 10%; 14%) = 13,48** göterime, bahasy **G73** öýjükdedir.

Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir.

G71 = =МВСД(D71:D76;E71;F71)

yez13.01.04

| | D | E | F | G |
|---|---|---|---|---|
| 66 | **Anyk pul serişdeleri bilen yzygiderli döwürleýin** | | | |
| 67 | **amallar üçin dolandyryş serişdeleriniň üýtgedilen** | | | |
| 68 | **içki tizligini hasaplamak(МВСД)** | | | |
| 69 | МВСД(Bahalar;F_stawka;R_stawka) | | | |
| 70 | **Bahalar(B)** | **F_stawka(Fs)** | **R_stawka(Rs)** | **МВСД** |
| 71 | -12000000 | 10% | 12% | 12,61% |
| 72 | 3900000 | 10% | 12% | -4,80% |
| 73 | 3000000 | 10% | 14% | 13,48% |
| 74 | 2100000 | | | |
| 75 | 3700000 | | | |
| 76 | 4600000 | | | |



Неподшитые заметки Стр.68

### *I.8.9. Rente tölenende bir döwrüň göterim goýumyny hasaplamak (НОРМА)*

Bu funksiýa yzygiderli ýakynlaşmak usuly bilen hasaplanylýar, şonuň üçin birnäçe çözgüdi bolmagy mümkindir. 20 sapar ýakynlaşylanda goýumy kesgitlemegiň tapawudy 0,0000001-den uly bolsa НОРМА-nyň bahasy **#ЧИСЛО!** bolar.

**НОРМА (КПЕР; Töleg; Hb; Gn; Görnüş; Baş_ýakyn)**

**Кпер** – ýyllyk rentany tölemegiň döwürleriniň umumy sany (Onuň hasaplanyşy **8.7**-nji bölekde getirildi).

**Töleg** – her bir döwürde tölenýän renta tölegi, ol tölenýän ähli wagtda üýtgemeli däldir. Adatça, tölege esasy tölegler we göterim boýunça tölegler, şeýle hem, beýleki salgytlar we ýygymlar girýär.

**Hb** – geljekki tölegleri düzýän häzirki umumy jemi.

**Gn** – geljekki nyrh ýa-da bar deňagramlyk, oňa iň soňky tölegde ýetilýär. Ol berilmese, onuň bahasy 0-a deňdir.

**Görnüş** – ol 0 ýa-da 1-e deňdir, haçan tölegi tölemelidigini mälim edýär.

| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
|---|---|
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

**Baş_ýakyn** – göz öňünde tutulýan çägiň ululygydyr. Eger ol berilmese 10 göterime deň hasap edilýär. Eger НОРМА funksiýa ýakynlaşmasa beýleki islendik ýakynlaşmadan peýdalanmaly. Adatça, ol **Baş_ýakyn**yň bahasy 0 bilen 1 arasynda bolsa ýakynlaşýandyr.

**Baş_ýakyn** bilen **КПЕР** – ululuklary bermekde ölçeg birliklerinde yzygiderli bolmaly. 12% göterimdäki 4 ýyllyk karz boýunça her aýda töleg edýän bolsaňyz **Baş_ýakyn** = 12%/12

we **КПЕР** = 4*12 berilmelidir. Eger oňa her ýylda töleg edýän bolsaňyz, **Baş_ýakyn** = 12% we **КПЕР** = 4 bermelisiňiz.

***Hasaplanylan mysal:***

Her aýda 200000 mnt tölegli 8000000 mnt dörtýyllyk karz üçin göterim goýumyny MS Excelde şeýle hasaplap bolar:

НОРМА (48; -20000; 8000000) = 0,77 göterime deň bolar. Bu bir aý göterim goýumydyr, sebäbi döwür aýa deňdir. Ýyllyk göterim goýumy 0,77%*12 = 9,24 göterime deňdir.

Ýokarky hasaplamnyň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:


I82 = =НОРМА(D82;E82;F82)

yaz13.01.04

| | D | E | F | G | H | I |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 77 | Rente tölenende bir döwrüň göterim stawkasyny | | | | | |
| 78 | hasaplamak(НОРМА) | | | | | |
| 79 | | | | | | |
| 80 | НОРМА(кпер; Töleg ; Hb;Gn; Görnüş;Baş_ýakyn) | | | | | |
| 81 | кпер | Töleg | Hb | Gn | Baş ýakyn | НОРМА |
| 82 | 48 | -200000 | 8000000 | | | 0,77% |

## *I.8.10. Goýumyň häzirki arassa möçberiniň hasap goýumyny hem-de geljekki tölegleri (alamaty -) we girdejileri (alamaty +) peýdalanyp hasaplamak (НПЗ)*

*Ýazylyşy:*

**НПЗ (Stawka; Baha1; Baha 2; ...)**

**Stawka** – bir döwürde hasap goýumy.

**Baha1; Baha 2; ...** – ol 1-den 29-a çenli argumentler çykdajylary we düşewüntleri görkezýär.

- ❑ Olary wagt boýunça deňölçegli paýlanmaly, tölegler her döwrüň ahyrynda tölenen bolmaly.



Неподшитые заметки Стр.70

- Girdejileriň we tölegleriň tertibi boýunça hasap şu funksiýa bilen amal edilýär.
- Olar dogry tertipde girizilmeli.
- Bu ýerde argumentler san bolmaly, galan belgiler hasap edilmeýär, sana öwrülmeýär.
- Eger argument toplum ýa-da salgy bolsa hem, olardaky sanlar hasaba alynýar.

NPZ funksiýanyň hasaplaýan maýa goýumy ýokardaky sanawda Baha 1-e çenli pul goýulan senä bir döwürde başlanýar we soňky pul goýumy bilen gutarýar. NPZ-ni hasaplamak geljekki pul goýumlara esaslanýar.

- Eger pul goýumlaryň bahalarynyň sanawynyň mukdary n bolsa, onda NPZ hasaplamak şu formula bilen amal edilýär:

$$NPZ = \sum_{j=1}^{n} \frac{Baha_j}{(1+stawka)^j}$$

- NPZ funksiýa PZ funksiýa ýalydyr. PZ-de pul goýumlary ýa döwrüň başynda ýa-da döwrüň soňunda bolmaly. NPZ-de bolsa pul goýumlary maýa goýumyň döwründe hemişe bolmaly.
- NPZ funksiýa ВНДОХ bilen baglanyşyklydyr.

***Hasaplanylan mysal:***

Şeýle maýa goýuma seredeliň. Şu günden bir ýyldan soň 10000000 mnt töleýärsiňiz. Geljekki üç ýylda degişlilikde 3000000 mnt, 4200000 mnt we 6800000 mnt düşewünt alýarys. Hasap goýumy 10% bolsun, onda häzirki maýa goýumyň arassa möçberi aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

**НПЗ (10%; -10000000; 3000000; 4200000; 6800000)** =**1188 443** mnt. ol **L87** öýjükde getirilendir.

Bu mysalda deslapky töleg 10 mln. mnt pul tölegleriň bir

bahasy hökmünde girizildi, sebäbi töleg birinji döwrüň soňunda tölendi.

Indi bolsa maýa goýum birinji döwrüň başynda başlanyşyna seredeliň. Goý, siz dükan satyn almak bilen gyzyklanýarsyňyz diýeliň. Dükanyň nyrhy 40000000 mnt we siz geljekki bäş ýylyň her ýylynda degişlilikde 8 000000 mnt., 9 200000 mnt., 10 000000 mnt., 12000000 mnt. we 14 500000 mnt düşewünde garaşýarsyňyz. Ýyllyk hasap goýumy 8%-deň. Ol infilýasiýanyň derejesini ýa-da bäsleşikli maýa goýumyň hasabyny görkezip biler. Dükana häzirki maýa goýumyň arassa möçberi aşakdaky ýaly hasaplanylýar: **НПЗ(8%; F88:J88)+E88 = 1922000 mnt**, ol M88 öýjükde getirilendir.

Goý 6-njy ýyl siziň dükanyňyz çökdi. 6-njy ýyl üçin siziň ýitgiňiz 9 mln. mnt diýip hasaplaýarsyzyň. Dükanyň 6-njy ýyldan soň häzirki maýa goýumyň arassa möçberi aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

**НПЗ (8%; F88:J88; -9000000)+E88 =** -3749 müň mnt deň bolar, ol M89 öýjükde getirilendir.


L87 = =НПЗ(D87;E87:H87)

yas13.01.04

Goýumyň häzirki arassa möçberin hasap stawkasyny hem-de geljekki tölegleriň(alamaty -) we girdejileriň(alamaty +) peýdalanyp hasaplamak (НПЗ)

НПЗ(Stawka;Baha1; Baha 2; ...)

| | D | E | F | G | H | I | J | K | L | M |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 85 | Stawka | Baha1 | Baha 2 | Baha 3 | Baha 4 | Baha 5 | Baha 6 | Baha 7 | NPZ | Netije |
| 86 | | müň mnt | müň mnt | müň mnt | müň mnt | müň mnt | müň mnt | müň mnt | müň mnt | müň mnt |
| 87 | 10% | -10000 | 3000 | 4200 | 6800 | | | | 1 188 | |
| 88 | 8% | -40000 | 8 000 | 9 200 | 10 000 | 12000 | 14 500 | | 41 922 | 1 922 |
| 89 | 8% | -40000 | 8 000 | 9 200 | 10 000 | 12000 | 14 500 | -9 000 | 36 251 | -3 749 |

Ýokarky hasaplamanyň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:

### *1.8.11. Döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik goýum göterimler esasynda berlen döwürde tölegleriň möçberini hasaplamak (ОСНПЛАТ)*

*Ýazylyşy:*

**ОСНПЛАТ (Stawka; Döwür; Кпер; Hb; Gj; Görnüş)**

**Stawka** – bir döwürde hasap goэumy.

**Döwür** – döwri berýär, onuň bahasynyň aralygy **1**-den **Кпер** çenlidir.

**Кпер** – ýyllyk rentä tölemeli döwürleriň umumy mukdary.

**Hb** – häzirki baha – umumy jem, ol geljekki tölegleri düzýär.

**Gj** – geljekki jem ýa-da pul deňagramlygy, oňa iň soňky tölemeden soň ýetilýär. Ol berilmese 0 deňdir.

**Görnüş** – ol 0 ýa-da 1-e deňdir, haçan tölegi tölemelidigini mälim edýär.

| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
|---|---|
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

**Bellik:**

**Stawka** bilen **Кпер** ölçeg birlikleriň berlişi yzygiderli bolmaly. Eger 4 ýyllyk 12% karza her aý tölegler etseňiz, **Stawka** üçin 12%/12, **Кпер** üçin 4*12 berilmeli. Eger şol bir karz üçin her ýylda töleg etseňiz, **Stawka** üçin 12%, **Кпер** üçin 4 bermeli.

***Hasaplanylan mysal:***

2000 müň mnt iki ýyllyk 10% karzyň birinji aýy üçin esasy tölegiň bahasy şeýle hasaplanylýar:

ОСНПЛАТ (10%/12; 1; 24; 2000) = -75 653 mnt
bolar, bahasy G14 öýjükdedir.

200000 müň mnt 10 ýyllyk 8% karz boyunça esasy tölegiň bahasy şeýle hasaplanylýar:

ОСНПЛАТ (8%; 10; 10; 200000) = -27 598 053 mnt bolar, bahasy G15 öýjükdedir.

Ýokarky hasaplamanyň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:




## *I.8.12. Ikeldilen göterim usulyny peýdalanmak bilen berlen döwürde emläge öwez dolmasynyň bahasyny hasaplamak (ПДОБ)*

*Ýazylyşy:*

**ПДОБ (Başlangyç nyrh; Galan nyrh; Döwür; Baş döwür; Ahyrky döwür; Koeff; Goş mazdan)**

Başlangyç nyrh (**Bn**) – emlägiň başlangyç nyrhy.

Galan nyrh (**Gn**) – öwezini dolmanyň soňunda emlägiň galan nyrhy. Döwür (**D**) – ol emlägiň öwezini dolmagyň döwürlerini mukdary, ol doly öwezini tutmasynyň birliginde bolmaly.

Baş döwür (**Bd**) – öwez dolmagy hasaplamagyň baş döwri, ol **D**-döwrüň birliginde bolmaly.

Ahr döwür (**Ad**) – öwez dolmagy hasaplamagyň soňky döwri, ol **D**-döwrüň birliginde bolmaly.



Неподшитые заметки Стр.74

Koeff (**K**) – deňleşdirilen nyrhyň (öweziň) peselmeginiň çägi. Ol ýok bolsa 2-ä deň hasaplanylýar.

Goş mazdan (**Gm**) – ol logiki baha bolup, hasaplanan öweziň möçberi göni öwezden uly bolanda haýsynyň ulanylmalydygyny görkezýär

- Eger Goş mazdan argumentiň bahasy **hakyky** bolsa, MS Excel öwez dolmanyň deňölçegli hasaplamak usulyna geçmez.
- Eger Goş mazdan argumentiň bahasy **hakyky däl** ýa-da ýazylmadyk bolsa MS Excel öwez dolmanyň deňölçegli hasaplamak usulyna geçer.
- Ähli argumenler Goş mazdan – argumentden başgasynyň alamaty + bolmaly.

***Hasaplanylan mysal:***

Kärhana täze maşyny 24000000 mnt satyn aldy, onuň ulanylmaly möhleti 10 ýyl. Ondan soň galan nyrhy 3000000 mnt. Onuň üçin öwez dolmasyny birnäçe döwür üçin hasaplalyň. Maşynyň birinji gün öwez dolmasy ПДОБ (2400000; 300000; 3650; 0; 1) = 13 151 mnt bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki G23 öýjükdedir.

Maşynyň birinji aý öwez dolmasy **ПДОБ** (2400000; 300000; 120; 0; 1) = 400 000 mnt bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki G24 öýjükdedir.

Maşynyň birinji ýyl öwez dolmasy **ПДОБ** (2400000; 300000; 10; 0; 1) = 4 800 000 mnt bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki G25 öýjükdedir. Maşynyň 6 aý bilen 18 aý aralykda ulanylanda öwez dolmasy ПДОБ (2400000; 300000; 120; 6; 18) = 3 963 061 mnt bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki G26 öýjükdedir.

Maşynyň 6 aý bilen 18 aý aralykda ulanylanda öwez dolmasy, koeffisient 1,5 bolanda ПДОБ (2400000; 300000; 120; 6; 18;1,5) = 3118 089 mnt bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki G27 öýjükdedir.



Неподшитые заметки Стр.75

Ýokarky nyrhda maşyn maliýe ýylynyň birinji dört aýyň ortasynda satyn alnanda birinji maliýe ýyl üçin öwez dolmasy ПДОБ (2400; 300; 10; 0; 0,875; 1,5) =3 150 000 mnt bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki G28 öýjükdedir.

Ýokarky hasaplamanyň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:



G23 = =ПДОБ(A23;B23;C23;D23;E23)

Ikeldilen göterm usulyny peýdalanmak bilen berlen döwurde emläge öwez dolmasynyň bahasyny hasaplamak (ПДОБ)

ПДОБ(Başlangyç nyrh; Galan nyrh; Döwür; Baş_döwür; Ahr_döwür; Koeff; Goş_mazdan)

| Bn | Gn | Bd | Ad | K | Gm | ПДОБ |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 24000000 | 300000 | 3650 | 0 | 1 | | 13 151 MNT |
| 24000000 | 300000 | 120 | 0 | 1 | | 400 000 MNT |
| 24000000 | 300000 | 10 | 0 | 1 | | 4 800 000 MNT |
| 24000000 | 300000 | 120 | 6 | 18 | | 3 963 061 MNT |
| 24000000 | 300000 | 120 | 6 | 18 | 1,5 | 3 118 089 MNT |
| 24000000 | 300000 | 10 | 0 | 0,875 | 1,5 | 3 150 000 MNT |

### *I.8.13. Goýumyň häzirki möçberini hasaplamak (ПЗ)*

Häzirki möçber, ol geljekki tölegLerden duryan umumy jemdir.

Ýazylyşy:

**ПЗ (Stawka; Кпер; Töleg; Gn; Görnüş)**

**Stawka** – döwürde göterim stawkasy. Eger ýylyna 10 göterim karz alnan bolsa hem-de her aýda tölegler tölense, onda aýda stawkanyň göterimi 10%/12 ýa-da 0,83% deň bolar.

**Кпер** – ýyllyk rentanyň tölegleriniň döwürleriniň umumy möçberi. Mysal üçin maşyny girew goýmak bilen 4 ýyllyk karz alnan, her aýda oňa tölegler edilýär, onda tölegiň döwürleri 4*12 (ýa-da 48-e) deňdir.

**Töleg** – renta tölenýän bütin döwürde döwürleýin tölenýän tölegdir. Ol adatça karz boýunça esasy tölegleri we göterim

boýunça tölegleri aňladyp, oňa başga ýygymlar we salgytlar girmeýär. Mysal üçin, 4 ýyllyk her ýylyna 12 göterimli 10000000 mnt karz üçin her aý tölegi 263330 mnt bolar. Onda formulada -263330 girizmeli.

**Gn** – talap edilýän geljekki nyrhyň bahasy ýa-da iň soňky tölegden soň galan serişdedir. Ol berilmese 0 deň hasap edilýär. Eger 15 ýyllap ýörite taslamanyň tölegi üçin 500000 mnt toplamak gerek bolsa, 500 000 mnt geljekki nyrhdyr.

**Görnüş** – ol 0 ýa-da 1-e deňdir, haçan tölegi tölemelidigini mälim edýär.

| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
|---|---|
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

**Bellik:**

- **Stawka** bilen **Кпер** üçin ylalaşylan ölçeg birlikleri ulanylmaly. Mysal üçin ýylda 12 göterimli 4 ýyllyk karz üçin her aýda töleg edilse **Stawka =** 12%/12, **Кпер** = 4*12 bolmaly. Eger şol karz üçin töleg her ýylda geçirilse, **Stawka =** 12%, **Кпер** = 4 bolmaly.

Töleg aralygy bilen arabaglanyşykly hasaplamalarda aşakdaky maliýe funksiýalary peýdalanylýar:

| | |
|---|---|
| ОБЩПЛАТ | ОСНПЛАТ |
| ОБЩДОХОД | ПЗ |
| БЗ | НОРМА |
| БЗРАСПИС | ЧИСТВНДОХ |
| ПЛПРОЦ | ЧИСТНЗ |
| ППЛАТ | |

- Töleg aralygy üznüksiz döwürde edilýän hemişelik pul tölegleriniň yzygiderliligidir.

***Hasaplanylan mysal:***

20 ýylyň dowamynda, her aýyň ahyrynda 50000 mnt tölemek bilen ätiýaçlandyrma satyn alýarsyňyz diýeliň. Rentanyň

nyrhy 6000000 mnt bolsun, tölenýän pul ýylda 8 göterim getirýär. Maýanyň şeýle goýulyşy şu maýa goýumyň gowy usulydygyny kesgitlemeli. **ПЗ** funksiýany peýdalanmak bilen goýumyň häzirki möçberini hasaplalyň:

**ПЗ(0,08/12; 12*20; 50000; ; 0)**= -5 803 800 mnt bolar, netije **F32** öýjükdedir. Netijäniň alamaty minus bolar, sebäbi ol zerur tölemeli puldur. Häzirki goýumyň möçberi -5 803 800 mnt, soralýan nyrhdan (6000000 mnt) azdyr. Şeýlelikde bu hasap şeýle maýa goýumyň gowy pul goýumy däldigini görkezýär. Ýokarky hasaplamanyň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:

F32 = =ПЗ(A32;B32;C32;;E32)

| | A | B | C | D | E | F |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 29 | **Göýumyň häzirki möçberini hasaplamak (ПЗ)** | | | | | |
| 30 | **ПЗ(Stawka;Кпер, Töleg , Gn, Görnüş)** | | | | | |
| 31 | Stawka | Кпер | Töleg | Gn | Görnüş | ПЗ |
| 32 | 0,007 | 240 | 50000 | | 0 | -5 803 800 MNT |

## *I.8.14. Berlen döwürde göterimler boýunça tölegleri hasaplamak (ПЛПРОЦ)*

Berlen döwürde göterimler boýunça tölegleri döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik göterim stawkasy esasynda hasaplamak funksiýasynyň ýazylyşy:

**ПЛПРОЦ (Stawka; Döwür; Кпер; Нп ; Gn; Görnüş)**

**Stawka** – döwürde göterim stawkasy.

**Döwür (D)** – göterim boýunça tapylmaly töleg üçin döwür, ol 1-den **Кпер**-e çenli aralykda bolmaly.

**Кпер** – ýyllyk rentanyň tölegleriniň döwürleriniň umumy möçberi.

**Нп** – häzirki nyrh ýa-da häzirki wagtdan geljekki ähli tölegleriň umumy jemi.



Неподшитые заметки Стр.78

**Gn** – geljekki nyrh ýa-da deňeşdirmedäki barlyk, oňa ıň soňky tölegde ýetmek zerurdyr. Ol berilmese 0 deňdir.

**Görnüş** – ol 0 ýa-da 1-e deňdir, haçan tölegi tölemelidigini mälim edýär.

| | |
|---|---|
| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

**Bellik:**

- **Stawka** bilen **Кпер** üçin ylalaşylan ölçeg birlikleri ulanylmaly. Mysal üçin, ýylda 12 göterimli 4 ýyllyk karz üçin her aýda töleg edilse, **Stawka =** 12%/12, **Кпер** = 4*12 bolmaly. Eger şol karz üçin töleg her ýylda geçirilse, **Stawka =** 12%, **Кпер** = 4 bolmaly.

Funksiýadaky puly aňladýan argumenlerinde tölenýän bolsa, onuň alamaty-, alynýan bolsa, onuň alamaty + sanlar görnüşinde girizilmeli.

***Hasaplanylan mysal:***

Her ýyl 10 göterimli üç ýyllyk 8000000 mnt karz üçin birinji aý göterim boýunça tölegleriň hasaby aşakdaky ýaly hasaplanylýar: **ПЛПРОЦ (0,1/12; 1; 36; 8000000) = -66 667** mnt bolýar, netije **G37** öýjükdedir.

Her ýyl 10 göterimli, ýylda tölenýän tölegli üç ýyllyk 8000000 mnt karz üçin soňky ýylyň düşewündi şeýle hasaplanylýar: **ПЛПРОЦ(0,1; 3; 3; 800000) = -292 447 mnt** bolýar, netije **G38** öýjükdedir.


G38 = =ПЛПРОЦ(A38;B38;C38;D38)

| | A | B | C | D | E | F | G |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 33 | Berlen döwürde göterimler boýunça tölegleri | | | | | | |
| 34 | hasaplamak(ПЛПРОЦ ) | | | | | | |
| 35 | ПЛПРОЦ(Stawka,Döwür,Кпер, Hn ; Gn, Görnüş) | | | | | | |
| 36 | Stawka | Döwür | Knep | Hn | Gn | Gornuş | ПЛПРОЦ |
| 37 | 0,008 | 1,00 | 36 | 8000000 | | | -66 667 MNT |
| 38 | 0,1 | 3 | 3 | 8000000 | | | -292 447 MNT |

Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:

## I.8.15. Karz boýunça tölegleriň ululygyny hemişelik tölegler we hemişelik göterimli goýum esasynda hasaplamak (ПЛПАТ)

Karz boýunça tölegleriň ululygyny hemişelik tölegler we hemişelik göterimli stawka esasda hasaplamak funksiýasynyň ýazylyşy:

**ПЛПАТ (Stawka; Кпер; Hb; Gj; Görnüş)**

**Stawka** – döwürde karz boýunça göterim stawkasy.

**Кпер** – karz boýunça tölegleriniň sanynyň umumy möçberi.

**Hb** – häžirki baha ýa-da geljekki tölegleri düzýän umumy jem, oňa esasy jem hem diýilýär.

**Gj** – geljekki jemi, oňa iň soňky tölegde ýetmek zerurdyr. Eger Gj bahasy berilmese, ol 0 deň hasap edilýär.

**Görnüş** – ol 0 ýa-da 1-e deňdir, tölegi haçan tölemelidigini mälim edýär.




| Stawka | Кпер | Hb | Gj | Görnüş | ПЛПАТ |
|---|---|---|---|---|---|
| 0,67% | 10 | 1000000 | | | -103 722 MNT |
| 0,67% | 10 | 1000000 | 0 | 1 | -103 032 MNT |
| 1% | 5 | -5000000 | | | 1 030 199 MNT |
| 0,50% | 216 | 0 | 50000000 | | -129 081 MNT |

| Görnüş | Haçan tölemek zerur |
|---|---|
| 0 ýa-da boş | Döwrüň ahyrynda |
| 1 | Döwrüň başynda |

18 ýylda 50000000 mnt toplanar. Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:

### *I.8.16. Görkezilen töleg döwürlerinde tölegleri hasaplamak (ПРОЦПЛАТ)*

Görkezilen töleg döwürlerinde tölegleri hasaplamak funksiýasynyň ýazylyşy:

**ПРОЦПЛАТ (Stawka; Döwür; Кпер; Hb)**

**Stawka** – döwürde goýum boýunça göterim stawkasy.

**Döwür (D)** – göterim boýunça tapylmaly düşewünt üçin döwür, ol 1-den **Кпер**-e çenli aralykda bolmaly.

**Кпер** – Goýum boýunça tölegleriniň sanynyň umumy möçberi.

**Hb** – goýumyň häzirki bahasy, ol karz üçin karzlaryň jemidir.

**Bellik:**

- **Stawka** we **Кпер** argumentleri şol bir birliklerde bolmaly.
- **Tölenmeli tölegi** aňladýan pula degişli ähli argumentlerdäki sanyň alamaty **"-"** bolmaly, alynmaly puly aňladýan sanlaryň alamaty **"+"** bolmaly.

***Hasaplanylan mysal:***

Ýylda 10 göterimli 80 million manat möçberde üç ýyllyk karz üçin her aýlyk **tölegiň jeminiň** hasaplanylyşy şeýledir:

**ПРОЦПЛАТ (0,1/12;1;36;80000000) = -648 148,1 mnt**

bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki **E54** öýjükdedir.

Ýylda 10 göterimli 80 millon manat möçberde üç ýyllyk karz üçin birinji ýylda **tölenen göterimleriň jemi** şeýle hasaplanylýar:

**ПРОЦПЛАТ (0,1;1;3;80000000) = -5 333 333 mnt**

bolar, onuň hasaplanan bahasy MS Exceldäki **E55** öýjükdedir. Ýokarky hasaplamalaryň MS Exceldäki görnüşi aşakda getirilendir:



| | A | B | C | D | E |
|---|---|---|---|---|---|
| 49 | | | | | |
| 50 | **Görkezilen töleg döwürlerinde tölegleri hasaplamak** | | | | |
| 51 | **(ПРОЦПЛАТ)** | | | | |
| 52 | **ПРОЦПЛАТ(Stawka; Döwür; Кпер; Hb)** | | | | |
| 53 | **Stawka** | **Döwür** | **Кпер** | **Hb** | **ПРОЦПЛАТ** |
| 54 | 0,00833 | 1 | 36 | 80000000 | -648 148,1 MNT |
| 55 | 0,1 | 1 | 3 | 80000000 | -5 333 333 MNT |

## I.9. MS Excelde funksional düwmeleriň niýetlenilişi we olaryň dolandyryş düwmeleri bilen utgaşdyrylyşy

| Dьwme | Işi | +SHIFT | +CTRL | +ALT | +CTRL + SHIFT | +ALT +SHIFT |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **F1** | Anyklama berэдг. | **Что это такое? –** Kursor duran эere anyklama berer. | – | Diagrammaly sahypany goэar. | – | Тдzе sahypa aзэar. |
| **F2** | Цэјькдјкі maglumaty, formulany dьzetmek. | Цэјьge berlen belligi dьzetmek. | – | **Сохранить как** buэruga geэer, эatda saklamak işi. | – | Эние **Сохранить** buэruga geэer, эatda saklar. |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **F3** | Formula at bermek. | Formula funksiэa goэmak. | At bermek. | – | Цэjыkdдki эazgy boэunэa at bermek. | – |
| **F4** | Soňky amaly gaэtalaэar. | Soňky geзmдni, gдzlegi gaэ-talamak. | Penjirдni эapэar. | **Выход** эykmak buэruk bolэar. | – | – |
| **F5** | **Правка** degişli **Перейти** buэruga geзэдr. | **Поиск** gдzleg penjire ekrana geler. | Kitap penjire-siniň ölçegi deslapky bolar. | – | – | – |
| **F6** | Penjirede tдze эere geзmek. | Penjirede öňki yere geзmek. | Indiki kitaba geзmek | – | Öňki kitaba geзmek | – |
| **F7** | **Сервис** menэu-daky **Орфогр-афия** – dыrs эazmagy amal edэдr | – | Kitabyň penjiresine geзmek | – | – | – |
| **F8** | Belgilenen эeri giňeldyär. | Indiki belgilenen эere geзэдr | Kitabyň penjiresine nдзber berэдr | **Макрос** penjire aзylэar. | – | – |
| **F9** | Aзylan kitaplar-daky sahypalary sanaэar. | Bar sahypa-lary sanaэar. | Kitabyň penjirelerini etege эygnaэar. | – | – | – |
| **F10** | Menэu setirine geзmek. | Gapdal menyu эykarmak. | Penjirдni aзmak. dik-eltmek. | – | – | – |
| **F11** | Diagram-ma dдre-tmek. | Tдze sahypa goэmak. | Makros ьзin sahypa. | Visual Basic redaktöry aзmak. | – | – |
| **F12** | **Сохран-ить как** buэrugy amal etmek. | **Сохран-ить** buэrugy amal etmek. | **Файл**da **Открыть** buэrugy amal etmek. | **Файл**da **Печать** (**зap etmek**) buэrugy amal etmek. | – | – |

## I.10. MS Excelde kitaplary wirusly makroslardan goramak

MS Excelde işlenilende beýleki bar bolan kitaplar we faýllar açylanda, olardaky **makroslar** wirusly bolmagy mümkin. Olar köplenç şol kitaplar, faýllar açylanda işjeňleşmegi mümkindir, şonuň üçin hem açylmazdan öň olary alan ýeriňiziň ygtybarlylygy barlanmaly. **Makroslar** Exceliň yzygiderli buýruklaryndan bir buýruk hökmünde döredilýär. **Makroslar** çylşyrymly meseleleri kompýuterleşdirmekde, köp gaýtalanýan meseleleri çözmekde zerurdyr. **Makroslary Visual Basic** algoritm diliň **VBA** redaktorynda ýazyp bolar, olary gönüden-göni **Visual Basic** algoritm dilde hem döredip bolar.

Wirusly kitaplar goralmadyk kompýuter torynda ýa-da Internetiň serwerinde bolup bilerler. Ony barlamak üçin aşakdaky yzygiderliligi ýerine ýetirmeli:

1. **Сервис** menýudaky **Параметры** buýrugy saýlamaly, ondan **Общие** gata geçmeli:



2. **Защита от макровирусов** – ýazgynyň öňüne bellik etmeli hem-de OK – basmaly.

Bu goragy aýyrjak bolsaň **Защита от макровирусов** ýazgynyň öňündäki belligi aýyryp, OK basmak ýeterlikdir.

MS Excelde makroslar bilen döredilen resminamalar,

kitaplar açylanda ýokarky penjirede bellik edilen bolsa, hökmany suratda kompýuteriň öz ulanyjysy üçin şu penjire çykýar:




Eger alan maglumatyňyz anyk çeşmeden bolsa **Включить макросы** ýazgyny basmaly, maglumat alnan çeşmä ynam ýok bolsa, **Отключить макросы** ýazgyny basmaly. Maglumat alnan çeşmäňizi bilmeýän bolsaňyz, onda **Не открывать** ýazgyny basmaly.

Islendik ýagdaýda hem şu ýokarky soraglar kompýuter tarapyndan berler ýaly şu penjiredäki **Всегда задавать этот вопрос** ýazgynyň öňünde bellik edilen bolmaly.

## I.11. MS Exceliň iş ekranyna *parametrler* bermek

MS Exseliň iş ekranyna *parametrler* bermek, ony öz isledigiňçe düzlemek möhüm bolup durýar. Onuň üçin baş menýunyň **Сервис** ▸ **Параметры ...** bölümine girmeli, şonda ekrana ölçegler bermek üçin birgiden gatly şu penjire açylýar:

Penjiräniň **Параметры** ▸ **Вид** gatyndaky **Отображать** böleginde ekranda formula setiri bolmaly bolsa, **строку формул** ýazgynyň öňünde bellik goýmaly, setiriň ýagdaýyny



Неподшитые заметки Стр.85

görkezmek **строку состояния** ýazgynyň öňünde bellik goýmaly.




Öýjüge edilen **bellige** degişli görkezmeleri **Примечания** bölekdäki sözlere bellik etmek bilen berilýär.

MS Excele goýlan obýektler (şol sanda islendik şekiller) baradaky görkezmeler gatyň **Объекты** böleginde berilýär.

Gatyň **Параметры окна** böleginde **iş penjirä** degişli birgiden görkezijiler **bellik edip** berilýär:

**формулы** setire bellik edilende, öýjüge baha ýazylman, onuň formulasy ýazylýar;

**сетка** – ekrananyň iş ýerine ülňi tory çykýar, ol tory çapa çykarmak üçin **Файл ▸ Параметры страницы** penjräniň **Лист** gatyndaky **сетка** ýazylan ýerde bellik etmeli.

**нулевые значения** öýjügiň bahasy nol bolsa oňa çykarýar.

**заголовки строк и столбцов** setiriň we sütüniň ady ekrana çykarýar.

**символы структуры** şekiliň düzümini ekrana çykarýar.

**горизонтальная полоса** iş ekranyny keseligine dolaýan 

belligi goýýar, aýyrýar.

**прокрутки вертикальная полоса** iş ekranyny dikligine dolaýan  belligi goýýar we aýyrýar.

**прокрутки ярлычки листов** sahypa ýazylan ýere, olaryň belgijigini berýär, şonda sahypadan sahypa geçip bolar.

**авторазбиение на страницы** ýazylýan ýeri awtomatiki ýagdaýda sahypa bölýär, ony ekranda görüp bolýar, ol kesilen çyzyklar bilen bölünendir.

**цвет:** iş ekrandaky toruň reňkini berip bolýar. Eger **Авто** ýazylan ýere goýlanda adaty gara reňkli tor bolýar. **Авто** ýazgynyň sagyndaky ▾ peýkamjygy bassaň tor üçin başga reňkleriň görnüşi çykýar, olardan islendigiňi toruň reňki üçin saýlap alyp bolýar.

Baş menýunyň **Сервис** ▸ **Параметры ...** penjiräniň **Вычисления** gatynda hasap-hesibe degişli görkezijileri berip bolýar, onuň görnüşi şeýledir:




Bu gatyň toparyndaky goşulmaly görkezijileriň biri:

**Вычисления** – toparynda hasaplamagyň tertibi kesgitlenilýär.

**Итерации** toparda hasaplamagyň takyklygyna ýetmegiň bolmaly hasaplarynyň sany we takyklygyň ululygy berilýär.

**Параметры книги** bölekde ähli kitaba degişli hasaplamanyň parametrleri berilýär.

Baş menýunyň **Сервис ▸ Параметры...** penjiräniň **Правка** gatynda sahypalary redaktirlemek üçin parametrler berilýär, onuň görnüşi şu aşakdaky ýalydyr:




Bu gatdaky düzedişler kitabyň ähli sahypalaryna täsir edýär.

Bu gatdaky setirlerde **bellik** edilende şu işler amal edilýär:

**Правка прямо в ячейке** öýjüge syçanyň peýkamyny eltip, iki sapar bassaňyz, onda gönüden-göni ýazyp, düzediş girizip bolar.

**Перетаскивание ячеек** öýjükdäki maglumatlara peýkamy eltip, syçanyň çep düwmesini basyp, islendik başga öýjüge süýräp eltip bolar.

**Предупреждать перед перезаписью ячеек** öýjüge ýazmazdan öň duýduryş berýär.

**Переход к другой ячейке после ввода в направлении:** öýjüge ýazgy ýazyp, Enter düwmäni basanyňda, kursoryň haýsy tarapa gitmelidigi berilýär, onuň üçin sagdaky penjirejikde ▾ şu belgini basanyňda çykan sanawdan birini saýlap almaly:

**Вниз** – aşak;

**Вправо** – saga;

**Вверх** – ýokary;

**Влево** – çepe.

**Фиксированный десятичный формат...** onluk san girizilende, drob ülüşi görkezilýär;

**Перемещать объекты**... Exceldäki goýlan obýektler, öýjüklerdäki maglumatlar bilen nusgalanýar, kesilip aýrylýar we tertipleşdirilýär;

**Запрашивать об обновлении...** öýjükde maglumatlar täzelenilende awtomatiki arabaglanyşygy soraýar;

**Плавная вставка и...** sahypada üýtgeşme bolanda, setir ýa-da sütün, öýjükdäki maglumat aýrylanda akymly bolýar;

**Автозаполнение значений...** sütünde birinji öýjüge maglumatlar girizilse, galanyny kompýuter görkezişiňe göra özi doldurar.

Baş menýunyň **Сервис ▸ Параметры...** penjiräniň **Общие** gatynda faýllary, kitaplary umumy häsiýetnamalaşdyrmak üçin parametrler berilýär, onuň görnüşi aşakda getirilendir.

Bu gatyň **Параметры** böleginde kitaby açmak, seretmek, ony ekrana çykarmak üçin parametrler **belgi edilip** kesgitlenilýär, olaryň has köp ulanylýanlary:

**Защита от макровирусов** açylan kitaplarda makrowiruslaryň barlygy barlanýar;




**Звуковое сопровождение...** amallar ýerine ýetirilende ses çykarylýar, onuň üçin ses draýwerleri goýlan bolup, ses çykarýan gurluş bolmaly;

**Список ранее откр... не более:** Baş menýudaky **Файл** girenimizde iň soňky faýllaryň, kitaplaryň çykmaly sanawy görkezilýär;

**Листов в новой книге** ilki açylanda ekrandaky kitapda ady bolmaly sahypalaryň sany görkezilýär;

**Стандартный шрифт:** ulanylmaly adaty şriftiň görnüşi saýlanylýar, bu ýerde **Размер:** bilen öýjükde ýazylmaly harplaryň, şekiliň adaty möçberi görkezilýär (olary ekrandanam düzedip bolýar).

**Рабочий каталог:** hiç hili görkezme berilmese, kompýuter bar faýly-kitaby şu ýerde görkezilen papkada-katalogda awtomatiki ýerleşdirýär;

**Каталог автозагрузки:** kompýuterdäki **Каталог автозагрузки** ýere ýazylan kitaby girizýär;

**Имя пользователя:** bu ýerde ulanyjynyň ady üýtgedilýär.

## II bölüm

## YKDYSADY WE DOLANDYRYŞ MAHABATLANDYRMALARY GURAMAGYŇ TILSIMATY

Türkmenistan döwletimizde **Elektron resminamalar hakyndaky** kanunyň kabul edilmegi bilen häzirkizaman kompýuterleriň esasynda edara-kärhanalarda we guramalarda elektron resminama dolanyşygyny alyp barmak XXI asyryň maglumat tilsimatyny önümçilige ornaşdyrylmagynyň başlangyç tapgyry bolup durýar. Dünýä kompýuter tory bolan Internet arkaly elektron aragatnaşygy, maglumat alyş-çalşygy bilen ýüzlerçe million işewür adamlar, talyplar, okuwçylar özleriniň maglumatlara bolan islegini kanagatlandyrýarlar. Türkmen diliniň döwlet dili bolmagy bilen hem-de 2000-nji ýyldan başlap ýurtdaky ýazuw-habar beriş işlerinde täze milli elipbiýiň dolanyşyga girizilmegi, bu işlerde häzirkizaman kompýuterleriň köpçülikleýin ulanylmagyna uly itergi boldy.

Ýurdumyzda kompýuterlere esaslanan täze maglumat tilsimatyň naýbaşy *maksatnamalar toplumy* bolan **Microsoft Office** edara-kärhanalaryň we guramalaryň işinde gündelik ulanylyp başlanyldy. Hat, resminama dolanyşykda **Microsoft Word** *ýazgy redaktory* ulanylýan bolsa, uly hasabatlary düzmekde **Microsoft Excel** *tablisa redaktory* ulanylýar. ***Işewür adamlar***, edara-kärhanalaryň we guramalaryň ***ykdysatçylary, menejerleri, marketologlary*** öz işlerini, gündelik hasabatlaryny **Microsoft Office** kompýuter maksatnama toplumdaky **Microsoft Power Point** kompýuter maksatnamada ýerine ýetirip

bilerler. Şeýle taýýarlanylan işler, hasabatlar mahabatlandyrma görnüşinde nutuk bilen çykyş edilýärkä, sergilerde şekillendiriş serişdeleri bilen görkezilip bilner, Intranet görnüşli kompýuter torlarda, Internetde ýaýradylyp bilner. Elektron serişdelerde gulluk, işewür, maliýe işleri **Microsoft Power Point** kompýuter maksatnamada döretmegiň dolurak tilsimaty hem-de adaty ülňüler esasda şeýle işleri amal etmek bu bölümde şekilleri bilen getirilendir. Bu bölüm iş tejribe esasynda **Microsoft Power Point 2000** maksatnamada ýazyldy.

## II.1. Power Point kompýuter maksatnamasy. Umumy häsiýetnamalar

**Microsoft Power Point** kompýuter maksatnamasy **Microsoft Office** maksatnamalar toplumyndaky iň bir esasy işlenilýänleriň biridir. Onuň bilen menejerler, ykdysatçylar, marketologlar öz çykyşlaryny, hasabatlaryny diňleýjileriň öňünde elektron serişdeleriň esasynda mahabatlandyryp, **Intranet** we **Internet** kompýuter tory arkaly ýaýradyp biler.

Mahabatlandyrma işini ýerine ýetirmek üçin ony ilki **bilen döretmek, bezemek zerurdyr. Microsoft** Power Point 2000 maksatnamasynda alty sany awtofiguralaryň täze toplumy girizilendir. Olar kompýuterde Web birleşmeleri, torlary, ofisleriň çyzgylaryny we ş.m. döretmegi has hem ýeňilleşdirýär. Power Point 2000 Web sahypalarda suratlary peýdalanmagy ýönekeýleşdirýär. Web sahypalar üçin suratlar **GIF**, **JPEG**, **PNG** ýa-da **VML** (Vector Markup Language) formatlarda awtomatiki ýatda saklanylýar.

**TWAIN** protokolynda goldanýan skanerleriň we sanly kameralaryň köpüsinden suratlary skanirläp gönüden-göni Power Pointa geçirip bilýär. GIF suratlary Power Pointdaky mahabatlandyrmada edil janly ýaly edip görkezip bolýar.

Power Point 2000 kompýuter maksatnamada döredilen

mahabatlandyrmany Proýektor ussat arkaly uly ekrana awtomatiki çykaryp, anyk şekilde görkezip bolýar. Döredilen mahabatlandyrmalary Internet boýunça alyp görkezibem bolýar, ony soňra görkezmek üçin Web birleşmede ýatda saklamaly. Kompýuter torunda Microsoft Power Pointdan ýa-da Microsoft Outlookdan gönüden-göni ýygnak geçirmegi meýilnamalaşdyrybam bolýar. Ýygnaga gatnaşyjylar kompýuter torunda ýygnak geçýärkä görkezilýän mahabatlandyrma üýtgeşiklik girizibem, beýlekileriň girizen üýtgeşmelerine seredibem, şeýle hem, özara maglumatlar alşybam bilerler.

Power Point 2000 kompýuter maksatnamada wiruslardan goraýan serişdeler goýlandyr, ondan başga-da ulanyjylaryň özleri hem oňa şeýle wirusdan goramak serişdelerini goýup bilerler. Power Point 2000-de döredilen mahabatlandyrmalaryň gizlinligini we goragyny üpjün etmek üçin *sanly golly* **VBA (Visual Basic for Applications)** dilde ýazylan öz makroslary bilen amal edip bilerler. VBA programmirleme dili adaty Visual Basic algoritmek dili ýalydyr. Microsoft Power Point 2000 kompýuter maksatnamasyndaky *mahabatlandyrma* **Microsoft** firmasy tarapyndan goldanýan islendik dilde ýazgylary girizip, seredip we üýtgedip bolýar. Oňa ýewropa, ýapon, hytaý, koreý, iwrit we arap dilleri degişlidir.

Umumy görnüşde Power Pointyň iş ekrany we gurallary kompýuteriň ekranynda şeýle görnüşe eýedir:

Bu ýerde **Строка меню** – maksatnamanyň baş menýusydyr, onuň bilen ähli işler, şol sanda mahabatlandyrma işleriň faýllaryny döretmek, döredilen faýllara-mahabatlandyrma, düzedişler girizmek, mahabatlandyrmany görkezmek we ş.m. işler ýerine ýetirýär. Bu menýu setiriň islendik ýerine syçanyň peýkamyny eltip, onuň sag düwmesi basylanda *gurallar panelleriniň* aşagyndaky gysgaça häsiýetnama berilýän sanaw çykýar, islendik gerek setiri basylanda onuň gurallar toplumy iş ekranyň ýokarsyna ýa-da aşaky etegine gelýär.




Maksatnamanyň **Стандартная** gurallary bilen, adatça, işde köpräk amal edilýän işleri ýerine ýetirmekde peýdalanylýar. **Форматирование** gurallar toplumy bilen mahabatlandyrmada çäk bermek işleri amal edilýär. **Рисование** gurallar toplumy bilen mahabatlandyrma islendik şekili çyzyp, taýýarlaryny goýup, redaktirläp bolýar. **Таблицы и границы** gurallar toplumy bilen mahabatlandyrmada tablisalary döretmek, araçäkler bermek işleri amal edilýär. **Структура** gurallar toplumy bilen mahabatlandyrmanyň ýazgy bölegi ýazylýar, tertipleşdirilýär we redaktirlenilýär, şonuň üçin hem, ol mahabatlandyrma döretmekde esasy gurallar toplumydyr. **Элементы управления, Visual Basic** gurallar panelleri bilen mahabatlandyrmada **VBA** (**Visual Basic for Applications**) goşundy bilen işler edilende has köp ulanylýar. **Эффекты анимации** gurallar paneli toplumy bilen mahabatlandyrmadaky obýektleri janlandyrmak işleriniň buýruklary ýerine ýetirilýär we düzlenýär. **Web** gurallar paneliniň toplumy bilen



Неподшитые заметки Стр.94

mahabatlandyrmany Internet bilen baglanyşdyrmak amallary ýerine ýetirilýär. **WordArt** gurallar toplumy bilen mahabatlandyrmada owadan ýazgylary ýazyp, redaktirläp bolýar. **Настройка изображения** gurallar toplumy bilen mahabatlandyrmadaky goýlan şekilleriň reňkleri düzlenýär, redaktirlenýär. **Рецензирование** gurallar toplumy Power Pointdaky mahabatlandyrmanyň slaýdyna mahabatlandyrmanyň her bir sahypasyna *bellik* goşulanda ulanylýar, onuň kömegi bilen mahabatlandyrmany peýdalanyjylar öz seslenmesini we tekliplerini *bellik* ýere ýazyp bilýärler, şeýle hem mahabatlandyrmany bu panel bilen **Microsoft Outlook** elektron aragatnaşygy arkaly beýleki ulanyjylara ugradyp bolýar.

### *II.1.1. Power Pointyň iş ekrany bilen tanyşmak*

Power Point kompýuter maksatnamasy maglumat tehnologiýasynda mahabatlandyrmak işi üçin niýetlenilendir hem-de reklama işlerini guraýan kuwwatly serişdedir. Power Pointda mahabatlandyrmanyň her bir sahypasyna slaýd diýilýär. Power Pointdaky her bir döredilen mahabatlandyrmada çäksiz mukdarda slaýd bolup biler. Slaýdy Power Pointda aşakdaky ugurlarda görkezip bolar:

- ✓ Ekranda mahabatlandyrmak;
- ✓ Internetde ýerleşdirmek üçin Web sahypa görnüşinde;
- ✓ Reňkli hem-de reňksiz görnüşlerde;
- ✓ Reňkli hem-de reňksiz kagyz göterijilerde;
- ✓ 35-mm slaýdlarda;
- ✓ Çykarmak;
- ✓ Çykyş edýäniň bellikleri görnüşinde.

Power Pointda işlemegiň düzgünleri, ýagny mahabatlandyrmagyň üstünde işlemegiň we şekillendirmegiň usullary şulardan ybaratdyr:

- ✓ Adaty iş düzgüni, onuň düwmesi ⊞;

✓ Düzüm iş düzgüni, onuň düwmesi ☰;
✓ Slaýdlar, iş düzgüni, onuň düwmesi ▭;
✓ Slaýdlary tertipleşdirmek, onuň düwmesi ⊞;
✓ Slaýdlary görkezmek, onuň düwmesi ⊡.

Bir iş düzgünden beýleki iş düzgüne Power Pointyň penjiresiniň aşagyndaky, ýokarsyndaky görkezilen çep düwmejiklere basyp geçip bolýar:




Power Pointyň adaty *3 – birde* ýerleşen iş düzgüniniň görnüşi:



Power Pointyň çep ekranynyň böleginde mahabatlandyrmanyň düzüm bölegi, onuň ýazgysy ýerleşýär. Ekranyň sagynda mahabatlandyrmanyň düzüm böleginiň kursor duran ýeriniň slaýdy görkezilýär. Iň aşaky sag bölekde bolsa mahabatlandyrmanyň şol düzüm böleginiň slaýdyna degişli bellik getirilýär.

Power Pointyň çep ekranyndaky düzüm bölegini aýratyn ulurak edip alyp, oňa degişli aşaky etekdäki düwmäni basmaly:




Ekranyň düzüm böleginde mahabatlandyrmanyň ýazgysy grafik obýektlersiz görkezilendir. Bu bölek ýazgyny tiz girizmek, düzetmek hem-de tertipleşdirmek üçin niýetlenilendir. Düzüm böleginiň möçberini üýtgedip bolýar, onuň üçin düzüm düzgüniniň düwmesini basaýmaly. Görkezilmeli slaýdlaryň tertibini ýa-da düzüm bölegindäki belgilenen (markirlenen) sanawdaky tertibini süýräp, gerek ýeriňe eltmeli.

Power Pointyň slaýd böleginde mahabatlandyrmanyň düzüm bölegindäki sanawyň kursor duran ýerindäki, oňa degişli slaýdy görkezýär, ol düzgüne aşakdaky slaýd düzgüniň düwmesini basyp geçip bolýar, onuň görnüşi:



Неподшитые заметки Стр.97




Bu ýerde:

- ✓ Mahabatlandyrmanyň her bir slaýdyny görmek bolýar.
- ✓ Slaýd bölegine grafik obýektleri, ýazgylary diagrammalary, şeýle hem beýleki obýektleri goşup bolar.
- ✓ Bir slaýddan beýleki slaýda kranyň gapdalyndaky ýa-da aşaky etegindäki dolanyş zolagy bilen geçip bolýar.
- ✓ Slaýd böleginiň möçberini hem üýtgedip bolýar, onuň üçin slaýd düzgüniň düwmesini basmaly.

Power Pointyň slaýdlary tertipleşdirýän iş düzgüniniň ekrany aşakdaky ýaly görüner:

Bu iş düzgünine geçmek üçin slaýdlary tertipleşdirmek düwmesini basmaly. Ekrandaky mahabatlandyrmanyň tertipleşdirilen şekiljikleri kiçijik görnüşde görkezilendir. Ekrandaky bir ýa-da birnäçe slaýdlaryň ýerini çalyşjak bolsaň, olary belgiläp geçirjek täze ýeriňe süýräýmeli.

Power Pointda slaýdlary görkezmek düzgüniniň edýän işleri aşakdakylardyr:

- ✓ Bu düzgün mahabatlandyrmaňy tizden-tiz amal etmek üçin ulanylýar;



Неподшитые заметки Стр.98




- ✓ Bu düzgünde mahabatlandyrmany barlap görüp ýa-da mahabatlandyrmany elektron görnüşde ulaldyp geçirip bolýar;
- ✓ Mahabatlandyrma doly ekranda animasiýalary hasaba almak hem-de slaýdlary çalyşmak usullary bilen görkezilýär;
- ✓ Bir slaýddan indiki slaýda syçanyň düwmesini basyp geçmeli, öňe – yza bolsa klawiaturadaky degişli dolandyryş düwmäni basyp geçmeli.

### *II.1.2. Power Pointda mahabatlandyrma döretmek*

Power Point kompýuter maksatnamany açanymyzda ilki bilen aşakdaky penjire iş meýdanyna gelýär, onda mahabatlandyrma döretmegiň mümkin bolan usullary ýa-da öň döredilen mahabatlandyrmany açmak barada bellik goýmagy we OK basmagy soraýar.

Power Pointda mahabatlandyrmak işine ilkinji başlanyňyzda awtomazmun ussatdan 

başlasaňyz ýerlikli bolar.




Mahabatlandyrmak işiniň öň ülňüsi taýýarlanylan bolsa, onda 

şu ýere bellik goýup, ol ülňüni gözläp tapyp maglumatlaryňy ýerleşdirip başlamaly.

Mahabatlandyrmak işini boş ýerden özbaşdak başlajak bolsaňyz, onda şu ýerde 

bellik etmeli.

Öň açylyp işlenen mahabatlandyrmany açyp görjek we işlejek bolsaňyz, onda şu ýerde 

bellik etmeli.

## II.1.2.1. Power Pointda mahabatlandyrmany awtomazmunyň ussadyny peýdalanyp döretmek

Ilkinji sapar mahabatlandyrma döretjek bolsaňyz, Power Pointda bar bolan ülňülerden peýdalanmaly, onuň üçin 

– ýazga girmeli, OK basmaly. Şonda jogap berilmegi talap edilýän awtomazmunyň şu penjiresi çykýar




Bu penjirede **Далее>** basmaly, şonda awtomazmunyň şu penjiresi çykýar:

Bu penjirede Power Pointdaky awtomazmunyň ussatda bar bolan mahabatlandyrmalaryň ülňüleriniň sanawyndan birini saýlap almaly, onuň üçin agaryp duran sanawly penjiräniň çepindäki ülňüleriň toparlaryndan birini basmaly. Bu ýerde gerek ülňi mahabatlandyrmanyň zeruryny almaly ýene **Далее>** basmaly, şonda şu penjire çykýar:



Неподшитые заметки Стр.101







Bu penjiräniň sagyndaky sanawdan birini mahabatlandyrmany nirä çykarjagyňy, görnüşini görkezip saýlamaly, ýene-de **Далее>** basmaly, indiki çykjak gatyň görnüşi:



Неподшитые заметки Стр.102




Bu penjiredäki **Заголовок презентации:** ýazgynyň aşagyndaky zolaga mahabatlandyrmanyň adyny girizmeli hem-de – ýerde degişli at ýazmaly (bu maglumatlary bermeseňizem bolýar), aşakdaky ýazgylar gerek bolsa, olarda bellijik etmeli, soňra **Далее>** basmaly, şonda şu penjire çykýar:



Bu ýerde berlen maglumatlar kanagatlanarly bolsa, **Готов** düwmesini basmaly ýa-da **<Назад** düwmäni basyp, düzediş girizmeli. Mysal üçin, **işgärleri okatmak** mahabatlandyrmanyň ülňüsi şeýle ýagdaýda ekrana gelýär:




Bu ýerde edilýän işler şulardan ybaratdyr:

1. Awtomazmun ussady mahabatlandyrmany ýokarky saýlanan ülňi boýunça çepdäki mazmunyň her bölümi ýa-da islegiňe görä bölümleriň toplumy üçin slaýdlar döredýär.

2. Mahabatlandyrmanyň mazmuny we onuň guralyşy ülňüni ulanyjynyň jogabyna esaslanýar.

3. Her ädimde ussadyň gönükdirmesinden ugur almaly.

4.Ulanyjy maglumatlary girizip bolanyndan soň, awtomazmun ussat mahabatlandyrmanyň daşky jildi slaýdy bilen birnäçe slaýdlary degişli bölümler üçin döredýär.

5. Awtomazmun boýunça teklip edilen çepdäki ýazgyny bellik edip, öz ýazgyňyz bilen çalyşmaly.

6. Bir slaýddan beýleki slaýda dolanyş zolagy boýunça geçmeli.



Неподшитые заметки Стр.104

## П.1.2.2. Power Pointda mahabatlandyrmany gözýetimiň bilen çalt döretmek

Power Pointda gözýetimiň bilen mahabatlandyrmany çalt döretmek üçin, ol kompýuter maksatnamasyna gireniňde, açylýan şu penjiräniň:




setirinde 

şeýle bellik etmeli, OK ýa-da Enter düwmesine basmaly. Şonda iş ekrana jogap soraýan şu penjire gelýär:

Bu penjirede çalt döretjek mahabatlandyrmanyň görnüşini degişli gatyň sanawyndan görkezmeli hem-de OK basmaly. Bu penjiräniň **Общие>Новая презентация** ýa-da **Шаблон оформления>** gatyna baryp bellik edip, OK basylanda mahabatlandyrma üçin maketleriň şu sanawy çykar:



Неподшитые заметки Стр.105







Power Pointyň awtomaketi slaýd ýazgylaryň we obýektleriň ýerleşişini berýär hem-de gyradeňligini üpjün edýär.



Неподшитые заметки Стр.106

Şu penjiredäki awtomaketlerden birini saýlamaly we OK basmaly. Iş ekranyna saýlanan maket gelýär:




Slaýdyň şu çarçuwalarynyň içindäki ýazgylary, şekili üýtgetjek ýa-da täzesini goşjak bolsaň, daşky çyzygyň üstüne syçanyň peýkamyny eltip basyp işe başlamaly.

Bu ýerde:

- Markerler awtomatiki goşulýar;
- Setiriň başyndan yza çekilme klawiaturadaky **Tab** düwmesi arkaly amal edilýär.

Mahabatlandyrma *täze slaýdy* Power Pointyň baş menýusyna baryp, **Вставка>Новый слайд>Enter** basyp döredip bolýar:




### II.1.2.3. Power Pointda mahabatlandyrmany düzüm bölegindäki ýazgylar bilen döretmek

Mahabatlandyrmanyň düzüm bölegindäki ýazgylary ýygnamak her bir slaýdyň atlandyrylyşyny, esasy mazmunyny ýazmak esasy işleriň biridir. Slaýdyň düzüm böleginiň umumy görnüşi aşakdaky ýalydyr:

Slaýdyň tertibi **Enter** düwmäni basyp ýa-da **Форматирование, Структура** gurallar panelindäki ⇦ ⇨ düwmeler bilen berilýär hem-de onuň sagyndaky ýazgylar oňa

degişli edilip, tertipdäki slaýdyň umumy adyny görkezýär. Onuň derejesini basyp kiçeldip (näçe sapar basylsa şonça-da ol ýazgy setiriň derejesi peselýär), basyp ulaldyp bolar.




Slaýdyň şu tertibe degişli ýazgy sözlemi islendik görnüşde ýazyp, ol ýazgy sözlemi ýokarky peýkamlar bilen uly ýa-da baglylygyny görkezýän dereje berip bolýar.

Microsoft **Office** kompýuter maksatnamalarda düwmeler bilen ýazgy ýazmak üçin ýazgy ýazjak diliň harplary klawiaturada goýlan bolmaly. Şeýle işler dünýäniň köp dilleri üçin goýlandyr, onuň bellijegi **Windowsyň** meseleler panelinde görkezilendir. **Türkmen diliniň** milli elipbiýiniň harplary entek **Windowsda Microsoft** firmasy tarapyndan goýlan däldir. Türkmen diliniň harplarynda *ýazgylar* **Microsoft Word** ýazgy redaktorynda **En**-iňlis klawiaturada ýygnalýar. **Milli elipbiýiniň** klawiaturadaky harplardan tapawutlanýan harplary **Вставка➢Символ➢(обычный текст)** basyp çykan penjirede,

ol harplary degişli klawiaturanyň düwmeleri bilen ýazgy ýazar ýaly utgaşdyryp buýruk berýär. Mysal üçin, **Ý** harp köplenç **Alt+Shift+Y** ýa-da **Ctrl+Shift+Y** düwmeleriň bilelikde basylmagy bilen ýazylyp bilner.

**Microsoft Word**da ýygnalan mahabatlandyrmanyň düzümi ol ýerdäki gurallar panelinden **Файл➢Отправить ▸➢Microsoft PowerPoint➢Enter** basyp **Power Point**a geçirilýär. Microsoft Wordda ýygnalan ýazgylary **Копировать** buýruk bilen Power Pointdaky **Вставить** buýruk bilen goýup hem bolar. Şeýle iş **Power Point**da göz öňüne tutulandyr.

Şeýle hem Power Pointdaky mahabatlandyrma kompýuteriň beýleki maksatnamalarynda döredilen resminamalary getirip bolýar. Power Pointa getirip bolýan resminamalaryň, faýllaryň sanawy:

1. **Microsoft Worddaky** ýazgylar, resminamalar, faýllar.
2. **RTF** formatdaky **(.rtf)** resminamalar, faýllar.
3. Adaty formatdaky **(.txt)** ýazgylar.
4. **HTML** (Internetiň) formatyndaky **(.htm)** resminamalar.

Ýokarky resminamalary Power Pointyň düzüm (ýazgy) bölegine geçirilende resminamalardaky sözlem ýazylanda **Форматирование** gurallar toplumyndaky aşakdaky düzümler stili peýdalanylmalydyr:




Bu ýerde **Заголовок 1** bilen slaýd, slaýdyň ady ýazylan sözleme stil berilýär. **Заголовок 2** bilen slaýddaky ýazgynyň birinji derejesine stil berilýär. Slaýddaky her bir öňki ýazga bagly indiki sözlemi ýa-da sözlemler toparyny degişlilikde **Заголовок 3, Заголовок 4, Заголовок 5** stiller berilmelidir.

Eger Power Pointa geçiriljek resminamanyň sözlemlerine stil berilmedik bolsa, olary PowerPointa geçirip, haýsy sözleme stil bermeli bolsa, onuň üstüne syçanyň peýkamyny eltip (kursor

ol ýerde bolmaly) **Форматирование** ýa-da **Структура** gurallar toparyndaky  peýkamlary basyp berip bolýar. Slaýdlaryň düşeginiň bezelişi **Файл➤Создать➤Дизайны Презентаций** – penjiredäki görnüşlerden saýlanyp aýratyn berilýär.

Slaýdlardaky türkmen diliniň adaty ýazgylary, tablisalardaky, grafiklerdäki, belliklerdäki we ş.m. ýazgylary Microsoft Word-da ýygnap oňa **Копировать** buýruk arkaly Power Pointdaky **Вставить** buýruk bilen geçirilmegi zerurdyr.

## *II.1.3. Power Pointda döreden mahabatlandyrmaňy üýtgetmek*

### II.1.3.1. Power Pointda mahabatlandyrmaňy bezemegi täzeden saýlamak

Mahabatlandyrmany täzeden bezemekde şu işler möhümdir:

1. Mahabatlandyrmany bezemegiň ülňüsi hünärment bezegiň mysalydyr, ony işleýän mahabatlandyrmaňa islendik wagty ulanyp bolýar.

2. Her bir bezeg ülňüsi slaýdlaryň görnüşlerini özinde jemleýär, onda düşegiň görnüşi, reňki, belgilenen (markirlenen) sanawlaryň stilleri we şriftleriň möçberi berilýär.

3. Mahabatlandyrma täze bezeg bermek üçin baş menýudaky **Формат>Применить шаблон оформления...>Enter** basyp, ähli mahabatlandyrma üçin çykan penjiredäki sanawdan täze bezegi saýlamaly. Täze bezeg bereniň bilen mahabatlandyrmanyň mazmuny üýtgemez. Mysal üçin, şol bir mahabatlandyrmanyň 4 sany bezeliş görnüşi aşakda getirilendir:



Неподшитые заметки Стр.110




Reňk shemasy diýlip sözbaşylar, ýazgylar we grafik obýektleri üçin 8 sany özara ylalaşykly reňkleriň toplumyna aýdylýar. Olaryň mahabatlandyrmada ulanylyşy şeýleräkdir:

- Her bir bezeliş ülňüde bar bolan birnäçe reňk shemadan birini saýlap alyp bolýar.

Täze reňk shemasyny birnäçe ýa-da işlenýän mahabatlandyrmanyň ähli slaýdlarynda ulanyp bolýar.

### II.1.3.2. Power Pointda mahabatlandyrma figuralary we shemalary goşmak

Power Pointda figuralary we shemalary döretmek üçin awtofigura peýdalanylýar. Gurallar toplumyndaky **Автофигура ▾** syçanyň peýkamyny eltip çep düwmesini basmak ýeterlikdir, şonda çykan toparlandyrylan sanawly setiriň birine peýkamy eltseň, onuň sagyndan degişli figuralaryň toplumy çykar, olardan biriniň üstüne peýkamy eltip basyp mahabatlandyrmanyň slaýdynyň islendik ýerine figurany goýaýmaly. Mysal üçin:




Slaýd girizilen awtofigura şol bada ýazgy ýazyp başlabermeli, ol ýazgy onda ýerleşdirilýär.

### II.1.3.3. Power Pointda mahabatlandyrma diagramma goşmak

Mahabatlandyrmanyň bölegi üçin täze slaýd **(Вставка➤ Новый слайд...➤ Enter➤ Создание слайда➤Maketden diagrammaly birini saýlamaly➤OK basmaly)** açmaly hem-de menýudaky ýa-da gurallardaky diagramma – düwmesini basmaly ýa-da diagramma bilen gerek maketi saýlap açmaly. Iki sapar diagrammanyň çarçuwasyna peýkamy eltip, öz diagrammaňy döredip başlamaly. Çykan diagramma san bahasyny girizjek bolsaňyz MS Exceliň tablisasyna meňzeş tablisa girip, diagrammaňa degişli maglumatlary girizip başlamaly. Şonda diagrammaň şeýle görnüşe eýe bolýar.

Diagrammadan çykyp peýkamy, onuň daşyna basylanda Power Pointa gaýdyp gelersiňiz. Diagrammanyň görnüşini üýtgetjek bolsaňyz oňa baryp ýa-da ony belgiläp belginiň sagyndaky peýkamjygy basylanda çykan görnüşlerden birini saýlamaly:




Diagramma baryp peýkamy çalt-çaltdan iki sapar basanyňda oňa gaýdyp gelip bolar, şonda iş ekranyna diagrammanyň san ýazylýan tablisasy hem gelýär. Şonda tablisa girip sanlary hem üýtgedip bolar. Diagrammany Power Pointyň baş menýusyna girip, **Вставка➢ объект...➢Enter** basyp çykan penjireden **Diagramma Microsoft Excel** ýa-da **Diagramma Microsoft Graph 2000➢Enter** setiri basyp hem slaýd goşup bolar. Beýleki işler edil ýokardaky ýalydyr.

### II.1.3.4. Power Pointda mahabatlandyrma suratlar, şekiller goşmak

Power Pointdaky slaýda suratlary, şekilleri goýmak üçin baş menýudaky **Вставка➢Рисунок➢ Картинки...➢ Enter** basyp ýa-da **Рисование** gurallar toplumyndaky belgijigi basyp çykan penjireden gerek suratyňy goýmak ýeterlikdir. Goýlan suratlaryň, şekilleriň möçberini üýtgedip bolar, bir ýerden başga ýere geçiribem bolýar. Internetden, Microsoft Office kompýuter maksatnamanyň ykjam disksinden her hili suratlary, şekilleri goýup bolar. Şeýle hem kompýuteriň skaneri bilen girizilen suratlary we Paintde çekilen suratlary oňa goýup bolýar.



Неподшитые заметки Стр.113



## II.1.3.5. Power Pointda mahabatlandyrma edara-kärhananyň tugrasyny goşmak we mahabatlandyrmanyň ähli slaýdlaryna birbada üýtgeşmeler girizmek

Ähli slaýdlardaky haýsam bolsa, bir obýekti goşmak ýa-da üýtgeşmeler girizmek üçin slaýdlaryň nusgalygyndan peýdalanmaly. Onuň üçin Power Pointyň baş menýusyna baryp **Вид➢Образец➢ Образец слайдов➢Enter** basyp, edara –







kärhananyň tugrasyny slaýda girizmeli, onuň durjak ýerini, möçberini islediginçe saýlap alyp bolar. Şeýle edilse birbada ol tugra beýleki slaýdlaryňam şol ýerinde bolar. Mysal üçin, kärhananyň işewürlik-meýilnamasyna tugra goýjak bolsak şeýle penjireler gelýär:

Tugrany islendik ýerde goýup bolýar. Işewürlik-meýilnama geçmek üçin ekranyň aşaky etegindäki adaty düzgüni düwmäni basmaly, şonda onuň bölekleriniň slaýdlarynyň her birinde şol tugra bolar:




## II.1.3.6. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyna her hili grafik obýektleri goşmak

Power Pointdaky mahabatlandyrmanyň slaýdlaryna aşakdaky obýektleri goşup bolýar:

- ❑ Islendik suratlary 
- ❑ Düzüm-guramaçylyk diagrammalary 
- ❑ Tablisalary
- ❑ WordArt grafiki obýektleri 

- ❑ Multimediýa kliplerini:
  - ○ Filmler we sesler 
  - ○ Düşündiriş bermeler.

Slaýdlara ýokarkylary goýmak üçin Power Pointyň baş menýugyndaky **Вставка** girip, çykan sanawy basyp ýa-da basan setiriň sagyndan çykan sanawdan birini saýlap almaly:



Неподшитые заметки Стр.115




## *II.1.4. Power Pointda mahabatlandyrmany görkezmek*

Power Pointdaky mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny ekranda görkezip bolýar, reňkli hem-de reňksiz görnüşlerde çykarmak, slaýdlary çap etmek, çykyş edýäniň bellikleri görnüşinde çykarmak, Internetde çap etmek – ýerleşdirmek görnüşinde netijeler alyp bolýar.

### II.1.4.1. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyny görkezmek

Mahabatlandyrmadaky slaýdlary görkezmek üçin slaýdlary görmek iş düzgünine geçmeli.

- Slaýdlara seretmeklik elektron görnüşli mahabatlandyrmaňyzyň slaýdlaryny jemagata görkezmekden öň seretmek üçin niýetlenilendir.

- Mahabatlandyrmadaky hereketlendirmäni (animasiýany) ulanmak bilen markirlenen bölekleri yzly-yzyna görkezip bolar.
- Mahabatlandyrmanyň slaýdlaryndaky shemalar we diagrammalar üçin hem hereketlendirmäni (animasiýany) ulanmak mümkindir.
- Mahabatlandyrmadaky slaýdlaryň çalşygy her hili usullar bilen bolup biler.
- Mahabatlandyrma aýdym-sazlary we filmleri goşup bolar.

## II.1.4.1.1. Power Pointda mahabatlandyrmany ýatda saklap slaýdyny görkezmek

1. Slaýd görnüşinde görkezip ýatda saklamaly mahabatlandyrmaňyzy açmaly.

2. Baş menýudaky **Файл** düwmäni basyp, çykan sanawdan **Сохранить как** buýrugy basmaly.

3. **Тип файла** sanawdan **Демонстрация Power Point** ýazgyny saýlamaly.

**Bellik.** Görkezmek üçin ýatda saklanan mahabatlandyrma faýly **.pps** giňeldilme bilen ýatda saklanýar. Şeýle faýl iş stolundan açylandan ondaky slaýdlar awtomatiki görkezilip başlanýar. Slaýdlar görkezilip bolandan soň, Power Point ýapylar iş stoly öňki ýagdaýyna gelýär. Eger mahabatlandyrma Power Pointdan açylsa, slaýdlar görkezilip bolandan soň mahabatlandyrma açyk bolýar, onuň düzümini üýtgedibem bolýar.

## II.1.4.1.2. Power Pointdan mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny görkezmäge goýbermek

Bu iş üçin aşakdaky amallaryň birini ýerine ýetirmeli:

- Power Pointyň iş ekranynyň aşaky çep burçundaky **Показ слайдов** – 🖵 düwmäni basmaly. Slaýddan

slaýd ilki bilen birinji slaýdyň aşaky çepindäki düwmäni basyp, **Далее** basyp soňra klawiaturadan ýa-da syçanyň düwmesini basyp geçmeli.




- Baş menýudaky **Показ слайдов** düwmäni basyp, çykan sanawdan **Начать показ** ýa-da **Показ** buýrugy basmaly.
- Baş menýudaky **Вид** düwmäni basyp çykan sanawdan **Показ слайдов** ýazgyny basyp slaýdlary görübermeli.
- **F5** düwmäni basyp slaýdlary görübermeli (Power Pointyň öňki wersiýalarynda bu usulyň bolmazlygy mümkindir).

### II.1.4.1.3. Power Pointdan mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny iş stolundan görkezmäge goýbermek

1. **Мой компьютер** ýa-da **Проводник** penjerä girip, slaýdlary görkezilmeli, Power Pointyň faýlyny tapmaly, açmak üçin bellemeli.

2. Syçanyň peýkamyny oňa eltip, syçanyň sag düwmesini basmaly, çykan gapdal menýudan **Демонстрация** buýrugy saýlamaly.

**Bellik:**

Slaýdlary görkeziljek mahabatlandyrmanyň faýlynyň ýanýoldaşyny iş stoluna geçirseň (ony gapdal menýudan **Создать ярлык** buэruk bilen dцredip bolar) gцrmek ьзin ony basaэmaly.

## II.1.4.1.4. Power Pointdan mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny erkin görkezmäge goýbermek

Bu ýerde mahabatlandyrma işinde erkin görkezilmeli slaýdlary görkezýär. Işiň yzygiderliligi aşakdaky ýaly amal edilýär:

1. Baş menýudaky **Показ слайдов** düwmäni basmaly, çykan sanawdan **Настройка презентации** buýrugy saýlamaly.




2. **Произвольный показ** ýa-da **Произвольная демонстрация** ýazylan geçirijide bellik etmeli hem-de sanawdan görkezilmegi gereklerini saýlamaly.

3. OK düwmäni basmaly.

**Bellik:**

Bu düzgüni çalyşmak gerek bolsa, mahabatlandyrmada hemme slaýdlary görkezmek bolsa **Показ слайдов** menýusyna girip, **Настройка презентации** buýrugy basyp, degişli üýtgeşmeler girizmeli.

## II.1.4.1.5. Power Pointda awtomatiki mahabatlandyrmanyň guralyşy

Sergilerde, diwarlarda çykyşsyz slaýdlary görkezmek bilen maglumatlary ýaýratmak usuly işewür adamlar üçin gündelik zerur işdir. Onuň üçin görkezmäge taýýarlanan slaýdlar görkeziji serişdeler arkaly awtomatiki görkezilip, görkezilme gutaransoň ýene-de gaýtalanyp awtomatiki görkezilse, sergilerde maglumatlary ýaýradyp, öz harydyňy mahabatlandyrmanyň häzirki zaman usulydyr.

Awtomatiki mahabatlandyrmagy taýýarlamak üçin mahabatlandyrjak işiňi açmaly, baş menýudaky **Показ слайдов** düwmäni açmaly, çykan sanawdan **Настройка презентации** setiri basmaly, çykan penjirede (ony 4.1.4. görkezdik) **автоматический (полный экран)** ýazgynyň öňünde bellik etmeli, şonda **непрерывный цикл до нажатия "Esc"** ýazylan ýeriniň öňünde hem bellik awtomatik bolýar.

Mahabatlandyrmany awtomatiki görkezmäge taýýarlanylanda aşakdaky mümkinçiliklere üns berilse ýerlikli bolar:

- **Slaýdlaryň awtomatiki ýa-da gol bilen çalşygy.** Slaýdlar görkezilende slaýdyň görkezilişiniň wagty her bir slaýd üçin öňünden berlip bilner ýa-da ulanyjynyň özleri slaýddan slaýda syçanyň düwmesini basyp geçip bilerler. Syçanyň düwmesini basmak **gipersalgy** edilen obýektleri aňladýar.
- **Gipersalgylar**. Gipersalgylar bir slaýdyň çäklerinde başga slaýdlara we kompýuter maksatnamalara geçmek üçin niýetlenilendir.
- **Mahabatlandyrylanda gepleşik goşmak.** Slaýdlar görkezilýärkä, öň ýazylan gepleşikleri hem bile amal edip bolýar.

- **ActiveX** dolandyryş elementi. **ActiveX** dolandyryş elementi bilen slaýdda görkeziliýärkä jogap slaýdyny döretmek üçin gerekdir. Mysal üçin, sergidäki tomaşaçylar ýazgy meýdanyna öz salgylaryny, atlaryny, zerur gerek maglumatlaryny girizip bilerler. Bu işi Power Pointdaky **Элементы управления** guralyny basyp, **Visual Basic** programmasyny ulanyp ýerine ýetirip bolýar.

### II.1.4.2. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyny we görnüşlerini görmek, çap etmek

Tutuş mahabatlandyrmany, onuň slaýdlaryny, belliklerini we çap etmelerini reňkli, açygrak ýa-da reňksiz (ak-gara) görnüşde çap edip bolýar. Şeýle hem, görkezilen slaýdlary, bellikli sahypalary, düzümli sahypalary çap edip bolýar. Mahabatlandyrmalar reňkli görkezilmäge niýetlenilendir, onuň slaýdlary we çykarylmalary adatça reňksiz çap edilýär. Mahabatlandyrmany, slaýdlary we çykarmalary çap etmezden öň seredip bolýar. Şeýle edilse mahabatlandyrmanyň, slaýdlaryň görnüşini gowy kabul ediler ýaly ýagdaýa getirip bolýar.

Mahabatlandyrmanyň tutuş ýazgysyny ýa-da slaýdlaryň atlandyrylyşyny çap edip bolýar. Çap edilen şekiller ekrandaky görnüşlerden tapawutlanyp bilerler. Mysal üçin, mahabatlandyrmanyň düzüm bölegindäki belgilenen bölekler gizlenen bolsa hem çarçuwalanan çykarmalarda bolýar.

Slaýdlardan stoluň üstünde goýulýan kinokameranyň kömegi bilen reňkli we reňksiz görnüşler, 35 mm slaýdlary ýa-da ýöriteleşdirilen önümçilik kärhanasy üçin faýl döredip bolýar.

Diňleýjilere bermek üçin çap ediljek maketleri saýlap bolar, olar slaýdlaryň sany, keseligine ýa-da dikligine gönükdirilenligi bilen tapawutlanyp biler. Şeýle hem, Microsoft

Word kompýuter maksatnamanyň buýrugyny ulanyp (mysal üçin, **Файл** düwmäni basyp, çykan sanawdan **Отправить ▸** setiri basmaly, sagdaky çykan sanawdan **Microsoft Power Point** ýazgyny basmaly) Worddaky her hili maketleriň görnüşini çap edip bolýar. Mahabatlandyrma wagtynda bellikleri ýazmak üçin ýazgy depderçesi ulanylsa, onda olary Worda ugradyp bolar, ondan soň ol bellikleri Worduň resminamasy görnüşinde çap edip bolýar. Bu işiň yzygiderliligi şeýledir:

1. Power Pointyň baş menýusyndaky **Сервис** düwmesini basmaly, çykan sanawdan **Записная книжка** ýazgyny saýlamaly.




Eger slaýdlar görkezilmesi dowam edýän bolsa, syçanyň sag düwmesini basmaly, çykan gapdal menýudan **Записная книжка** buýrugy saýlamaly.

2. Çykan penjiräniň **Замечания** gatynda **Экспорт** düwmesini basmaly.

3. Ekrandaky gatda **Отправить замечания и действия в Microsoft Word** ýazylan ýeriň öňünde baýdajyk goýmaly hem-de **Экспортировать** düwmesini basmaly.

## II.1.4.2.1. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny, belliklerini we çykarmalaryny çap etmek

Mahabatlandyrmanyň çap ediljek slaýdlary, bellikleri we çykarmalary taýýar bolandan soň işleri aşakdaky yzygiderlilikde amal etmeli:

1. **Файл** menýusyna girmeli, cýkan sanawda **Печать** buýrugy saýlamaly.

2. Çykan **Печатать** sanawdan haýsyşyny çap etmelidigini saýlamaly. Eger **Выдачи** görnüşi saýlanan bolsa, sahypada bolmaly slaýdlaryň sanyny hem-de sahypada dikligine ýa-da keseligine ýerleşiş tertibini görkezmeli.

3. Çapa degişli başga parametrleri özüňçe bermeli.

## II.1.4.2.2. Power Pointda mahabatlandyrmanyň düzümlerini çap etmek

Mahabatlandyrmanyň düzüm bölegini, ýagny onuň ýazgy bölegini çap etjek bolsaň, aşakdaki yzygiderlilikde amallary ýerine ýetirmeli:

1. Ýazgy bölegini çap etjek mahabatlandyrmany açmaly.

2. Talap edilýän işleriň birini ýerine ýetirmeli:

Eger slaýdlaryň atlandyrylyşy ýa-da ýazgylaryň ähli derejeleriniň ýazgysy çap edilmeli bolsa, **Стандартная** gurallar panelindäki **Развернуть все** – düwmäni basmaly.

Düzüm ýazgysy bilen kolontitullary çap edilmekçi bolanda, **Вид** menýudan çykan sanawdan **Колонтитулы** – buýrugy saýlamaly, **Заметки и выдачи** gata geçmeli we talap edilýän parametrleri bermeli.

3. **Файл** menýusy girmeli, cýkan sanawda **Печать** buýrugy saýlamaly.

4. Çykan **Печатать** sanawyndan **Структуру** ýazgyny saýlamaly we gerek parametrleriňi bermeli.



Неподшитые заметки Стр.123

## II.1.4.2.3. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny reňksiz, açygrak düzgünde çap etmek

Mahabatlandyrmadaky taýýarlanylan slaýdlary reňksiz, açygrak düzgünde çap etmek işini şu yzygiderlilikde amal edip bolar:

1. **Файл** menýusy girmeli, çykan sanawda **Печать** buýrugyny saýlamaly.

2. Aşakdaky işleriň birini ýerine ýetirmeli:

- Slaýdy açygyrak çap etjek bolsaňyz çykan penjirede **оттенки серого** ýazylan ýerde bellik etmeli.
- Slaýdy reňksiz (diňe gara ak) çap etjek bolsaň, çykan penjirede **черно-белый без серого** ýazylan ýerde bellik etmeli.

## II.1.4.2.4. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny reňksiz çap etmezden öň ekranda görüp üýtgetmek

Mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny reňksiz çap etmezden ozal ekranda görüp üýtgetmek üçin aşakdaky yzygiderlilikde amallary ýerine ýetirmeli:

1. Aşakdaky işleriň birini ýerine ýetirmeli:

- Slaýdlara açygrak seretmek üçin gurallar panelinden **Стандартная** topardan **Просмотр в оттенках серого** –  düwmesini basmaly.
- Slaýdlara reňksiz seretmek üçin gurallar panelinden **Стандартная** topardan **Просмотр в черно-белом режиме без серого** –  düwmesini basmaly.

2. Seredilýärkä üýtgediljek obýekte syçanyň peýkamyny eltip, onuň sag düwmesini basmaly, çykan gapdal menýudan **Черно-белый** ýazgyny saýlamaly hem-de özüňize laýyk



Неподшитые заметки Стр.124

düzgüni saýlamaly. Bırbada birnäçe obýektde üýtgeşmeler girizip bolýar, onuň üçin klawiaturanyň **Shift** düwmesini basyp durup, her obýekte peýkamy eltip, syçanyň düwmesini basmaly, ondan soň gerek düzgüniňi saýlamaly. Bulardan başga-da bir slaýdda reňksiz düzgüniň parametrlerini garyşdyryp bolýar.

### 1.4.2.5. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyny çap etmek üçin möçberini we ugruny bermek

Slaýdy çap etmek üçin möçberini we ugruny bermek işiniň yzygiderliligi şeýleräkdir:

1. **Файл** menýusyna girmeli, cykan sanawda **Параметры страницы** buýrugy saýlamaly:




2. **Размер слайдов:** penjirejigiň sagyndaky ▾ peýkamjygy basyp gerek möçberiňi saýlamaly. Eger **произвольный** möçber saýlanan bolsa, inini **Ширина** we boýuny **Высота** ýazylan ýerlerden bermeli.

3. **Слайды** toparda ugruny bermeli, ol dik bolsa **книжная,** kese bolsa **альбомная** bolmaly. *Ähli slaýdlar şol bir ugurda bolmalydyr.*

4. **Заметки, выдачи и структура** toparynda ugry saýlamaly, ol **книжная** ýa-da **альбомная** bolmaly. Slaýdlar



Неподшитые заметки Стр.125

üçin **альбомная** saýlanan hem bolsa, bellikleri, çykarmalary we düzümleri **книжная** ugur boýunça çap edip bolýar.

Bellik:

- Slaýdlary sanaşdyrjak bolsaňyz, ýokarky penjiräniň **Нумеровать слайды с:** ýazgy meýdanynyň aşaky gyrasyndan degişli peýkamjygy basyp girizmeli.
- Çap etmegiň ugry üýtgese ýazgylaryň, obýektleriň ýerleşişini üýtgetmek talap edilmegi mümkindir.

## II.1.4.2.6. Power Pointda mahabatlandyrmany çap etmek üçin täze printeri kompýutere birikdirmek

Power Pointda taýýarlanylan mahabatlandyrmany çap etmek üçin kompýutere täze printer birikdirilmeli bolsa, amal edilmeli işler şulardyr:

1. Windowsyň **Пуск** ýazgysyna syçanyň çep düwmesini basmaly, çykan sanawdan **Настройки** ýazgysyny saýlamaly, onuň sagyndan çykan sanawdan **Принтеры и факсы** ýazgyny saýlamaly:




2. Iki sapar **Установка принтера** – ýazylan ýazgynyň belligine peýkamy eltip basmaly.

3. Ekrana çykan printeri goýmagyň ussadynyň görkezmesinden ugur almaly.

Printeriň taýýarlygyny, ondaky ýşykly düwmä basyp, bir sahypa çap edip görmeli.

Kompýuter torundaky printeri öz kompýuteriňe birleşdirmekçi bolsaň, Windowsyň iş stolundaky **Сетевое окружение** ýazgyly belligi iki sapar basyp, çykan penjirede printer birleşdirilen kompýutere iki sapar basmaly. Ondaky printeriň belgisini basyp, **Файл** menýusyna baryp **Установить** buýrugy ýerine ýetirmeli.

## II.1.4.2.7. Power Pointda mahabatlandyrmany çap etmekde birbada birikdirmek we aýyrmak düzgüni

Birbada çap etmek hem işlemek şu aşakdaky tertipde ýerine ýetirilýär:

1. Baş menýudaky **Сервис** düwmäni basmaly, çykan sanawdan **Параметры** buýrugy basmaly, çykan penjirede **Печать** gata geçmeli:




2. Bu ýerde **Параметры печати** topardaky **фоновая печать** ýazgynyň öňünde bellik etmeli.

Birbada çap etmek buýrugy berlen bolsa, resminama çap edilýärkä Power Pointda işleri dowam etdirip bolýar.

Resminama çap edilýärkä, Windowsyň iş stolunyň aşaky etegindäki meseleler panelindäki wagty görkezýän sagadyň ýanynda printeriň belgisi 🖶 peýda bolýar. Çap işi tamamlananda, ol belgi aýrylýar.



Неподшитые заметки Стр.127

## II.1.4.3. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlar bilen çykarmalaryny döretmek

Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlar bilen çykarmalaryny döretmek işi aşakdaky yzygiderlilikde ýerine ýetirilýär:

1. Baş menýudaky **Вид** düwmäni basmaly, çykan sanawdan **Образец** buýrugy basmaly, onuň sagyndaky sanawdan **Образец выдачи** setirini saýlamaly. Maketleriň görnüşlerine öňünden seretmek üçin gurallar paneliniň **Выдачи** toparyndaky




düwmelerden peýdalanmaly.

2. Saýlanan *nusga* grafik obýektleri, ýazgylary, kolontitullary, senäni, wagty goýmaly. *Nusga* – munuň özi ýörite slaýd ýa-da sahypa bolup, onda mahabatlandyrmanyň ähli slaýdlary ýa-da sahypalary üçin çäk berme (formatlaşdyrma) kesgitlenilýär. Bu ýerde goýan obýektiňiz diňe çykyşda bolar, slaýdlaryň asyl nusgasy üýtgemeýär.

3. Gurallar panelindäki **Образец**de **Закрыть** düwmäni basmaly.

4. Baş menýudaky **Файл** düwmäni basmaly, çykan sanawdan **Печать** ýazga basmaly.

5. Çykan penjiredäki **Печатать** ýazylan ýerde **Выдачи** buýrugy saýlamaly.

6. **Слайдов на странице** sanawyndan bir sahypada näçe slaýdyň bolmalydygyny görkezmeli:




7. Eger bir sahypada dört, alty ýa-da dokuz slaýdlar ýerleşdirilmeli bolsa, onuň ýerleşiş tertibini **горизонтальный** ýa-da **вертикальный** saýlamaly.

**Bellik.** Çapa çykaryş wagty sahypanyň ugruny üýtgedip bolýar, onuň üçin baş menýudaky **Файл** düwmäni basyp, çykan sanawdan **Параметры страницы** buýrugy saýlamaly, çykan penjireden **Заметки, выдачи и структура** bölüme geçmeli, soňra **горизонтальный** ýa-da **вертикальный** ugry saýlamaly.



Неподшитые заметки Стр.129

## II.1.4.4. Power Pointda mahabatlandyrma wagty bellikler girizmek

Mahabatlandyrma wagty bellikler girizmek işi aşakdaky yzygiderlilikde amal edilýär:

1. Mahabatlandyrmadaky slaýda degişli bellikleriň ýerine [Заметки к слайду] – peýkamy eltip basmaly, öz bellikleriňi girizmeli.

2. Slaýddan slaýda geçip bellikler goşulanda, mahabatlandyrmanyň ýazgysy ýazylan düzüm bölege geçip amal etmeli.

**Bellik:**

Bellik ýazylýan ýere grafik obýektleri we suratlary baş menýudaky **Вид** düwmesini basyp, çykan sanawdan **Страницы заметок** buýrugy basyp, talap edilýän obýektleri goşup bolýar. Grafik obýektler we suratlar ol ýerde görünmezler, ýöne olar sahypa bilen işlenilende we slaýdlar bellikler bilen çap edilende bolýar.

## II.1.4.5. Power Pointda mahabatlandyrmadaky bellikleriň nusgasyna obýektleri goşmak, üýtgetmek we aýyrmak

Mahabatlandyrma bellikleriň nusgasyna obýektleri goşmak, üýtgetmek we aýyrmak işiniň yzygiderliligi aşakdaky ýalydyr:

1. Baş menýudaky **Вид** düwmäni basmaly, çykan sanawdan **Образец** buýrugy basmaly, onuň sagyndaky sanawdan **Образец заметок** buýrugy saýlamaly.

2. Çykan düzümde slaýdyň ýa-da bellikleriň möçberini, ýerleşişini üýtgetmek zerur bolsa, onuň üstüne baryp, syçanyň peýkamy bilen amal etmeli.



Неподшитые заметки Стр.130

3. Nusga gerek obýektiňe suratlary, ýazgyny, kolontituly, senäni, wagty ýa-da sahypanyň tertibini goşmaly.

Mahabatlandyrma Web sahypa hökmünde ýatda saklananda, bu goşulan bellikler görünmeýär. Ýöne slaýdlar bellikler bilen çap edilse, şu goşulan obýektler görünýär.

4. Gurallar panelindäki – 

**Образец** guralyndaky **Закрыть** düwmäni basmaly.

## II.1.4.6. Power Pointda mahabatlandyrmadaky bellikleri, çykarmalary ýa-da düzümi Microsoft Worda ibermek

Mahabatlandyrmada bellikleri, çykarmalary ýa-da düzümi Microsoft Worda ibermek üçin aşakdaky yzygiderlilikde amallary ýerine ýetirmeli:



1. **Файл** menyusy girip, çykan sanawdan **Отправить** buýrugy saýlamaly, onuň sagyndan çykan sanawdan **Microsoft Word...** setiri saýlamaly.

2. Çykan penjireden gerek parametrleriňi saýlamaly:

Bu penjirejikleriň haýsysyna bellik etseňiz, **Microsoft Word**a şol görnüşde mahabatlandyrmaňyzyň özi ýa-da bölegi geçýär.

**Bellik:**

Wordda çap işi ýokary hilli bolar ýaly, **Отправить** buýrukdan öň **Просмотр в оттенках серого** düwmäni basmaly.

### *II.1.5. Power Pointdaky mahabatlandyrmada surat çekmek we obýektler bilen işlemek*

Power Pointdaky mahabatlandyrmadaky slaýdlarda bir obýekt beýleki obýektiň aňyrsynda ýerleşdirilip bilner, oňa barmak üçin klawiaturadaky **TAB** düwmesini basyp durup, peýkamy bir obýektden beýleki obýekte geçirip barmaly (Tersine **Shift+Tab** düwmelerini basyp geçmeli, şonda gözlenýän obýekt ekrana çykýar).

Eger görüljek obýekt başga obýekt bilen kesişýän bolsa, ony **Рисование** gurallar panelindäki **Действия▾** düwmäni basyp, çykan sanawyndan **Порядок** setiri saýlamaly, onuň sagyndan **На передний план** ýazgysyny basmaly.

- Power Pointdaky mahabatlandyrmanyň slaýdynda ähli obýektleri belgilemek işi şeýle amal edilýär:

1. Adaty iş düzgüne geçmeli, slaýdyň içine baryp peýkamy basmaly.

2. **Правка** menýusyna baryp, çykan sanawdan **Выделить все** ýazgysyny basmaly.

## *II.1.6. Ýazgylary we obýektleri janlandyryp görkezmek*

Mahabatlandyrmadaky ýazgylary, grafikleri, sesleri, kino, wideo we başga obýektleri janlandyryp görkezmek, bu işiň özüne çekijiligini gazanyp hem-de maglumatlaryň akymyny dolandyryp bolýar. Mahabatlandyrmadaky her bir markirlenen ýeriň beýleki bölegine bagly bolman ýa-da obýektleriň yzly-yzyna slaýdda peýda bolmagyny üpjün edip bolýar. Mahabatlandyrmadaky her bir ýeriň ýa-da obýektiň slaýdy ýüze çykmagynyň tertibini görkezip bolýar. Mysal üçin, olar çep ýa-da sag tarapdan, şeýle hem, ýokardan ýa-da aşakdan slaýdda peýda bolup bilerler. Hatda slaýd goýlan diagrammanyň elementleri hem Power Point 97-den başlap janlandyrylyp ugraldy. Janlandyrylýan elementleriň görkeziliş tertibini we wagtyny syçanyň düwmesini basyp ýa-da onsuz awtomatlaşdyryp bolýar.

### II.1.6.1. Ýazgylary we obýekti janlandyrmagyň ýerine ýetirilişi

1. Adaty düzgünde slaýddaky janlandyrmaly ýazgyny, obýekti açmaly, belgilemeli.

2. Baş menýudaky **Показ слайдов** menýusyny açmaly, çykan sanawdan **Настройка анимации** saýlamaly hem-de çykan penjireden **Видоизменение** gata geçmeli:

Microsoft Graph ýa-da Microsoft Excelde amal edilen diagrammalar üçin **Видоизменение в диаграмме** gatyna geçmeli.

3. Janlandyrmak üçin **Объекты для анимации** ýazylan penjiredäki sanawda haýsy ýazgyny ýa-da obýekti janlandyrmaly bolsa, öňüne bellik etmeli.




4. **Выберите эффект и звук** böleginiň etegindäki penjirejigiň sagyndaky ▼ peýkamjygy basyp, çykan sanawdan gerek parametriňi bermeli. Ýazgylary janlandyrmaly bolsa, **Появление текста** ýazgyly bölege baryp, onuň etegindäki penjirejigiň sagyndaky ▼ peýkamjygy basyp, çykan sanawdan gerek parametri bermeli.

5. Slaýddaky ähli obýektler üçin 3-nji we 4-nji işleri gaýtalamaly.

. **Порядок и время** gata geçmeli:

6. Janlandyrmanyň tertibini bermek ýa-da üýtgetmek üçin, **Порядок анимации** toparyna baryp, talap edilýän obýekti belgiläp, onuň sagyndaky ↑ ýa-da ↓ peýkamy basyp, amal edip bolýar.

7. Obýektiň janlanmaly wagtyny bermek üçin obýekti saýlamaly hem-de aşakdaky amallaryň birini ýerine etmeli:

Ýazgynyň ýa-da obýektiň janlandyrmagyny başlamak işini



Неподшитые заметки Стр.134

syçanyň düwmesi basylanda başlajak bolsaň, **по щелчку** ýazylan ýeriň öňünde bellik etmeli.




Janlandyrmany awtomatiki amal edilende, **Автоматически, через [ ] секунд после предыдущего события** ýazylan ýazgynyň öňünde bellik etmeli hem-de öňki janlandyrylan obýektden soňkynyň arasy näçe sekund bolmalysyny görkezmeli.

8. Ýerine ýetirmeli janlandyrmaly işleriň netijesini görjek bolsaňyz, penjiredäki **Просмотр** düwmäni basmaly.

**Bellik:**

Ýönekeýje janlandyrmany tiz döretjek bolsaňyz, ol obýekti belgilemeli, soňra **Показ слайдов** menýusyny açmaly, çykan sanawdan **Встроенная анимация** saýlamaly, sagda çykan şu sanawdan:




birini saýlamaly.

## II.1.6.2. Power Pointda diagrammalaryň elementleriniň janlandyrylyşy

Power Pointdaky diagrammalaryň elementlerini janlandyrmak işi, ol diagrammalar **Microsoft Graph** ýa-da **Microsoft Excel** maksatnamalarda döredilen bolsa mümkindir. Diagrammalaryň elementlerini janlandyrmak işi aşakdaky yzygiderlilikde ýerine ýetirilýär:

1. Slaýda girip janlandyrylmaly diagrammany belgilemeli.

2. Baş menýudaky **Показ слайдов** menýusyny açyp, çykan sanawdan **Настройка анимации** ýazgyny saýlamaly, çykan penjireden **Видоизменение в диаграмме** gatyna geçmeli:




3. Penjiredäki **Вывод элементов диаграммы** ýazylan böleginiň sagyndaky çykan sanawdan diagrammany janlandyrmanyň usulyny saýlamaly. Onuň düzümi saýlanan diagrammanyň görnüşine baglydyr. Şol ýerde hem



Неподшитые заметки Стр.136

diagrammanyň *tory* we *rowaýaty* janlandyrmaly bolsa, **анимация сетки и легенды** ýazylan ýerde bellik etmeli.

4. **Выберите эффект и звук** toparynda bolsa, gerek parametrleriň düzülişini bermeli.

5. **Порядок и время** gatyna geçmeli.

6. **Порядок анимации** toparynda tertibi görkezilmeli, obýekti belgilemeli hem-de janlandyrylmaly tertibini bermeli.

7. Obýektiň janlanmaly wagtyny bermek üçin obýekti saýlamaly hem-de aşakdaky amallaryň birini ýerine etmeli:

Ýazgynyň ýa-da obýektiň janlandyrmagyny başlamak işini syçanyň düwmesini basanyňda başlajak bolsaňyz, **по щелчку** ýazylan ýeriň öňünde bellik etmeli.

Janlandyrmany awtomatiki amal etjek bolsaňyz, **Автоматически, через [ ] секунд после предыдущего события** ýazylan ýazgynyň öňünde bellik etmeli hem-de öňki janlandyrylan obýektden soňkynyň arasy näçe sekund bolmalysyny görkezmeli. Şu wagt diagrammadaky obýektiň janlandyrmadaky saklanylyşydyr.

### II.1.6.3. Ýazgylary we obýekti janlandyrmagy üýtgetmek

1. Baş menýudaky **Показ слайдов** menýusyna geçmeli, çykan sanawdan **Настройка анимации** saýlamaly.

2. Çykan penjiräniň **Объекты для анимации** sanawyndan üýtgedilmeli, obýekti saýlamaly, ol obýektiň öňünden belligi aýyrmaly.

3. **Видоизменение** we **Порядок и время** gatlarynda hem degişli üýtgeşmeler girizmeli.

4. Üýtgedilmeli ähli obýektler üçin 2-nji we 3-nji işleri gaýtalamaly.

5. Üýtgetmeleri görmek üçin **Просмотр** düwmäni basmaly.

### II.1.6.4. Slaýdlar görkezilýärkä ses bermek ýa-da wideoklipleri görkezmek üçin parametrleri goýmak

1. Slaýddaky sazly ýa-da wideoklipli belligi belgilemeli.

2. Baş menýudan **Показ слайдов** menýusyny açmaly, çykan sanawdan **Настройка анимации** ýazga geçmeli, çykan penjireden **Настройка мультимедиа** gatyna geçmeli.

3. Gerek parametrleriňi bermeli, zerurlyk bolsa **Дополнительно** düwmäni basyp ondaky parametrleri bermeli.

### II.1.6.5. Slaýdy ses, saz bilen goldamak üçin ýazgy ýazmak

Bu işi ýerine ýetirmek üçin kompýutere mikrofon birikdirilen bolmaly:

1. Baş menýudaky **Показ слайдов** menýuny açmaly, çykan sanawdan **Звукозапись** buýrugy açmaly. Şonda çykan penjirede diskde ýazgy ýazmak ücin näçeräk möçberde boş ýeriň bardygyny, näçe minut ýazgy ýazyp boljagyny görkezýär.

2. Eger ýazgy birinji sapar amal edilýän bolsa, şu işleri ýerine ýetirmeli: **Громкость микрофона** düwmäni basmaly hem-de mikrofonuň kabul edijiliginiň derejesini goýmak boýunça düzgünnamadan ugur almaly.

3. Şu işleriň birini amal etmeli: Slaýda gepleşigi goýmak, ýazgy ýazmak üçin OK düwmäni basmaly; slaýdy gepleşik bilen goldajak bolsaňyz, onda **связать комментарий с** ýazylan ýerde bellik edip, OK basmaly.

4. Slaýdlaryň hemmesine seretmeli hem-de seretmegiň dowamynda goldaýan gepleşigi ýazmaly. Slaýdyň soňunda habar ýüze çykýar.

5. Slaýd görkezilen wagty goldanýan gepleşigi bile ýatda saklamak üçin **Да** düwmesini basmaly. Diňe goldanýan

gepleşigi ýatda saklamak üçin **Нет** düwmäni basmaly. Her bir slaýdyň aşaky eteginiň sag tarapynda goldanýan sesiň belligi ýüze çykýar.

### *II.1.7. Mahabatlandyrmany ýatda saklamak*

Power Piontda döredilen mahabatlandyrmalary kompýuteriň maglumat göterijilerinde ýatda saklamak üçin baş menýudaky **Файл➤Сохранить➤Enter** ýa-da **Файл➤Сохранить как➤Enter** düwmeleri basyp, çykan penjirede **Имя файла:** – ýazylan ýeriň sagyndaky penjirejikde oňa at bermeli (faýlyň ady 255 belgä çenli bolup biler, oňa /,\,>,<,*,?,“”,|,:,; belgiler girizilmeli däldir. Bulardan başga Windows XP amallar ulgamynda faýlyň adyny milli harplarda ýazsaňam bolýar, ýöne Windows-98, 95 amallar ulgamynda beýle mümkinçilikler bolmaýar. Penjiräniň **Тип файла:** ýazylan ýeriniň sagyndaky penjirejigiň sagyndaky ▾ peýkamy basyp haýsy formatda faýly ýatda saklamalydygyny görkezmeli, olaryň käbirleri aşakdaky tablisada getirilýär.

*Mahabatlandyrmany ýatda saklamak üçin peýdalanylýan faýllaryň formatlary*

| **Faýlyň görnüşi** | **Giňeldilmesi** | **Ýatda saklamanyň görnüşi** |
|---|---|---|
| Mahabatlandyrma | **.ppt** | PowerPointyň adaty mahabatlandyrmasy |
| Windowsyň metafaýly | **.wmf** | Grafik görnüşdäki slaýd |
| **GIF** formatdaky surat | **.gif** | Web-sahypada ulanmak üçin surat görnüşdäki slaýd |
| **JPEG** formatdaky surat | **.jpg** | Web sahypada ulanmak üçin surat görnüşdäki slaýd |



Неподшитые заметки Стр.139

| | | |
|---|---|---|
| **Portable Network Graphics** formatdaky surat | **.png** | Web sahypada ulanmak üçin surat görnüşdäki slaýd |
| Düzüm. **RTF** | **.rtf** | Düzüm görnüşli mahabatlandyrmanyň mazmuny |
| Mahabatlandyrmanyň ülňüsi | **.pot** | Ülňi görnüşli mahabatlandyrma |
| **PowerPoint**da görkezmek | **.pps** | Mahabatlandyrma mydama slaýdy görkezmek düzgünde açylýar |
| **Web** sahypa | **.htm** | **Web-обозревател**de görmek üçin mahabatlandyrma |

### *II.1.8. Mahabatlandyrma, onuň faýlyna parametrler bermek*

Power Pointda taýýarlanmaly mahabatlandyrma parametrler bermek işi baş menýudaky **Сервис➤Параметры...** düwmeleri basanyňda çykan penjiräniň gatlarynda berilýär. Onuň birinji gaty **Вид** diýlip, onda berilmeli parametrler aşakda getirilendir:

Bu ýerde **Показывать** bölekde iş penjireleriň zerurlygy, mahabatlandyrmada ýagdaý setiriniň, dik dolanyş zolagynyň hem-de meseleler panelinde penjire gerek bolsa degişli setiriň öňünde bellik edilýär. Bu penjiräniň **Показ слайдов** böleginde slaýd görkezilýärkä, syçanyň sag düwmesini basanyňda gapdal menýu, onuň düwmeleri hem-de slaýd görkezilip gutarylanda gara slaýdyň gerekligi berilmeli.




**Параметры** penjiräniň indiki gaty **Общие** diýlip, onda mahabatlandyrma üçin umumy parametrler berilýär. Olar arabaglanyşygyň elementleriniň ses bilen goldanylyşy, mahabatlandyrmanyň **Файл** menýusy bilen iň soňky sapar işlenilen mahabatlandyrmanyň sany we adyny bermegi, şeýle hem, mahabatlandyrmada peýdalanylmaly ses faýlynyň möçberi bolup durýar:



Bu penjiräniň **Сведения о пользователе** böleginde kompýuteri ulanyjynyň familiýasy we ady berilýär, ol hökmanam däldir, Windows goýlandaky ady kompýuteriň özi ol ýere goýýar. Penjiredäki **Параметры Web…** düwmesini basyp, çykan şu penjirede:




Web resminama degişli parametrler berilýär. **Общие** gatynda slaýd çalyşygynda paneli goşmalydygyny, reňkiň, onuň nusgasynyň görnüşi, slaýd seredilende janlandyrmanyň görkezilmelidigi, şeýle hem, Internetiň penjiresinden suratlaryň alynmalydygynyň parametrleri berilýär.




**Параметры Web…** düwmesiniň penjiresiniň **Файлы** gatynda mahabatlandrmanyň goşmaça faýllary üçin olara at

bermek we olaryň ýerleşdirilişi barada hem-de ulanylýan redaktorlar barada parametrler berilýär:

**Параметры Web...** düwmesiniň penjiresiniň **Картинка** – gatyndadyr.

Mahabatlandyrmanyň faýlynyň Internet üçin formatyny, mahabatlandyrmanyň görkezilmeli ekranynyň möçberi berilmeli:




**Параметры Web...** düwmesiniň penjiresiniň **Кодировка** – gatynda Internete berilmeli mahabatlandyrma faýlyň Webdäki kodlanmasy hem-de onuň haýsy diller toparynda ýatda saklanmagynyň parametrleri berilýär, olary degişli penjirejikleriň sagyndaky ▾ peýkamy basyp, çykan sanawdan berip bolýar:






Неподшитые заметки Стр.143

**Параметры Web…** düwmesiniň penjiresiniň **Шрифты** gatynda:




Web sahypada ulanylýan dilleriň şriftleri, şeýle hem ýazuw şriftleri we olaryň möçberi berilýär.



**Параметры** penjiräniň indiki gaty **Правка** diýlip, onda mahabatlandyrmanyň ýazgysy ýazylanda, ol işleri ýeňilleşdirýän zerur parametrler, diagrammanyň ýazgylarynda Power Pointyň şriftiniň ulanylmagy barada parametrler, şeýle hem, iş amal edilende ulanylýan ↶ ▾ ↷ ▾ yza gaýtmalaryň sanynyň çägi berilýär:

**Параметры** penjiräniň indiki gaty **Печать** diýlip, onda printerde çap edilmeli mahabatlandyrmalaryň parametrleri, diňe şu işlenýän mahabatlandyrma üçin parametrler berilýär:




**Параметры** penjiräniň indiki gaty **Сохранение** diýlip onda işlenýän we taýýar mahabatlandyrmany ýatda saklamagyň umumy parametrleri berilýär. Hususanda işlenýärkä näçe minutdan amal eden işiňi ýatda saklamagy bermeli, ol awtomatiki amal edilýär, mahabatlandyrmanyň ýitirmezligi üçin her 1-2 minutdan ýatda saklansa gowy bolýar. Şeýle hem, bu

ýerde ýatda saklanmaly mahabatlandyrmanyň formatyny we onuň ýerleşýän ýerini kompýuteriň özi saýlap alar ýaly umumy görkezmeli:




**Параметры** penjiräniň indiki gaty **Орфография и стил** diýlip, onda mahabatlandyrmanyň ýazgylaryny dürs ýazmaga degişli bellikler etmeli, bu iş ýazuw diliniň sözlügi kompýutere girizilen bolsa mümkindir:



Ýazgy ýazmagyň stilini we onuň parametrlerini bermek **Стиль** bölekde berilýär. Bu bölekdäki **Параметры стиля...** düwmäni basylanda, şu penjire çykar, onuň **Регистрация и знаки препинания** gaty şeýle görnüşdedir:




Onda harplaryň bolmaly ululygy-kiçiligi **Регистр** bölekde berilýär, mahabatlandyrmanyň ýazgylarynda bolmaly nokat, otur we beýleki bellikler **Знаки препинания** bölekde berilýär.

**Параметры стиля...** penjiräniň indiki **Наглядность** gatynda mahabatlandyrmada bolmaly şriftler mukdary, şriftleriň sözbaşydaky we esasy ýazgydaky bolmaly möçberi baradaky parametrleriň sany berilýär. Şeýle hem, bu ýerde mahabatlandyrmadaky bolmaly umumy markerleriň sany, sözbaşyda bolmaly setirleriň sany, markerde bolmaly setirleriň sany görkezilmelidir:




Bu sanlary diňe bir işleýän mahabatlandyrma üçin berseň hem bolar, ýöne olary kompýuterde işleýän ähli mahabatlandyrma berjek bolsaňyz, şu penjiredäki **По умолчанию** düwmesini basmaly.

## II.2. Power Pointda mahabatlandyrmany ülňi mahabatlandyrmalar bilen berjaý etmek

### *II.2.1. Power Pointdaky umumy maksatlara niýetlenilen mahabatlandyrmalaryň ülňüleri*

Power Point maksatnamada ony ulanyjylar üçin zerur boljak mahabatlandyrmanyň *ülňüleri* bilen **Microsoft Office** – maksatnama toplumy **Microsoft** firma tarapyndan haýsy ulanyş dile geçiren bolsa, şol diliň ýazgysynda üpjün edilendir. Kompýuteri ulanyjylar şol taýýar mahabatlandyrmanyň ülňülerini açyp, oňa öz ulanyş dilinde zerur maglumatlary

goşmak arkaly mahabatlandyrmanyň ýazgysyny we slaýdyny hem-de slaýddaky bezegleri amal edip, öz mahabatlandyrmalaryny döredip, döreden mahabatlandyrmasyny ülňi edip ýatda saklap, ony *awtomazmuna* goşup bilerler. Power Pointdaky bar bolan ülňülere girmegiň, olardan peýdalanmagyň tilsimaty şeýleräk yzygiderlilikde amal edilip bilner.

## II.2.1.1. Mahabatlandyrmanyň ülňülerine awtomazmunyň üsti bilen girmek

1. Power Pointi açmaly, onuň iş ekranynda şu penjire çykýar:




2. Penjiredäki **Мастер автосодержание** ýazylan ýazgynyň öňünde bellik edip, OK ýa-da Enter düwmesini basmaly. Soňky çykan penjirelerde döretjek mahabatlandyrma gerek parametrleri bermeli, olaryň berlişi **1.2.1.** bölekde görkezildi. Degişli toplumdan saýlan ülňi mahabatlandyrmany doldyrmaly we slaýdlary bezemeli.

3. **Мастер автосодержание** ülňüler toparyna Power ... Файл➤Создать➤Entere basyp çykan şu penjireden berip bolýar:




Bu penjirede OK ýa-da Enter basanymyzda, **1.2.1.** bölekdäki yzygiderlilige bararys.

## II.2.1.2. Mahabatlandyrmanyň täze ülňüsini döretmek, ýerleşdirmek we awtomazmuna goşmak

1. Islendik ýagdaýda Power Pointa girip, mahabatlandyrma döretmeli, ol göwnejaý bolsa, ülňi hökmünde ulanylyp bolunjak bolsa, gerek bezeg işlerini geçirmeli. Faýly ýatda saklamaly, onuň üçin baş menýudaky **Файл** düwmesini basmaly, çykan sanawdan **Сохранить как** geçmeli, ony açanymyzda, haýsam bolsa bir penjire açylýar, özüňe gerek **Папка:** geçmeli. Geçen penjiredäki **Имя файла:** ýazgynyň sagynda täze ülňä at bermeli. Penjiräniň **Тип файла:** ýazgysynyň sagyndaky penjirejigiň peýkamjygyny ▾ basyp, çykan sanawdan **Шаблон презентации** setiri saýlap almaly, syçanyň düwmesini basanymyzda şu penjire çykýar:




2. Bu ýerde OK basyp, ýatda saklanylanda, ony **Мастер автосодержания** goşup bolar, şeýle hem, islendik ýerde ýatda saklap bolýar, onuň üçin **Шаблоны** ýazylan penjirejigiň sagyndaky ▾ peýkamy basyp çykan sanawdan ýatda saklajak ýeriňi tapmaly.






Неподшитые заметки Стр.151

3. Döreden ülňüňi awtomazmuna goşmak üçin baş menýudaky **Файл** düwmesini basmaly, çykan sanawdan **Создать** setire geçip ony basmaly, şonda çykan penjireden **Общие** gatyna geçmeli.

4. **Мастер автосодержания** setire baryp, ony açmaly, şonda **awtomazmun** penjire çykýar. Penjiredäki **Далее>** düwmesini basmaly:

5. Döreden ülňüňi haýsy topluma goşjak bolsaň, ol topary açmaly, mysal üçin **Деловые** açylanda, sagdaky penjirejikde oňa degişli ülňi mahabatlandyrmanyň sanawy çykýar. Adatça, ülňüni **Все** we **Советы от Карнеги** toplumlara goşmaýarlar.

6. Sanawly penjiräniň aşaky etegindäki **Добавить** düwmesini basmaly. Şonda ülňüler sanawly penjire ekrana gelýär:




7. Sanawdan **Мастер автосодержания** goşjak ülňüňi tapmaly, oňa barmaly hem-de OK basmaly.

**Bellik:**

**Мастер автосодержания** *toplumlardaky ülňüleriň birini aýyrjak bolsaňyz, onda aýyrjak ülňüniň üstüne baryp, aşaky etekdäki* **Удалить** *düwmesini basmaly.*

## 2.2. Power Pointdaky umumy iş mahabatlandyrmalaryň ülňüleri

### *2.2.1. Umumy çykyş*

Giriş.

– *Çykyşyň maksadyny yglan etmeli.*

– *Özüňi tanyşdyrmaly.*

– *Ara alyp maslahatlaşmak üçin tema.*

– *Çykyşyň esasy temasyny gysga beýan etmeli.*

– Birinji tema.

– *Tema boýunça maglumatlary jikme-jik beýan etmeli.*

– *Mysallary getirmeli we şekilleri görkezmeli.*

– *Diňleýjileri şu tema name üçin gyzyklandyrmaly?*

– Ikinji tema.

– *Tema boýunça maglumatlary jikme-jik beýan etmeli.*

– *Mysallar getirmeli we şekiller görkezilmeli.*

– *Diňleýjileri şu tema näme üçin gyzyklandyrmaly?*

– Üçünji tema.

– *Tema boýunça maglumatlary jikme-jik beýan etmeli.*

– *Mysallar getirmeli we şekiller görkezilmeli.*

– *Diňleýjileri şu tema näme üçin gyzyklandyrmaly?*

– Durmuşdan mysallar getirmeli.

– *Temalara degişli durmuşdan mysallar getirmeli ýa-da degişme, şorta sözler aýdyp bermeli.*

– *Gerek bolsa diňleýjiler bilen degişmeli.*

– Bu zatlar nämäni aňladýar?

– *Şu tema boýunça öz pikiriňi aýtmaly.*

– *Diňleýjileriň ýadynda galar ýaly temanyň esasy ýerlerini gaýtalamaly.*

– Beýleki hereketler.

– *Diňleýjileriň etmeli işleriniň, hereketleriniň ählisini sanamaly.*

– *Öz etjek indiki işleriňi sanamaly.*

### II.2.2.2. Ýörelgäni teklip etmek

Çaklama.

– *Uzak möhletli esasy ugruny kesgitlemeli.*

Maksat we ugur:

– *Ýörelgäniň ugruny beýan etmeli.*

– *Ýörelgäniň maksadyny beýan etmeli.*

– *Birnäçe gözýetimleri esaslandyrmaly.*

Häzirki ýagdaý.

– *Işleriň häzirki ýagdaýynyň beýany.*

– *Slaýdlarda bölümleriň atlandyrylyşyny peýdalanmaly; jikme-jik dilden aýtmaly.*

Bu ýagdaýa nähili geldik?

– *Geçmişden maglumatlar.*

– *Zerurlygynyň ähmiýeti ýok çözgütler.*

Mümkin bolan çözgütler:

– *Mümkin bolan ýörelgeler.*

– *Her bir ýörelgäniň artykmaçlygy we kemçiligi.*

– *Her bir teklibiň nyrhy.*

Maslahatlar:

– *Maslahat berilýän ýörelgeler.*

– *Netijeleriň çaklamasy.*

– *Mundan beýläk näme etmeli?*

– *Esasy işler.*

### II.2.2.3. Beýni hüjümi

Gün tertibi:

– *Häsiýetnamalar.*

– *Beýni hüjüminiň maksatlary.*

– *Düzgün.*

– *Beýni hüjümini geçirmek.*

– *Netijeleri jemlemek.*

– *Beýleki işler.*

Beýni hüjümine häsiýetnamalar.

*– Ýygnagyň temasyna gysgaça häsiýetnamalar;*
*– Gün tertibi.*
*– Garaşylýan netijeler.*
Beýni hüjüminiň maksatlary:
*– Çekişmäniň maksatlaryny beýan etmeli:*
*– Täze önüm ýa-da hyzmat?*
*– Täze mümkinçiliklermi?*
*– Önümleriň hyzmatlaryň täze adymy?*
*– Önümi ýaýratmak boýunça nähili işler edilýär?*
*– Işiň täze usullary?*
*– Möhüm talaplary ýa-da çäklendirmeleri kesgitlemeli.*
Düzgün:
*– Erbet pikirler bolmaýar.*
*– Döredijilikli pikirlenmeli.*
*– Töwekgelçilik etmeli.*
*– Tankyt etmeli däl.*
Beýni hüjümi geçirmek.
*– Täze pikirleri döretmeli.*
*– Döredijilik pikiri "oýarmak" üçin oýunlary we gönükmeleri peýdalanmaly.*
*– Täze pikirler bolmasa başga gönükmelere geçmeli.*
*– Kiçiräk topar bilen işlemek netijeliligi ýokarlandyrar.*
*– Ähli pikirleriňizi we bellikleriňizi ýazmak üçin kompýuterden, mysal üçin, Microsoft Power Pointyň ýazgy kitapçasyndan peýdalanmaly.*
Netijeleri jemlemek.
*– Pikirlere häsiýetnamalar bermeli.*
*– Gowy pikirleri ses berip saýlamaly we olary umumylaşdyrmaly.*
*– Talaplaryň we çäklendirmeleriň ýerine ýetirilişini barlamaly.*
*– Sanawda 5-10 sany gowy pikirler goýmaly.*
Indiki işler.
*– Beýleki işleri beýan etmeli:*



Неподшитые заметки Стр.155

– *Täze ideýalary öwrenmeli.*
– *Köpräk topar bolup pikir alyşmany dowam etdirmelimi?*
– *Beýleki işleriň beýanyny ýazmaly:*
– *Pikirleriň hakykata öwrülişi.*

### II.2.2.4. Erbet täzelikleri habar bermek

Işleriň ýagdaýy:
– *Erbet täzelikleri beýan etmeli.*
– *Ýagdaýy gizlemän, açyk beýan etmeli.*
Erbetlik nähili ýüze çykdy?
– *Erbetlik bolmazdan öňki ýagdaýyň maglumatlaryny ýa-da ýörelgesini beýan etmeli.*
– *Deslapky bolandyr öýden ýagdaýyň nädogry bolandygynyň beýanyny ýazmaly.*
Ýagdaýdan çykmagyň mümkinçilikleri:
– *Emele gelen ýagdaýdan çykmagyň mümkinçiliklerini görkezmeli.*
– *Mümkinçilikleriň artykmaç we gowşak taraplaryny maslahatlaşmaly.*
Maslahatlar we çözgütler:
– *Maslahat berilýän hereketleri ýa-da kabul edilen çözgütleri beýan etmeli.*
– *Maslahatyň meseläni (problemany) çözmekde kömegini beýan etmeli.*
– *Geljekki hereketleriň meýilnamasyny we ýüze çykjak kynçylyklaryň çözgütlerini maslahat etmeli.*
Geljege gözýetim:
– *Öz maksatlaryny tassyklamaly.*
– *Geljekden garaşýanyňy beýan etmeli.*
– *Garaşylýan netijeleri almagyň wagtyna baha bermeli.*
Netije:
*Diňleýjileri ynamly etmek we olaryň ruhy ýagdaýyny gowulandyrmak üçin esasy ýerlerini gaýtalamaly.*

### II.2.2.5. Diplom

[Guramanyň ady]
Hormat haty
berildi
[Kime? – ady, atasynyň ady familiýasy]
Taslama ýerine ýetirilende gowy işi we uly goşandy üçin




Slaýdy
[Guramanyň ady]
Şahadatnama
berildi
[Kime? – ady, atasynyň ady familiýasy]
**okuw kursy üstünlikli gutaranlygy barada**




Slaýdy

## *II.2.3. Power Pointdaky gulluk mahabatlandyrmalaryň ülňüleri*

### II.2.3.1. Umumy ýygnak

Gün tertibi.

Maksatlara häsiýetnamalar.

Üstünligiň ýörelgeleri:

- *Kärhananyň aýratyn tapawutlary.*
- *Üstünligiň ýörelgeleri.*
- *Geljekki işler.*
- *Iň soňky üstünliklere häsiýetnamalar.*

Biz bu üstünlige nähili ýetdik?

- *Her bir ugur boýunça işleriň ýagdaýyna gysgaça häsiýetnamalar.*

Bölümleriň işleri:

- *Her bir bölümiň bolmagynyň maksady we manysy.*
- *Bolmagy mümkin üýtgeşmeler.*
- *Bu ýerde guramaçylyk diagrammasyny getirmek ýerliklidir.*

Esasy üstünlikler:

- *Kärhananyň işiniň has möhüm netijeleriniň beýany.*

Ileri tutulýan maksatlara häsiýetnamalar:

- *Maliýeler.*
- *Bäsleşikler.*
- *Ösüşler.*

Esasy ugurlar boýunça üstünlikler:

- *Maliýe ýagdaýyna häsiýetnamalar.*
- *Düşewüntler.*
- *Girdejiler.*
- *Ileri tutulýan çykdajylar.*
- *Sorag-jogaplar.*

Düşewüntler we girdejiler:

• *Meýilnamalaşdyrylanlar we hakyky.*

• *Sap girdeji.*

• *Esasy ugurlar.*

• *Kärhananyň bazardaky ýagdaýy.*

• *Esasy görkezijilerini görkezýän birnäçe slaýdlary ulanmaly.*

Ileri tutulýan çykdajylar:

• *Ylmy-barlag, tejribe konstruktorçylyk işler (YBTKI).*

• *Satuwlar we marketing.*

• *Umumy we dolandyryjy.*

• *Ösüşe degişli.*

• *Ätiýaçlylyga degişli.*

Sorag-jogap:

• *Maksatlar.*

• *Netijeler.*

Ýakyn geljekdäki maksatlar:

• *Esasy ýörelgeler.*

• *Maliýe maksatlary.*

• *Beýleki möhüm ugurlar.*

Netijeler:

• *Esasy netijeler.*

• *Ýörelgäniň maksatlary.*

• *Minnetdarlyk bildirmek.*

## II.2.3.2. Işewürlik-meýilnamasy (biznes-plan)

[Kärhana, edara]

Esasy maksady:

Kärhananyň, edaranyň uzak möhletli maksadyny anyk beýan etmeli. Kärhananyň, edaranyň ösüşiniň ugurlaryny gysga hem anyk ýazmaly.

Işgärler:

Esasy ýolbaşçylaryň sanawyny ýazmaly.

Sanalan ýolbaşçylaryň işleri etmäge ukyplydygyny görkezmek üçin, olaryň öňki işlerinden mysal getirmeli.

Bu işde öz tejribäňi beýan etmeli.

Bazara häsiýetnamalar:

Bazaryň ösüşiniň dinamikasy.

– Geçen döwür bilen deňeşdirilende, bazaryň ýagdaýynyň üýtgeýşini görkezmeli; haýsy kärhana şu ugurdan öňbaşçy, onuň bäsdeşleri, islegiň, teklibiň hem-de nyrhyň ýagdaýy; sebäbi kärhananyň-edaranyň işiniň ilerlemegini şu görkezijiler kesgitleýär.

Mümkinçilikler:

Kynçylyklar we mümkinçilikler.

– Sarp edijileriň kynçylyklaryny beýan etmeli; şu kärhananyň-edaranyň önümi ýa-da hyzmaty bilen ol kynçylyklaryň çözlüşini görkezmeli.

Gözýetim (Konsepsiýum).

Kärhananyň-edaranyň esasy kesgitleýji tehnologiýasyny, gözýetimini ýa-da ýörelgesini beýan etmeli.

Bäsleşlik:

Umumy bäsleşik.

Kärhana-edaranyň bäsleşiginiň beýany.

Maksatlarym we meselelerim:

Geljekki 5 ýyla maksadym:

– maksatlaryň başga häsiýetnamalaryny görkezmeli.

– bazaryň ösüşiniň ugurlaryny görkezmeli.

– düşewüntler we girdejiler boýunça maksatlary görkezmeli.

Maliýe meýilnama:

Birinji üç ýylda garaşylýan satmagyň (hyzmatyň) derejesine häsiýetnamalary we çykdajylara bahalary, maliýe modeliň ýazgysy bilen umumy maliýe meýilnamany getirmeli.

Bu tema üçin birnäçe slaýdy peýdalanmaly.

Talap edilýän serişdeler:

Tehnologik talaplar.

Işçi güýçlerine talaplar.

Talap edilýän serişdeler.

– maliýe, gelişmeler, reklama we başgalar.

Daşky talaplar.

– Başga kärhanalardan sargyt boýunça almaly harytlar, hyzmatlar we tehnologiýalar.

Töwekgelçilikler we höweslendirmeler:

Töwekgelçilikler:

– Mümkin bolan töwekgelçilikleri beýan etmeli.

Töwekgelçilikleriň ätiýaçlandyrylyşy:

– Töwekgelçilikler ätiýaçlandyryşynyň görnüşlerini beýan etmeli.

Höweslendirmeler:

– Aýratynam maliýeleşdirmeklik zerurlygy bar bolsa, bergileriňizi bermegiň möhletine baha bermeli.

Kesgitleýji meseleler:

Gyssaglylary:

– Çözgüdi tiz çözülmegi talap edilýän meseleler.

Gyssagly bolmadyklary:

– Çözgütleri yza süýşürmek bolýan meseleler.

– Çözgütler yza süýşürilende bolýan netijeler.

– Maliýeleşdirilişiň aýratynlyklaryny anyklamaly.

### II.2.3.3. Maliýe ýagdaýyna häsiýetnamalar

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Mazmuny
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:






Неподшитые заметки Стр.162

Üstünlikler

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




| (müň manatlarda) | 2003 | 2004 |
|---|---|---|
| Arassa düsewünt | x xxx | x xxx |
| Sap girdeji | xxx | xxx |
| Paýnamalara girdeji | xxx | xxx |
| Goýumlara gelimler | xx% | xx% |
| Inwestisiýalar | xxx | xxx |
| Aktiwler | x xxx | x xxx |
| Diwidentler | xxx | xxx |

Girdeji

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:



Bölümler boýunça düşewüntler
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Balans
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:


Balans

| | 2003 | 2004 |
|---|---|---|
| **Aktiwler** | | |
| –Pul aktiwler we gysgamöhletli inwestisiýalar | x xxx | x xxx |
| –Ber harytlar | xxx | xxx |
| –Girdeji orderleri | xxx | xxx |
| –Başgalar | xxx | xxx |
| **Jemi** | **x xxx** | **x xxx** |
| **Borçnama** | | |
| –Çykdajy orderler | x xxx | x xxx |
| –Tölenmedik bergiler | xxx | xxx |
| –Salgytlar | xxx | xxx |
| –Başgalar | xxx | xxx |
| **Jemi** | **x xxx** | **x xxx** |
| **Paýdaryň bölegi** | **x xxx** | **x xxx** |

Aktiwler
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Paýnamalaryň kursy
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:



### II.2.3.4. Iş toparynyň öý sahypasy

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




< Iş toparyň atlandyrylyşy >
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:



Täzelikler

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Taslamalar

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:



1-nji taslama

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




2-nji taslama

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:






Неподшитые заметки Стр.168

Resminamalar

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Işgärler

Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:



Ýazgylyjow Aşyrgylyç
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Peýdaly salgylanmalar
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:






Неподшитые заметки Стр.170

Birleşik-düwüniň kartasy
Bu düzümiň slaýdynyň ýazgylary:




Bu slaýdada düwmeler birleşmäniň katrasyny döretmekde peýdalanylýar. Bu karta arabaglaşdyrylan çyzyklar bilen birikdirilen. Arabalanyşykly çyzygy bolan obýektleriň orny üýtgände çyzyklaram olar bilen bile üýtgeýär.

## II.2.3.5. Gurama barada maglumatlar Okatmak

• Kurslar. Ugry we okuw tertibi:
– Umumy kurslar
Jogapkär, E-mail salgysy, tel.
– Ýörite okadylyş
Jogapkär, E-mail salgysy, tel.
– Taslamalara ýolbaşçylyk
Jogapkär, E-mail salgysy, tel.
– Ýörite taýýarlyk
Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

**Iş jogapkärçiligi**

• Görnüşler, tertibi we gözükdirmeleri

– Ýeňilliklere hukugy

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Dolandyryjy işgärler

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Maksatlary we meseleleri

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Düzgün, umumy maglumatlar

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

**Üýtgedip guralyşy**

– Düzgün we işler

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Görnüşleri

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Işe ýerleşdirilişi

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Kömek

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

**Kabul etmek**

– Talyp hünär öwreniş işi

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Kabul etmäniň umumy düzgünleri

Jogapkär, E-mail salgysy, tel.

– Ýaş hünärmenler

Jogapkär E-mail salgysy, tel.

– Bilimli işgärler

Jogapkär E-mail salgysy, tel.

– Boş wezipeler, görnüşleri

Jogapkär E-mail salgysy, tel.

**Wezipeden wezipä geçirmeler**

– Başga wezipä geçirme

Jogapkär E-mail salgysy, tel.

– Wezipä geçirmä soramanyň görnüşı
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Bölümden bölüme geçmek
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Geçirmäge soramanyň görnüşi
Jogapkär E-mail salgysy, tel.

**Işden çykarmak**

– Işden çykarylma boýunça kömek puly
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Işden çykarylma. Düzgün we kanunlar
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Işden çykarmak üçin görnüşler
Jogapkär E-mail salgysy, tel.

**Ýumuşlaryň sanawy**

– Ýumuşlaryň gözlegi
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Ýumuşlaryň sanawy
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Ýumuşlary goýbermegiň görnüşleri
Jogapkär E-mail salgysy, tel.

**Dynç alyşlar we näsaglyk**

– Çaga dogurmak üçin dynç alyş
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Näsaglyk
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Öz hasabyna dynç alyş
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Döredijilik üçin dynç alyş
Jogapkär E-mail salgysy, tel.

**Kömekler**

– Düzgünler we derejeler
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Wezipe pullary we baýraklar

Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Kärhananyň paýnamalary
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Lukmançylyk kömekleri
Jogapkär E-mail salgysy, tel.
– Nepagatlar
Jogapkär E-mail salgysy, tel.

### II.2.3.6. Işgärleri okatmak kursy

**Giriş**

Maslahatlaşmak üçin dersi kesgitlemeli:

• *Diňleýjiler üçin temany döretmeli, aýtmaly.*

• *Seredilýän tema boýunça diňleýjileriň bilimini kesgitlemeli.*

Gün tertibi:

• *Öwreniljek bölümleriň sanawy.*

• *Her bölüme berilýän wagt.*

**Häsiýetnamalar:**

• *Tema boýunça umumy suraty görkezmeli.*

• *Her bir bölümiň özara nähilirák arabaglanyşygyny düşündirmeli.*

**Sözlük:**

• *Adalgalaryň sözlügi.*

• *Tema boýunça peýdalanylýan adalgalary kesgitlemeli.*

**1-nji bölüm**

• *Maglumatlara jikme-jik seretmeli.*

• *Mysallar getirmeli.*

• *Maglumatlary berkitmek üçin gönükmeleri amal etmeli.*

**2-nji bölüm**

• *Maglumatlara jikme-jik seretmeli.*

• *Mysallar getirmeli.*

• *Maglumatlary berkitmek üçin gönükmeleri amal etmeli.*

**Jemleme:**

• *Seredilen meseleleri sanaşdyrmaly.*

• *Amaly işleri beýan etmeli.*

• *Amallardaky netijeleri soraşdyrmaly.*

**Goşmaça maglumatlaryň çeşmeleri**

• *Başga kurslar.*

• *Maslahat berilýän kitaplar, makalalar, elektron çeşmeler.*

• *Goldaýan gulluklar, beýleki çeşmeler.*

## *II.2.4. Taslamalary mahabatlandyrmagyň ülňüleri*

### II.2.4.1. Taslamalara häsiýetnamalar

**Taslamanyň maksady:**

• *Taslamanyň esasy maksady.*

• *Taslamanyň beýleki taslamalar bilen arabaglanyşygy.*

• *Esasy möhletler.*

**Taslamanyň ýazmaça beýany:**

• *Tehniki adalgalary ulanmazdan öň taslamany beýan edilişini ýazmaly.*

• *Ýagdaýy, kalendar meýilnamany, býujeti we ş.m. maslahatlaşmaga gerek mukdardaky slaýdlaryňy peýdalanmaly.*



**Taslama synlar**

• *Taslama syn ýazanlar*

– (Her bir syn ýazana bir slaýdy goýmaly)

• *Taslamanyň artykmaçlyklary*

– Taslamanyň artykmaçlyklary (synlardan)

• *Taslamanyň kemçilikleri*

– Taslamanyň kemçilikleri (synlardan)

Taslama synlar (dowamy)

• *Taslama syn ýazanlar*

• *Artykmaçlyklary*

• *Kemçilikleri*




Tilsimaty:

• *Täze tehnologiýalaryň ýazmaça beýany.*

– artykmaçlygy.

• *Standartlara gabat gelşi:*

– artykmaçlygy.

• *Standartlary göz öňünde tutmaýanlygy.*

– Sebäpleri, kemçilikleri we artykmaçlyklary.

ÖGT: Öz gysgaltmalaryňyzy tapyň!

Serişdeler we ýerine ýetirijiler.

• *Bu taslama üçin serişdelere bolan talaby ýazmaly.*

– hünärmanler.
– enjamlar.
– jaýlar.
– daşky hyzmatlar we goldamalar.
– önümçilik.
– ýerleşdirmeler.

Işler (Proseduralar).

• *Şu taslamanyň beýleki taslamalardan tapawudynyň işlerini ýazmaly.*

• *Täze işleriň sebäbini, bähbidini we kynçylygyny maslahatlaşmaly.*




Kalendar meýilnama

• *Taslamanyň ýerine ýetirilişiniň esasy senesini görkezmeli.*

Häzirki ýagdaýlar

• *Meýilnama bilen deňeşdirilende işleriň gidişine gysgaça häsiýetnama.*

– meýilnama bilen gabat gelýän ýerleri.
– meýilnamadan yza galýan ýerleri.
– meýilnamadan öňe giden ýerleri.

• *Göz öňünde tutulmadyk saklanmalar we kynçylyklar.*




Bilelikde bolmaly resminamalar.

• *Satuw meýilnamasy.*

– nireden ýa-da kimden bilmeli, telefony.

• *Büjet.*

• *Satuw meýilnamasy.*

– nireden ýa-da kimden bilmeli, telefony.

• *Jemi jemlemek.*

• *Satuw meýilnamasy.*

– nireden ýa-da kimden bilmeli, telefony.

• *Başga meseleler.*

– nireden ýa-da kimden bilmeli, telefony.

### II.2.4.2. Taslamanyň jemini jemlemek

Ýerine ýetirilişi we maksatlar

• *Maksat: deslapky maksatlaryňy ýa-da taslamanyň maksatlaryny görkezmeli.*

– Taslamany üstünlikli ýerine ýetirilişine baha bermegiň nyşanlaryny sanamaly.

Ýerine ýetiriliş we tertibi

• *Meýilnama: taslamanyň gidişiniň deslapky tertibini beýan etmeli.*



Неподшитые заметки Стр.178

– Esasy tapgyrlary sanaşdyrmaly
Ýerine ýetirilişi we hili.
• *Hil: berlen taslama üçin hile bildirilýän deslapky talaby görkezmeli,*
– Taslamany üstünlikli ýerine ýetirilişine baha bermegiň nyşanlaryny sanaşmaly.
Ýerine ýetirilişi we býujet
• *Büjet: berlen taslama üçin büjete bildirilýän deslapky talaby görkezmeli.*
– Çykdajylara degişli harajatlara we çaklendirmelere bolan esasy talaplary sanaşdyrmaly.
Bölüm boýunça taslamanyň jemi:
Taslamanyň meýilnamalaşdylyşy.
Taslama nähili meýilnamalaşdyryldy?
• *Deslapky meýilnama kim jogapkär boldy?*
– Bu iş nähili ýerine ýetirildi?
• *Başdan başlap taslama dogry ýazmaça beýan edilipmi?*
– Meýilnama hakykata ýakyn edilip düzüldimi?
– Taslamanyň meýilnamasy barada maglumatlar nähili berildi?
– Şu iş nähili ýerine ýetirildi?
Taslamanyň meýilnamalaşdyrylyşy:
Meýilnama dogry düzülipmidi?
• *Meýilnama öň gowy düzülipmidi?*
– Näme dogry düzüldi? Nämeler ýokdy?
• *Meýilnama hakykata ýakynmy?*
• *Meýilnama wagta görä üýtgäpmidi?*
– Üýtgeşmeler nähli boldy (gowy tarapa ýa-da erbet tarapa)?
– Taslama nähili üýtgeşmeler täsir etdi?
• *Has-da gowulandyrmagyň mümkinçilikleri:*
– Has anyk maslahatlar bermeli.
Barlaglar we işläp taýýarlamalar.

Dolandyryş nähili boldy?

• *Barlaglar we işläp taýýarlyklara nähili ýolbaşçylyk edildi?*

– Toparyň, işgärleriň sany, hasabatyň düzümi we ş.m.

– Iş nähili ýerine ýetirildi? Gowulandy?

• *Işläp taýýarlaýjy toparlar özara nähili işleşdi?*

– Usulyýetler, işleriň grafigi we ş.m.

– Iş nähili ýerine ýetirildi?

Barlaglar we işläp taýýarlaýyşlar.

Iş nä derejede netijeli boldy?

• *Tehniki kynçylyklaryň ýüze çykarylyşy we çözülişi*

– Deslapdan haýsy müşgillikler ýüze çykaryldy?

– Ýüze çykarylan kynçylyklar dogry çözülipmidi?

– Iş nirede ýerine ýetirildi? Gowulandyrmalar?

• *Ýerine ýetirmelere baha bermeler.*

– Berlen baha hakyky alnan netije bilen gabat geldimi?

– Dogry baha bermäge näme kömek etdi?

– Dogry baha bermäge näme päsgel berdi?

Taslama ýolbaşçylyk

Taslama ýolbaşçylyk nähili ýerine ýetirildi?

• *Ýygnak: kim haçan geçirilişiniň ýygylygy*

– Iş nähili ýerine ýetirildi?

• *Aragatnaşyk: kim haçan geçirilişiniň ýygylygy*

– Iş nähili ýerine ýetirildi?

• *Üýtgeşmeler: hasaba alnyşy, habar berlişi*

– Iş nähili ýerine ýetirildi?

• *Başgalar: elektrion aragatnaşygy E-mail, işleriň grafigi, maglumatlar binýady, hasabatlar we ş.m.*

Önümçilik

• *Önüm almaga taýýarlyk barmydy?*

– Resminamalaryň we olaryň sanawynyň hili nähili boldy?

– Buýrulan materiallar taýýar bolupmydy?

*• Önüm önümçiligiň talabyny kanagatlandyrýarmy?*

*• Göz öňünde tutulmadyk saklamalar bolupmydy?*

Hiliň barlanylyşy we gollanylyşy:

*• Hil nähili ölçenildi ýa-da kesgitlenildi?*

– Netijeliligi nähili?

*• Taýýar önümiň hili bar bolan talaplara gabat gelşi nähili?*

*• Hile degişli meseleler nähili çözüldi?*

*• Goldaýan toparyň taýýarlygy dogry bolupmydy?*

*• Bar bolan resurslar bilen goldanýan önümiň hiline gabat gelýärmi?*

Marketing:

*• Taýýar soňky önüm bazardaky tutýan ornuna gabat gelýärmi?*

*• Ýerine ýerleşdirmek üstünlikli bolupmydy? Dogrumy? Netijelimi?*

*• Önüm bazara üstünlikli çykarylypmydy?*

*• Marketing maksatnama netijeli ýerine ýetirilipmidi?*

*• Önüm bazaryň talabyny kanagatlandyrýarmy?*

Satuwlar:

*• Satýan guramalara önüm barada dogry habarlar berlipmidi?*

*• Önüm buýrujynyň talabyny kanagatlandyrdymy?*

*• Ibermeleriň grafigi ýerine ýetirilipmidi? Harajatlar?*

*• Deslapky satuwyň meýilnama gabat gelşi nähili?*

*• Önümiň bazarda garşylanylyşy nähili boldy?*

### Esasy sapaklar

Nämeler dogry edildi?

*• Dogry işleriň mysallaryna gysgaça seretmeli.*

– Anyk mysallary peýdalanmaly: her gün taslamanyň gidişi barada 15 minutlyk irki hasabat üstünlikli geçirildi diýip ýazmaly, hasabat dogry geçirildi diýip ýazmaly däl.

– Aýratynam peýdaly resminamalaryň (formalaryň), işleriň (proseduralaryň), hasabatlaryň sanawyny getirmeli.

Nämeler nädogry edildi?

• *Nädogry edilen işleriň mysallaryna gysgaça seretmeli.*

– Nädogry eýelenen ýerleri, işleri (proseduralary), usulyýetleri we ş.m. anyk mysallarda görkezmäge synanyşmaly.

• *Müşgil işler nähili çözüldi?*

Maslahatlar:

• *Geljekde şeýle kibapdaş taslamanyň üstünde işlenilende bölüm ýa-da ýolbaşçylar derejesinde möhüm maslahatlary ýazmaly.*

• *Berlen mahabatlandyrmany has jikme-jik beýan edýän resminamany ýaýratmaly.*

Meseleler we düşündirişler

### II.2.4.3. Işiň gidişi barada çykyş

**Ýagdaýyň gysgaça beýany:**

• *Iş meýilnama görä gidýärmi?*

• *Taslamanyň gutarýan wagty.*

• *Bolaýjak harajatlar.*

• *Beýleki häsiýetlere görä ýagdaýy.*

– Önümçilige taýýarlyk.

– Tamamlamak.

– Bileleşip işleýänler we ş.m.

**Ösüş:**

• *Hasabat döwründe taslamanyň ýagdaýynyň üýtgeýşini beýan etmeli.*

– Kalendar meýilnama görä, işiň gidişini şekillendirmeli.

• *Hasabat döwründe has möhüm gazanylan üstünlikleri bellemeli.*

**Taslamada üns bermeli ýerler:**

• *Hasabat döwründe ýüze çykan päsgelçilikleriň we kynçylyklaryň sanawy.*

– Düzetmek üçin işler.

– Işiň meýilnamasyna täsiri.

• *Size düşünilýänligine göz ýetirmeli.*

– Yza galmaklyga getiren kynçylyklar.

– Olar näme üçin öň göz öňünde tutulmady?

– Bu meseleleri buýrujy taslamanyň ýolbaşçysy bilen maslahanlaşjakmyka?

**Kalendar meýilnama:**

• *Möhüm seneleriň sanawy.*

• *Meýilnama jikme-jikligi goşmajak bol.*

• *Eger zerur bolsa jikme-jik meýilnamany paýla.*

– Işleriň meýilnamasy bilen öňünden tanyş, belki birnäçe meselelere jogap bermeli bolar.

**Materiallaryň alyş-çalşygy:**

• *Bermek üçin materiallaryň sanawy.*

– Sizden müşderä berilmeliler.

– Sizden başga kärhanalara bermeliler.

– Başgalardan size berilmeliler.

– Başga bölümlerden size berilmeliler.

• *Her bir ugur boýunça ileri tutulýan ugurlary kesgitlemeli.*

– Gerek mukdardaky slaýdlary goýmaly.

**Nyrh:**

• *Nyrhdaky üýtgeşmeleri görkezmeli.*

– Deslapky göz öňünde tutulanlar.

• *Sanlardaky tapawudyň sebäbine düşmeli, ol ýerde soraglar ýüze çykmagy mümkindir.*

• *Býujetden artyp çykma howplulygy barmy?*

– Sebäbini beýan et.

– Düzetmek üçin işleriň sanawy.

– Geljege hakyky baha.

**Tilsimat:**

• *Tehniki meseleleriň sanawy.*

• *Gyssagly meseleleriň sanawy.*

– Olaryň taslama edýän täsiriniň beýanyny ýazmaly.

• *Düşnüksiz tehniki soraglaryň sanawy.*

– Düşnüksizligiň sebäbi

– Göz öňünde tutulan işler ýa-da ätiýaç meýilnama.

**Resurslar**

• *Taslamanyň resurslarynyň ýazmaça beýany.*

– Hemişelik gorlar.

– Wagtlaýyn gorlar.

– Eger gorlar ýetmezçilik etse, ýerine näme teklip etmeli?

• *Müşderiler goşmaça gorlary ulanmaga ylalaşarlar, ýöne çykdajylaryň has artmagyna razy bolmazlar.*

**Indiki hasabata näme etmeli?**

• *Indiki hasabatyň senesi.*

• *Göz öňünde tutulýan işleriň sanawy.*

– Etmeli işleriň zerurlaryny sanaşdyr.

– Hökmany çözülmeli meseleler.

• *Ýerine ýetirijiler işleriň meýilnamasyna düşünýänligine göz ýetirmeli.*

## *II.2.5. Iş (marketing) mahabatlandyrmalary*

### II.2.5.1. Önümleri satmak we hyzmatlar etmek

**Maksat:**

• *Maksady ýazmaça beýan etmeli.*

• *Zerur bolsa birnäçe setir ýer bermeli.*

Buýrujynyň talaplary:

• Diňleýjilere talaplary düşündirmeli.

• Diňleýjilere talaplary doly ýazmaça görkezmeli.




**Talaplara gabat gelşi**

• *Önümleri we mümkinçilikleri sanaşdyrmaly hem-de olaryň talaplara gabat gelşini beýan etmeli.*

• *Bu ýerde birnäçe slaýd gerek bolmagy mümkindir.*




**Çykdajylaryň seljermesi**

• *Buýrujynyň maliýe bähbidini görkezmeli*

• *Bäsdeşleri bilen deňeşdirilende, siziň önümleriňizi ýa-da hyzmatlaryňyzy almagyň bähbitliligini görkezmeli*

Biziň güýçli taraplarymyz.




**Esasy artykmaçlygymyz**

• *Teklip edýän önümlerimiziň, hyzmatlarymyzyň ýa-da taglymlarymyzyň esasy artykmaç taraplaryny ýazmaça beýan etmeli.*

**Soňky işler**

• *Diňleýjilere soňky etjek işleriňi ýazmaça beýan etmeli.*

## II.2.5.2. Satuw meýilnamasy

### Bazar barada häsiýetnamalar






Неподшитые заметки Стр.186

• ***Bazaryň öşüşine seljerme:***

– Bazaryň ýagdaýyndaky üýtgeşmeleri geçen döwür bilen deňeşdirip görkezmeli. Haýsy kärhana bazarda kesgitleýji, kim onuň bäsdeşleri, islegler, teklipler we nyrh, nähili maglumatlaryň bolanyny görkezmeli.

**Önümleriň ýazmaça beýany**

• *Harytlary we hyzmatlary ýazmaça beýan etmeli*

**Bäsdeşlige ukyplylygy:**

*Bäsdeşlik.*

Esasy bäsdeşleriň güýçli we gowşak taraplarynyň beýanyny ýazmaly.

– Öz önümleriňi bäsdeşiň önümleri bilen deňeşdirmeli.

• **Bazardaky eýeleýän ýeri:**

*Harydyň ýa-da hyzmatyň tutýan orny.*

– Ýakyn bäsdeşleriň önümleri bilen deňeşdirilende öz önümiň aýratyn tapawutly taraplaryny görkezmeli.

• ***Sarp ediji üçin bähbitler:***

– Sarp edijiler teklip edilýän harytdan ýa-da hyzmatdan haýsy bähbitleri alýanyny görkezmeli.

– Sarp ediji bilen aragatnaşyk.

• *Maglumat bermegiň usullary.*

• *Bazaryň maksatlaýyn bölegi (segmenti).*

Gaplamak we düzüme goşmak.

• *Önümi gaplamak.*

– Önümiň daşky görnüşini, möçberini we nyrhyny ara alyp maslahatlaşmaly.

– Goşmaça düzüme girýänleri ibermegiň görnüşlerini ara alyp maslahatlaşmaly.

• *Harydyň nyrhy.*

– Harydyň nyrhynyň üstüne goşulýan çykdajylary getirmeli.

Önüm öndürmegiň strategiýasy

• *Harydy öndürmegiň meýilnamasy*

– Önümiň öndüriljekdigi öňünden yglan ediljekmi?

• *Harydy mazamlaşdyrmaga býujet*

Jemgyýetçilik bilen arabaglanyşyk.

• *Taktika we strategiýa.*

– Ýörelge.

– Meýlinamanyň esasy bölekleri.

– Jemgyýetçilik bilen işlemäni şol sanda metbugatda, buýurma beýanatlary, maslahatlary we ş.m. taýýarlamagyň jikme-jik meýilnamasyny taýýarlamaly.

Mazamlama

• *Taktika we strategiýa.*

– Strategiýa.

– Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine häsiýetnamalat: esasy möhletler

– Çykdajylara deslapky häsiýetnamalar,

Harydy we hyzmaty ýerleşdirmegiň başga usullary.

• *Göni satuwlar.*

– Ýerleşdirmegiň strategiýasyna, serişdelerine we usullaryna häsiýetnamalar.

– Esasy maksatlara, meselelere we nyrhlara häsiýetnamalar.

• *Keseligine marketing.*

– Bilelikde satmak barada şertnama.

• *Marketingiň maksatnamasy.*

• ***Nyrhlar:***

– Nyrhyň emele gelşiniň usullaryny we aýratynlyklaryny ýazmaça beýan etmeli.

– Başga harytlar bilen deňeşdirmeli.

• ***Syýasat:***

– Nyrh syýasata häsiýetnamalar.

Ýerleşdirmäge ibermek.

• *Ibermegiň strategiýasy.*

• *Ibermegiň ugurlary.*

– Ibermegiň ugurlarynyň beýanyny ýazmaly.

• *Ugurlar boýunça bölüşdirmek.*

– Her bir ugur boýunça ibermeleri bölmegiň meýilnamasyny ýa-da göterim bölegini görkezmeli. Bu ýerde tegelek diagrammany getirmek ýerliklidir.

**Ýokarlaýyn bazarlar ýa-da bazaryň bölekleri (segmentleri)**

• *Ýokarlaýyn bazaryň mümkinçilikleri*

– Bazaryň ýokarlaýyn böleginiň (segmentiniň) mümkinçiliklerini ýazmaça beýan etmeli.

– Bu bazarlara ýa-da segmentlere önümi ýerleşdirmegiň strategiýasyny ýazmaça beýan etmeli.

– Bile işleşýänleriň toruny peýdalanmagyň usullaryny ýazmaça beýan etmeli.

**Daşary ýurt bazarlary:**

• *Daşary ýurtlara ibermeler.*

– Ibermeleriň strategiýasynyň ýazmaça beýany.

– Daşary ýurtlara ibermek üçin häsiýetli meseleleri ara alyp maslahatlaşmaly.

• *Nyrhyň emele gelmesiniň strategiýasy.*

• *Daşary ýurtlardaky ýerli meseleler.*

– Daşary ýurt bazarlarynda önüme bildirilýän talaplar.

**Üstünligiň nyşanlary:**

• *Ýakyn ýyllarda esasy maksatlar.*

• *Goşmaça maksatlar.*

• *Üstünligiň ýa-da kynçylygyň nyşanlary.*

• *Üstünlik üçin nämeler zerur.*

**Grafik:**

• *18 aý üçin mysaly.*

• *Wagtlaýyn aralyklar.*

– Üstünlik uçin gowy aralyklary wagta baglanyşykly görkezmeli.



Неподшитые заметки Стр.189

**Bilelikde goşulýan resminamalar**




## II.2.5.3. Önümlere we hyzmatlara häsiýetnamalar

**Häsiýetnamalar:**

• *Önümleri ýa-da hyzmatlary we olaryň ulanylýan ýerlerini gysga ýazmaça beýan etmeli.*

• *Öndürilýän önümiň görnüşlerini beýan etmeli.*

**Tapawutlanýan aýratynlyklary we artykmaçlygy:**

• *Birnäçe slaýda önümiň beýanyny ýazmaly.*

• *Aýratyn nyşanlar boýunça ähli tapawutlanýan aýratynlyklaryny birleşdirmeli; her nyşana bir slaýddan bermeli.*

• *Alyjy üçin her bir artykmaç nyşany düşündirmeli.*

• *Her bir önümiň görnüşi üçin bir slaýda görkezmeli.*

**Ulanylyşy:**

• *Önümleriň ýa-da hyzmatlaryň ulanylýan ýerlerini aýtmaly. Durmuşdan mysallar getirmeli.*

**Häsiýetnamalar:**

• *Önümler üçin: gerek mukdardaky slaýdlary ulanyp, ýerlikli tehniki häsiýetnamalary getirmeli.*

• *Hyzmatlar üçin: hyzmatlar bermegiň şertiniň jikme-jik beýanyny bermeli.*

**Nyrhlar:**

• *Teklip edilýän önümleri ýa-da hyzmatlary jikme-jik beýan edip, olaryň nyrhlaryny görkezmeli.*

**Elýeterliligi:**

• *Iberiljek möhletleri görkezmeli.*

• *Harydy nireden satyn alyp ýa-da buýrup bolýan ýerini görkezmeli.*

## *II.2.6. Karnegiden maslahatlar we mahabatlandyrmalar*

### II.2.6.1. Täze pikirleri teklip etmek

**Çykyş:**

• *Siziň esasy pikiriňizi anyk şekillendirýän mysallar getirmeli.*

• *Bu mysalyňyz siziň diňleýjileriňize nähili degişlidigini düşündirmeli.*

**Etmeli işler:**

• *Etmeli işleri teklip etmeli.*

• *Men teklip edýärin... diýeniňde, anyk bolmaly.*

**Artykmaçlyklary:**

• *Işler edilende alynmaly netijeleriň artykmaçlygyny ýazmaça beýan etmeli:*

– 1-nji artykmaçlyk

• *mysal*

– 2-nji artykmaçlyk

• *mysal*

– 3-nji artykmaçlyk

• *mysal*

**Tamamlanylyşy:**

• *Ýene bir sapar teklip edýän işleriňi we olaryň esasy artykmaçlyklaryny gaýtalamaly.*

– 1-nji iş we artykmaçlygy
– 2-nji iş we artykmaçlygy
– 3-nji iş we artykmaçlygy

### II.2.6.2. Işgärleri ylhamlaşdyrmak

**Ylhamlaşdyryjy çykyşyň görkezilişi:**
• *Bilelikde işleýşiňe mysallar getirmeli.*
• *Sitatalardan peýdalanmaly.*
• *Ýerlikli ýagdaýy aýdyp bermeli.*
• *Gutlaglary okap bermeli.*
**Gazanylan üstünlikler barada hasabaty diňlemeli:**
• *Tapawutlananlary gutlamaly.*
• *Ösüş gazanylan ýerleri bellemeli.*
• *Gazanylan üstünlikler barada mahabatlandyrýan hasabaty taýýarlamaly.*
**Täze meseleleri orta goýmaly:**
• *Geljegi ýazmaça beýan etmeli.*
**Döredijilik maslahatyny geçirmeli**
• *Soramaly: Biz nähili hereket ederis...?*
– Ýagdaýa baha bermeli we maglumatlar getirmeli.
– Teklip edilen çözgüde baha bermeli, şol bir wagtda pikiriň bolmaýan ýa-da tankydy tarapyndan daşda durmaly.
– Iň gowy çözgüdi saýlamaly.
**Anyk maksatlary orta goýmaly:**
• *Anyk maksatlary ara alyp maslahatlaşmaly.*
– aýratynlyklaryny;
– ölçäp bolýanlygyny;
– maksatlara ýetip bolýanlygyny;
– hakykatlygyny;
– wagt tapgyrlaryny.
**Anyk maksatlary orta goýmaly (dowamy)**
• *Umumy maksatlary orta goýmaly.*
• *Jogapkärleri bellemeli.*

**Maksatlara ýetmek üçin zerur bilmeleri beýan etmeli:**
- *Mazamlama (reklama).*
- *Aragatnaşyk (arabaglanyşyk).*
- *Işläp taýýarlamak.*
- *Meseleleri anyklamak.*
- *Maglumatlardan peýdalanmak.*
- *Päsgelçiliklerden geçmek.*

**Borçlary kesgitlemek:**
- *Köpçülikleýin borçlar.*
- *Hususy borçlar.*

**Tamamlamak:**
- *Haýran galyjy tamamlamagy taýýarlamaly.*

## II.2.6.3. Ýygnak geçirmek

**Çykyş:**
- *Diňleýjileri aşakdakylar bilen gyzyklandyrmaly:*

– Belläýmeli waka bilen;
– Hususy tejribe bilen;
– Sertifikat ýa-da diplom bilen;
– Sitatalar bilen.

**Esasy tema:**
- *Temany, meseleleri, geljegi şekillendirmeli, düşündirmeli.*
- *Maslahatyň möhümligini bellemeli.*
- *Gatnaşyjylara öz pikirlerini aýtmagy soramaly.*
- *Diňleýjileri ylhamlaşdyrmaly.*
- *Has möhüm düşündirişleri ýazmaly, ony diňleýjilere görkezmeli.*

**Maksatlar we meseleler:**
- *Maksatlary beýan etmeli.*
- *Meseleleri beýan etmeli.*
- *Diňleýjileri ünsüni meselelere we ileri tutulýan ugurlara çekmeli.*

**Çözgütler we geljekler:**

• *Diňleýjilere öz pikirlerini we täzeliklerini aýtmagy soramaly.*

• *Edilmeli işlere we çözgütlere düşündirişleri ýazmaly, olary diňleýjilere görkezmeli.*

• *Diňleýjilere ileri tutulýan ugurlary goýmagy soramaly.*

**Işleriň meýilnamasy:**

• *Aşakdakylary beýan etmeli (eger goşmaça maglumatlar zerur bolsa, onda jogapkär işgäre söz bermeli):*

– Esasy işler;

– Talap edilýän maglumatlar;

– Zerur okatmalar;

– Kalendar meýilnamalar;

– Nyrhy.

**Tamamlamak:**

• *Düşünýänligine göz ýetirmeli.*

• *Deslapky ädimleri beýan etmeli.*

• *Borçlary bermeli.*

### II.2.6.4. Tehniki hasabat

1-nji slaýdyň görnüşi:




**Slaýddaky bellik:** Nutukda tehniki hasabatyň maglumatlaryny diňleýjilere düşnükli bolar ýaly beýan etmeli

bolýar. Ol maglumatlaryň çylşyrymly we has jikme-jik bolmagy mümkindir. Onuň üçin ýeňilleşdirýän usulyýetleri tapmaly, mysal üçin, Dale Carnegie Training® maslahaty.

Nutuga berlen wagta görä çykyşyňy taýýarla. Mahabatlandyrmaňy anyk böleklere böl. Düşündirişleriň beýanynyň logikasy bolsun. Esasy ünsi hasabatyň esaslaryna gönükdirmeli. Mahabatlandyrmany tamamlanyňyzda, hasabatyň esasy ýerlerini, netijäni gaýtadan aýtmaly.

Diňleýjiler barada mydama pikirde bolmaly. Maglumatlar aýan bolmaly, beýan edýän maglumatlaryň düşnükli bolmaly. Ulanýan adalgalar diňleýjilere tanyş bolmaly, beýan edilişini şol derejede saklamaly. Esasyrak ýerlerde görkezme esbaplary ulanmaly. Diňleýjileriň talabyna ünsli bolmaly.

**Çykyş**

• Temanyň diňleýjiler üçin bähbitlidigini düşündirmeli

• Diňleýjileri gyzyklandyrmaly.

2-nji slaýdyň görnüşi:




**Slaýddaky bellik:** Mahabatlandyrma başlanyňyzda onuň diňleýjiler üçin zerurlygyny görkezmeli. Mahabatlandyrma gysgaça häsiýetnama berip, onuň diňleýjilere bähbitlidigini görkezmeli. Adalgalar, mysallar we şekiller saýlanylanda, diňleýjileriň hasabat boýunça bilim derejesini göz öňünde tutmaly.

**1-nji bölek**

• Bu bölegi arassa dil bilen beýan etmeli.

• Bu bölegi düşündirýän dilden mysallary we şekillendirmeleri getirmeli.

• Bu bölegi gyzykly başdan geçirmeler ýa-da şorta sözler aýdyp bermek bilen ünsi çekmeli.

• Indiki bölege öz-özünden geçmegi amal etmeli.

3-nji slaýd




**Tamamlama**

• Jemleýji häsiýetnama bermeli.

4-nji slaýdyň görnüşi:






Неподшитые заметки Стр.196

• Jemlemäni diňleýjiler üçin düşünikli görnüşde amal etmeli.

**Slaýdadaky bellik:** Mahabatlandyrmany iň gowy tamamlamanyň usulyny kesgitlemeli

### II.2.6.5. Guramaçylyk üýtgeşmeleri geçirmek

**Gözýetim**

• Öz gözýetimiňize görä geljegi şekillendiriň:
– Öz gözýetimiňizi anyk beýan ediň.
– Onuň näme üçin möhümligini düşündiriň.
– Guramanyň ýagdaýy.
• Işleriň häzirki ýagdaýyny görkeziň:
– Ösüşiň ugruny kesgitläň.
– Gowulandyrmaga degişli gurşawy kesgitläň.

**Maksatlar**

• *Maksatlaryň beýanyny: hakykata ýakynyny, esaslandyrylany, has bähbitlisini, ýerine ýetirip bolýanyny ýazmaly.*
– Uzak möhletli;
– Orta möhletli;
– Ýakyn geljekde.

**Işleriň meýilnamasy**

• *Işleriň maksatnamasyny, usulyýetini we meýilnamasyny teklip etmeli:*
– Öňde goýlan maksada ýetmek üçin name gerek?
– Kim näme etmeli?
– Meýilnamanyň her bir bölegi nähili utgaşdyrylar?

**Möhletler**

• *Taslamanyň tapgyrlaryny görkezmeli.*
• *Her bir tapgyra jogapkäri bellemeli.*
• *Her bir tapgyryň başlanýan, aralyk we tamamlanýan wagtyny kesgitlemeli.*

**Harajatlar**

• *Maliýeler.*

• *Işgärler.*

• *Wagtlar.*

**Soňky çäreler**

• *Aralyk netijeleri jemini jemlemek we meýilnamalary anyklamaklyk üçin gözegçilik möhletlerini kesgitlemeli.*

**Tamamlamak**

• *Önde goýlan maksatlara gysgaça häsiýetnamalar bermeli.*

• *Geljek barada diňleýjilere ýatlatmaly.*

## II.2.6.6. Nutukça söz bermek

**Söz bermek üçin çykyş**

• Nutukçynyň ady

• Nutukçynyň bilim, iş derejesi

– Iş tejribesi

– Hünärmenleriň ykrar etmesi

– Bilimi we diplomy

**Slaýda bellik:**

Nutukça söz berlende, ilki bilen seredilýän meseläniň diňleýjiler üçin möhümdigini bellemeli. Ondan soň nutukçynyň bu meseleden hünärmenligini düşündirmeli. Nutukçynyň adyny aýdyp söz bermegi tamamlamaly. Nutukça söz bereniňizde, joşgunly çykyş etmeli, şonda diňleýjileriň ünsi oňa çekiler. Nutukça söz bermek bir munutdan köp bolmaly däldir. Nutukdan soň 30 sekund wagty nutukça sag bol aýtmaga goýmaly.

## III bölüm

## ADATY, IŞ RESMINAMALARYŇ KOMPÝUTERDE ÝAZYLYŞYNYŇ TILSIMATY

Türkmeniň Altyn asyry bolan XXI asyr Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamada belläp geçişi ýaly, şol bir wagtda "Maglumat asyrydyr". Ýurdumyzyň raýatlarynyň kompýuter arkaly dünýä maglumat ulgamy bolan Internete birikmegi, özgerdip gurmagyň ilkinji miweleriniň biridir. Türkmenistanda "Elektron resminama hakynda" ("Türkmenistan" gazeti №10 2001 ý.) kanunyň kabul edilmegi bilen hem-de 2000-nji ýyldan başlap, ýurdumyzyň çäginde hat-ýazuw işleriniň türkmen elipbiýinde alnyp barylmagynyň doly ýola goýulmagy bilen edara-kärhanalarda resminamalar we iş kagyzlary türkmen dilinde ýazylyşynyň we kompýuterde alnyp barlyşynyň zerurlygy kanuny bolup durýar.

Her bir raýatyň we hünärmenleriň ýazmaly resminamalary hem-de doldurylmaly iş kagyzlary mazmuny boýunça gysga, her kim üçin düşnükli bolmaly, olar ýagdaýy doly suratlandyrmaly hem-de belli bir maksada gönükdirilen bolmaly. Ýazylmaly resminama ony ýazýan adamyň göz öňünde tutýan pikirini medeniýetli görnüşde, asuda äheňde, işewür häsiýetde beýan edilip, deliller, talaplar logiki yzygiderlilikde bolmaly.

Her bir resminamada bolmaly maglumatlar, olaryň nusgalary we onuň ülňüleriniň kompýuterde döredilişi, onuň ulanylyşynyň tilsimatyny bilmek örän zerur işdir.



Неподшитые заметки Стр.199

## III.1. Resminamalary kompýuterde döredijileriň dykgatyna!

Microsoft Office kompýuter programma toplumyndaky MS Word ýazgy redaktory Personal kompýuterlerde has köp ulanylýan meşhur programma bolup durýar.

**Kompýuterde, MS Wordda işlejekler üçin käbir umumy maslahatlar:**

1. Kompýuteriň ekranynyň öňünde oturyp işlemekden *çekinmäň, batyrgaý işe başlaň*, klawiaturadaky düwmeleriň her biriniň görkezen elipbiýiňizde ekrana ýazýan belgisini, düwmeleriň käbirleriniň utgaşmasyny ýatda saklajak boluň, ol hökmanam däl, söň ony ýatdan bilersiňiz, *sýçanyň* peýkamynyň ekrandaky hereketine, *sýçanyň* çep we sag düwmeleriniň işine üns beriň.

2. Kompýuteriň ýadyna belli bir at bilen faýl görnüşinde girizilen maglumat aňsat ýitmez, ekranda ýazan maglumatyň ýiter, onuň üçin çaltrak şu belgini basyň, ekrana şeýle 

äpişgejik çyksa, oýlanyşman Нет diýen ýazgyny basmaň, ekrandaky maglumatyňyzy ýitirersiňiz.

3. Kompýuteriň ekranynda açylan *islendik penjiresinde* klawiaturadaky **Enter** düwmäni ýa-da syçanyň peýkamy bilen ol ýerdäki OK – belligi basýançaň görkezilmeli işi kompýuter kabul etmez. Şeýle hem ýazgy ýygnalanda sözlem ýa-da abzas gutarandan soň **Enter**i basmasaň, ol kompýuterde kabul bolmaz.

4. Islendik ekrana ýazan ýazgyňy, ekrana çykan penjiräňi, Enter basmadyk bolsaň, aýyrjak bolsaň **Esc** basyp ýa-da Отмена, ýa-da ✕ bellige peýkamy basyp ekrandan aýryp bolar.

5. Klawiaturanyň **Ctrl** bilen, **Shift** bilen, **Alt** bilen beýleki düwmeleriniň hem-de olaryň özleriniň bilelikde utgaşdyrylyp basylyşyny öwreniň, edýän işiňiz ýeňilleşer we çaltlanar.

6. Kompýuteri tok çeşmesine birikdirmekde ägä boluň,



Неподшитые заметки Стр.200

mümkin bolsa kompýuteriňizi, kompýuterler toparyňyzy ........ ... ....... **UPS** bilen üpjün bolmagyny gazanyň, kompýuteriň sandan çykmagynyň we maglumatlaryň ýitmeginiň öňüni alarsyňyz.

7. Kompýuterden işiňizi tamamlap, diňe şu Пуск > > Завершение работы... > > Выключить компьютер > > OK yzygiderliligi basyp, ekranda "öçüriň" diýen ýazgy çykandan soň ýa-da kompýuteriň ulgam böleginde tok çeşmesi öçenden soň togy aýryň, ýogsam kompýuterdäki maksatnamalaryň, aýratynam **Windows** *amallar ulgamy* sandan çykmagy mümkindir.

8. Wordda şol bir amaly 3-den gowrak usul-gural bilen ýerine ýetirip bolar.

9. Kompýuterdäki ýazgyny diskete geçirmegiň ýönekeý yzygiderliligi Пуск>>Проводник>>Мои документы>> ýazylýan faýlyň ady – document 1>>Отправить>>Диск 3.5 (A) >> **Enter** basmaly disket salynýan ýerde ýazgy geçirjek disketiň bolmaly.

10. MS Word ýazgy redaktorynyň esasy menýusy şu penjiräniň ýokarsynda jemlenendir:

Bu ýerde:

**Файл** adalgany bassaň, işlenýän ýa-da açylmaly faýl bilen ýerine ýetirilýän amallaryň sanawy getirilýär.

**Правка** adalgany bassaň, işlenýäň faýlyň ýazgylaryna berilmeli düzedişler amal edilýän amallaryň sanawy getirilýär, olar öňi bilen garaldylyp belgilenmeli.

**Вид** adalgany bassaň, işlenýän faýla görnüş berilýän amallaryň sanawy getirilýär, mysal üçin, ýazgy adaty ýa-da Web, ölçegi we ş.m.

**Вставка** adalgany bassaň, işleýän faýlyňda zerur bolan goýma, ornuna goýma amallary ýerine ýetirýän amallaryň sanawy getirilýär.

**Формат** adalgany bassaň, işleýän faýlyňdaky ýazgylarda çäk berme amallaryň sanawy getirilýär. Olar şrift, setirara, harpara we ş.m. bolup biler.

**Сервис** adalgany bassaň, işlenýän faýla edilmeli hyzmatlary berip bolýan amallaryň sanawy getirilen. ***Mysal üçin,*** ýazgynyň dürs ýazylyşyny barlamak, faýla parametrler bermek, gerek gurallaryňy ekranda ýerleşdirmek ýaly işler.

**Таблица** adalgany bassaň, işlenýän faýla tablisa goýmak we onuň bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýän amallary sanawy getirilýär.

**Окно** adalgany bassaň, ekranda birbada açylyp işlenýän faýllaryň sanawy we olar bilen baglanyşykly amallaryň sanawy çykar. Bu faýllaryň sanawyndan birini basyp, onuň iş ekranyna geçip bolar.

**Справка** adalgany bassaň işlenýän faýl ýa-da programma boýunça etmeli iş barada anyklama alyp bolýan işleriň sanawy getirilen, ol, köplenç, F1 düwmäni basmak bilen alnyp bilner.

**Шрифт** adalga käbir kompýuterdäki MS Word maksatnamada bolmazlygy mümkindir, ony bassaň ýazgy üçin gerek şriftiň görnüşini goýup bilersiňiz.

11. MS Wordda köp ulanylmaly, standart doldurylmaly resminamalar ilki ülňüler görnüşinde döredilýär. Taýýarlanan resminama talap edilýän görnüşde MS Wordda ýygnalýar, ondan soň baş menýusyna baryp, **Файл>>Сохранить как>>Enter** basanyňda, çykan penjirede **Имя файла:** setirde oňa at bermeli, **Тип файла:** setirde, onuň sagyndaky ▼ belgini basyp, çykan sanawdan **Шаблон документа:** ýazgyny saýlamaly hem-de Enter ýa-da **Сохранить** düwmäni basmaly. Şeýle etseňiz siziň ýazan ýazgyňyz ülňi resminama bolar.

Taýýar, kompýuteriňizde bar bolan ülňini ulanjak bolsaňyz, **Файл>>Создать>>Enter** basanyňda, çykan penjiräniň **Общие** gatyna ýa-da beýleki gatlarda ol ülňi resminamanyň ady ýazylan piktogramma baryp, ony açyp, ol resminama öz maglumatlaryňyzy ýerli-ýerine goýmak ýeterlikdir.

Islendik raýat, hünärmentler we hünärmenler üçin gündelik

özüne gerek resminamalary öz kompyuterine başga kompýuterdäki bar bolan ülňi resminamalary goýup ulanjak bolsa, onda ol kompýuterden olary nusgalap almaly, olary **Windows>>Application Data>>Microsoft>>Шаблоны** – papkada ýerleşdirmeli.

## III.2. Arza

Arza raýatlar, işgärler tarapyndan edaranyň, kärhananyň, ministrligiň wezipeli ýolbaşçysynyň adyna haýyş ýa-da şikaýat görnüşinde ýazylýan resminamadyr. Onuň edara-kärhana tarapyndan ýa-da onuň işgärleriniň toparynyň, şeýle hem, raýatlaryň toparynyň adyndan adaty resmi adamlara hem ýazylmagy mümkindir. Arzalar, adatça, aşakdaky böleklerden (rekwizitden) durýar:

1. Resminamanyň ady.
2. Resminamanyň gönderilýän edarasy, ýagny arzanyň haýsy edaranyň nähili wezipeli ýolbaşçysyna (Familiýasy, ady hem görkezilmeli) ýazylyp berilýändigi hakynda maglumat.
3. Resminamany ýazýanyň maglumaty, ýagny arzany ýazýanyň käri, wezipesi, ady, familiýasy (ýa-da ýaşaýan salgysy, ady, familiýasy).
4. Resminamanyň ady setiriň ortasynda.
5. Resminama has ýokary wezipeli işgäre ýollanýan bolsa, onuň ady, atasynyň ady doly ýazylyp, soňunda! ýüzlenme belgi goýulmaly.
6. Resminamanyň mazmunyny delillendirilýän haýyş ýa-da şikaýat.
7. Goşundy, ýagny arza ýabşyrylýan resminamalar baradaky ýazgy.
8. Resminamany ýazýanyň goly ýa-da gollary.
9. Resminamanyň ýazylan senesi.

**Arza ýazmagyň mysaly nysgasy**

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň rektory ____________
(familiýasy, ady)

menejment fakultetiniň
birinji ýylynyň, 811-nji
toparynyň talyby
Gurban Mämmedowdan

ARZA

"Informatika" ugurdan has ykjam taýýarlyk görüp, ýokary mekdepler arasyndaky ýaryşlara gatnaşmaga mümkinçilik döretmek üçin "Maglumat ulgamlary we maglumat biznesi" kafedrasynyň programmirleme ugurdan mugallymlarynyň birine berkitmek üçin görkezme bermegiňizi soraýaryn. Arzama orta mekdepdäki ýaryşa gatnaşyp alan Hormat we Taryp hatlarymy goşýaryn.

____________G.Mämmedow
(Goly)

05.09.2006

## III.3. BEÝANDAN GÖÇÜRILEN BÖLEK

Beýandan göçürilen bölek – ýygnagyň beýanynyň göçürilip alynmagy bolup, oňa beýanyň hemme bölekleri girmeýär. Oňa diňe gün tertibindäki degişli mesele alnyp, beýleki meseleler oňa girizilmeýär.

**Beýandan göçürilen bölegiň mysaly nusgasy**

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň menejment fakultetiniň talyplarynyň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň 2005-nji ýylyň 18-nji sentýabrynda bolan umumy ýygnagynyň



Неподшитые заметки Стр.204

**Beýany**

Ýygnaga gatnaşdylar: 226 Kärdesler arkalaşygyň agzasyndan 213 talyp gatnaşdy. Ýygnaga menejment fakultetiň dekany, uly mugallym H.R.Baýramow, institutyň Kärdeşler arkalaşygy müdirliginiň başlygy A.M.Allaberenow gatnaşdy.

Ýygnagy alyp baryjylar:

Alyp baryjylaryň başlygy – B.B.Babaýew
Agzalary – Gydgyýew D., Salgymow B., Dagow D.
Kätip – G.Diwanowa

**Gün tertibi:**

I. 2004/2005-nji okuw ýylynyň jemleri hakynda (Menejment fakultetiň Kärdeşler arkalaşygynyň başlygy B.B.Babaýewiň çykyşy).

II. **Diňlenildi:** Nutukçynyň nutugy gysgarak ýazylýar.

**Sorag berildi:** (Kimiň nähili sorag berendigi ýazylýar).

**Jogap berildi:** (Bu ýerde berlen soraga nutukçynyň jogaby ýazylýar).

**Çykyp geplediler:**

A.M.Allaberenow (A.M.Allaberenowyň çykyşynyň gysgaça beýany).

H.R.Baýramow (H.R.Baýramowyň çykyşynyň gysgaça beýany).

B.Salgymow (B.Salgymowyň çykyşynyň gysgaça beýany).

**Karar kabul edildi:**

Geçen okuw ýylynda Kärdeşler arkalaşygyň geçiren işleriniň jemleri hakynda fakultetiň Kärdeşler arkalaşygynyň başlygy B.B.Babaýewiň çykyşyny hasaba almaly.

Ýygnagy alyp baryjylaryň
başlygy B.B.Babaýew
Kätip G.Diwanowa

## III. 4. ÇAKYLYK HATY

Çakylyk haty adamlara nähili hem bolsa bir dabara (ýygnaga, maslahata, konferensiýa, ýubileýe, toýa...) hat üsti bilen çagyrylanda ýazylýan resminamadyr. Muňa ýöne "Çakylyk" hem diýilýär. Çakylyk haty döwrebap bezelip bilner.

Resminamada alty bölek (rekwizit) bolýar:

1. Resminamanyň ady.
2. Çagyrylýanyň ady we familiýasy.
3. Dabarany geçirýän edaranyň ady.
4. Çagyrylýan dabaranyň ady.
5. Dabaranyň bolýan wagty.
6. Dabaranyň geçirilýän ýeriniň salgysy.

**Çakylyk hatynyň mysaly nusgasy**

**ÇAKYLYK HATY**

***Gadyrly Gurban Meläýewiç!***

"Ulgam" paýdarlar jemgyýeti Sizi Jemgyýetiň esaslandyrmagynyň 10 ýyllyk dabaraly toýuna işeňňir gatnaşmaga çagyrýar.

Dabaraly toý 2006-njy ýylyň 5-nji martynda 17 sagat 30 minutda paýdarlar jemgyýetiniň mejlishanasynda açylýar (*Aşgabat, 2008-nji köçe, 5-nji jaý*).

**Serhetýaka etraplara barmak üçin çakylyk hatynyň nusgasy**

**Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň polisiýa bölümine**

ÇAKYLYK HATY

______________________________________________Aşgabat
(Çakylyk hat beren häkimligiň ýa-da arçynlygyň doly ady)

şäheriniň Köpetdag etrabynyň Mir 1/2, 25 jaýynyň 9-njy öýünde ýaşaýan şu aşakdaky raýatlara:

1. Ýazlyýew Geldi 1979 ý.
2. Berdiýewa Baýramgül 1980 ý.
3. Ýazlyýew Sähet 1984 ý.

Serhetýaka bolan
etrabyň (arçynlygyň)________________________________
(Çakylyk hat beren häkimligiň ýa-da arçynlygyň doly ady)

çägine gelmegine garşy däl.

**Esas:**______________________________**ýaşaýan garyndaşy**
**(Çakylyk hat beren häkimlikde ýa-da arçynlykda ýaşaýan raýatyň ýaşaýan salgysy)**

______________________________________________ **arzasy.**
(Çagyranyň familiýasy ady)

Çakylyk haty berlen gününden başlap ___ günüň dowamynda
(Güni san bilen)

güýji bar.

______________ ________ ______________
(Çakylyk hat beren häkimligiň ýa-da arçynlygyň doly ady) (Goly) (Ady, familiýasy)

M.Ý.

## III.5. TERJIMEHAL

**Terjimehala,** köplenç, *awtobiografiýa* diýilýär. Terjimehal *(awtobiografiýa)* ony ýazýanyň durmuş ýolunyň beýanydyr. *Biografiýa* ony ýazýan başga bir şahsyň durmuş ýoluna beýan berýär.

Terjimehal dört bölekden (dört rekwizitden) ybarat:

1. Resminamanyň ady.

2. Resminamanyň mazmuny. Terjimehalyň mazmunynda aşakdaky maglumatlar bolmaly:

a) terjimehalyny ýazan şahsyň ady, atasynyň ady, familiýasy;

b) onuň näwagt, nirede doglandygy hakyndaky maglumat;

c) ene-atasynyň ady, familiýasy, käri we wezipesi;

d) terjimehaly ýazýan adamyň bilim derejesi: nirede, haýsy mekdeplerde, näçenji ýylda okap, ony näwagt tamamlandygy hakyndaky maglumatlar;

e) näwagt harby gullukda bolandygy hakyndaky maglumat;

f) özüne terjimehal ýazýan şahsyň nirelerde işländigi, nähili wezipeleri ýerine ýetirendigi, häzir kim bolup işleýändigi dogrusyndaky maglumatlar;

g) jemgyýetçilik guramalaryna giren wagty, agzalygy;

h) özüne terjimehal ýazýan şahsyň alan hökümet sylaglary, hormatly atlary baradaky maglumatlar;

i) özüne terjimehal ýazýan şahsyň maşgala ýagdaýy hakyndaky maglumatlar.

**Terjimehalyň mysaly nusgasy**

**Amanmyrat Gurbanowyň terjimehaly**

Men, Amanmyrat Gurbanow, 1956-njy ýylyň 28-nji aprelinde Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň Balkanabat şäherinde gullukçy maşgalasynda eneden doguldym.

Meniň kakam – Gazanmyrat Gurbanow Balkanabat şäheriniň 6-njy orta mekdebinde mugallym, ejem – Sonagözel Gurbanowa öý hojalykçy.

Men ýedi ýaşyma çenli ata-enemiň elinde terbiýelendim, 1963-nji ýylda bolsa şäherimizdäki 2-nji orta mekdebiň 1-nji synpyna okuwa girdim we ol orta mekdebi 1973-nji ýylda

üstünlikli tamamladym. 1973-1975-nji ýyllarda harby gullukda boldum. 1975-1979-njy ýyllar aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetinde okap, taryh mugallymy hünärini ele aldym. 1979-njy ýyldan başlap Balkanabat şäherindäki 4-nji orta mekdepde taryh mugallymy bolup işe başladym. 1982-nji ýylda Balkanabat şäherindäki 8-nji orta mekdebiniň okuw boýunça müdiri edilip bellenildim. 1986-njy ýylda şol mekdebiň müdirligine bellenildim. 1991-nji ýyldan bäri Balkanabat şäheriniň häkimliginiň bilim boýunça müdirýetiniň başlygy bolup işleýärin.

Men 1973-nji ýyldan başlap, Türkmenistanyň Ýaşlar birleşiginiň agzasy, 1975-nji ýyldan başlap Kärdeşler arkalaşygynyň agzasy, 1991-nji ýyldan başlap, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň agzasy.

1998-nji ýylda "Gaýrat" medaly bilen, şäherimiziň we welaýatymyzyň Hormat hatlary bilen sylaglandym.

Maşgala ýagdaýym: aýalym Nurgözel Babaýewa – 1959-njy ýylda doglan, orta mekdebiň matematika mugallymy. Gyzym Şähribossan Gurbanowa – 1981-nji ýylda doglan, talyp; oglum Geldimyrat Gurbanow – 1983-nji ýylda doglan, harby gullukçy.

Salgym: Türkmenistan, Balkan welaýaty, Balkanabat şäheri, Magtymguly köçesiniň 87-nji jaýy.

________________A.Gurbanow
(Goly) 28.04.2005 ý.

## III.6. HÄSIÝETNAMA

Häsiýetnama şahsa, onuň işi ýa-da okuwy hakynda, gylyk-häsiýeti dogrusynda edara-kärhana tarapyndan ýazylyp berilýän resminamadyr. Adatça, häsiýetnama dört bölekden ybarat bolup, olar aşakdaky maglumatlardan ybaratdyr:

1. Resminamanyň ady.

2. Resminamanyň mazmuny. Häsiýetnamanyň mazmuny hem aşakdaky maglumatlary öz içine almalydyr:

a) häsiýetnama berilýän şahsyň doglan ýyly;

b) onuň gelip çykyşy (doglan ýeri, milleti – bu maglumatlar zerur bolsa getirmeli);

c) jemgyýetçilik guramalarda durýanlygy (bu maglumatlar zerur bolsa getirmeli);

d) bilimi;

e) käri, wezipesi;

f) ady we familiýasy;

g) näçenji ýyldan bäri şol edara-kärhanada okap ýa-da işläp gelýändigi, nähili wezipelerde nähili işleýändigi hakynda ýazylýar;

h) kärine bolan yhlasy, jemgyýetçilik işlerini ýerine ýetirişi;

i) döwlet, jemgyýetçilik sylaglary, hormatly atlary;

j) gylyk-häsiýetiniň esasy taraplary, ahlak sypaty we keşbi;

3. Häsiýetnama berýän edara-kärhana ýolbaşçysynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň gollary we edaranyň möhri.

4. Resminamanyň, ýagny häsiýetnamasynyň ýazylan wagty.

### Häsiýetnamanyň mysaly nusgasy

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygynyň orunbasary

**Serdarow Kerime**

**HÄSIÝETNAMA**

Serdarow Kerim 1964-nji ýylda doglan, milleti türkmen, Türkmenistanda hereket edýän Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň, Kärdeşler arkalaşygyň agzasy. Ol ýokary bilimli, 1987-nji ýylda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň "Buhgalter hasabaty" hünärini tamamlady. Kerim Serdarow 1996-njy ýyldan bäri "Ulgam" paýdarlar jemgyýetinde ilki bilen ykdysatçy, soňra bölüm müdiri bolup işledi we häzirki wagtda jemgyýetiň başlygynyň orunbasary bolup işleýär.

Kerim Serdarow özüne berkidilen işi öz wagtynda, döredijilikli, işjeň ýerine ýetirmegi başarýar. Ol ykdysatçy, bölüm müdiri bolup işlän wagtlary "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň iş meýilnamalary, biznes-meýilnamalary has ýerlikli edilip düzülmegine we amal bolmagyna netijede, jemgyýetiň girdejisiniň artmagyna getirdi. Kerim Serdarow mydama öz işine pugta, döredijilikli çemeleşýän işgärdir, işgärler bilen işleşmäni başarýar. Jemgyýetiň işgärlerini mydama ruhy taýdan goldaýar, mümkinçilik bolsa, ynsanperwerlik işi bilen hem meşgul bolýar.

Kerim Serdarow Türkmenistanyň syýasy durmuşyna Demokratik partiýanyň işjeň agzasy bolmak bilen, döwürleýin metbugatda makalalar bilen hem çykyş edýär. Ol her bir işe örän jogapkärçilikli çemeleşýär.

Häsiýetnama şäher häkimliginiň Kärdeşler arkalaşygynyň geňeşi üçin berildi.

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň
başlygy N.Begmyradow
"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň
Kärdeşler arkalaşygynyň başlygy H.Jumaýewa
30.04.05 ý.

## III.7. ÝYGNAGYŇ BEÝANY

**BEÝAN** – geçirilýän geňeşleriň, mejlisleriň gidişi, garalýan meseleleriň ara alyp maslahatlanylyşy, kabul edilen kararlaryny görkezýän resminamadyr.

**Beýan,** esasanam, sekiz bölekden durýar:

1. Resminamanyň ady we onuň ýöredilişiniň tertip sany.
2. Ýygnagy geçirýän guramanyň ady.
3. Ýygnagyň bolýan wagty.
4. Ýygnaga gatnaşýan adamlaryň düzümi.

5. Ýygnagy alyp baryjylar hakynda maglumat.
6. Ýygnagyň gün tertibi.
7. Resminamanyň-beýanyň mazmuny.
   a) diňlenildi;
   b) sorag-jogap berildi;
   c) çykyp geplediler;
   d) karar kabul edildi.

8. Resminamanyň aşagynda ýygnagyň başlygynyň we beýan ýazýan kätibiň gollary.

**Beýanyň gysgaldylan mysaly nusgaly**

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň 2005-nji ýylyň 12-nji maýynda bolan umumy ýygnagynyň

**№___ BEÝANY**

Ýygnaga gatnaşdylar: 46 kärdeşler agzasyndan 41 agza ýygnaga gatnaşdy.

Ýygnaga şäher Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň başlygy D.Kürtiýew hem gatnaşdy.

**Ýygnagy alyp baryjylar:**

Ýygnagyň başlygy – P.Pälwanow,
agzalary – D.Baýryýew,
A.Myradowa,
K.Berdiýew
kätip – M.Mahmydowa

**Gün tertibi:**

I. Geçen 2004-nji ýylyň maý aýy bilen 2005-nji ýylyň maý aynyň dowamynda Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň amal eden işleri (Kärdeşler guramasynyň başlygy Babaýew Merdanyň nutugy).

II. Işgärleriň hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmak çäreleri (Paýdarlar jemgyýetiniň başlygy P.Pälwanowyň nutugy).

**1. Diňlenildi:**

M.Babaýew: (Geçen 2004-nji ýylyň maý aýy bilen 2005-nji ýylyň maý aýynyň dowamynda Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň amal eden işleriniň beýany – Babaýew Merdanyň nutugy beýana tabşyrylýar).

**Sorag berildi:** (Kimiň nähili sorag berendigi ýazylýar).

**Jogap berildi:** (Nutukçynyň berlen soraglara jogaby ýazylýar).

**Çykyp geplediler:**

G.Geldiýew (G.Geldiýewiň çykyşynyň beýany).

A.Çarymyradow (A.Çarymyradowyň çykyşynyň beýany).

S.Jepbarow (S.Jepbarowyň çykyşynyň beýany).

**Karar edildi:**

Geçen kalendar ýylynda paýdarlar jemgyýetiň Kärdeşler arkalaşygynyň amal eden işlerini kanagatlanarly hasaplap Babaýew Merdanyň nutugyny tassyklamaly.

**II. Diňlenildi:**

Paýdarlar jemgyýetiniň başlygy P.Pälwanowyň işgärleriň hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmak baradaky çäreleri (P.Pälwanowyň nutugynyň mazmuny ýazylýar).

**Sorag berildi:** (Kimiň nähili sorag berendigi ýazylýar).

**Jogap berildi:** (Nutukçynyň berlen soraglara jogaby ýazylýar).

**Çykyp geplediler:**

G.Algeldiýew (G.Algeldiýewiň çykyşynyň beýany).

A.Berdimyradow (A.Berdimyradowyň çykyşynyň beýany).

S.Abdyjepbarow (S.Abdyjepbarowyň çykyşynyň beýany).

**Karar edildi:**

Paýdarlar jemgyýetiniň başlygy P.Pälwanowyň işgärleriň

hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmak baradaky çäreleriniň maglumatyny hasaba almaly.

| | |
|---|---|
| **Ýygnagy alyp baryjylaryň başlygy** | **P.Pälwanow** |
| **Kätip** | **M.Mahmydowa** |

## III.8. DIL HATY

Haýsy hem bolsa bir zadyň bir adamdan ýa-da edaradan alandygyna güwä geçýän resminama **dil haty** diýilýär. Dil haty öňden taýýarlanylan resminama däl-de, arassa ak standart kagyza ýazylýar. Ol dört bölekden durýar:

1. Resminamanyň ady.
2. Resminamanyň mazmuny. Dil hatyň mazmunynda şeýle maglumatlar bolmaly:
    a) zady alýan adamyň käri, wezipesi, ady we familiýasy;
    b) zadyň alynýan ýeriniň ady;
    c) alynýan zadyň ady, mukdary.
3. Resminamany (ýagny dil haty) ýazýan adamyň goly.
4. Resminamanyň (dil hatyň) ýazylan wagty.

**Dil hatynyň mysaly nusgalary:**

**Dil haty**

Men, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Maglumat ulgamlary fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Weli Kyýasow, institutyň hasaphanasynyň kassasyndan toparyň talyplarynyň 2005-nji ýylyň sentýabr aýy üçin talyp haklaryna düşýän 18 (on sekiz) million 60 (altmyş) müň manat puly aldym.

_______________W.Kyýasow
(Goly)

_________04.05.05_________
(Sene)



Неподшитые заметки Стр.214

**Dil haty**

Men, **Weliýew Gurban** Aşgabat şäheriniň Parahat 1-mkr, 43 jaýy, 65-nji öýünde ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty, özüm üçin Mary şäherinde ýaşaýan **Kerimow Pirgulydan** 2005-nji ýylyň 5-nji maýynda 60 (altmyş) millon manat karz aldym, ony 2005-nji ýylyň sentýabryň ortasyna 5 göterimi bilen gaýdyp berjek.

_______________G.Weliýew
(Goly)

04.05.05
(Sene)

## III.9. YNANÇ HATY

Ynanç haty bir adamyň başga bir adama öz adyndan hereket etmäge (pul ýa haryt almaga, kazyýet işini alyp barmaga ýa-da goşdan, maddy zatdan peýdalamaga) ýuridik taýdan hukuk berýän razyçylygyny görkezýän resminamadyr. Ynanç hatynyň alty bölegi (rekwiziti) bar:

1. Resminamanyň ady.
2. Resminamanyň mazmuny. Ynanç hatynyň mazmunynda şu maglumatlar bolmaly:
   a) resminamanyň eýesiniň, ýagny ynanýan adamyň käri, wezipesi (ýa-da salgysy), ady, familiýasy;
   b) ynanylan adamyň, ýagny resminama bilen hereket etmeli adamyň käri, wezipesi (ýa-da salgysy), ady, familiýasy, şeýle hem, onuň pasport maglumatlary (seriýasy, tertip sany, kim tarapyndan, näwagt berlendigi);
   c) alynýan zadyň orny ýa-da ynanylan hereketiň bolmaly ýeri hakynda maglumat;
   d) ýuridik taýdan ynanylan (ygtyýar berilýän) hereketiň takyk we düşnükli ýazgysy.

3. Ynanç hatyny ýazýan adamyň goly.

4. Resminamanyň ýazylan senesi.

5. Ynanç hatyny ýazan adamyň goluny tassyklaýan wezipeli adamyň (notariusyň) goly, ady, familiýasy we edaranyň möhri.

6. Ynanç hatyny ýazan adamyň golunyň tassyklanan senesi.

### Ynanç hatynyň mysaly nusgasy

**Ynanç haty**

Men, Aşgabat şäherindäki "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň baş menejeri Myradow Begmyrat, şu jemgyýetiň inženeri Mämmetgurban Pyhyýewe (pasport: I-AŞ 582147, Aşgabat şäher häkimligi tarapyndan 2002-nji ýylyň 11-nji maýynda berlen) "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň kassasyndan meniň zähmet rugsadyma düşýän 3600000 (üç millon alty ýüz müň) manat puly almagy ynanýaryn.

________________B.Myradow
(Goly)

____6.07.05 ý.____
(Sene)

### Autoulag sürmäge berilýän ynanç hatyň ülňüsi

**YNANÇ HATY**

______Iki müň______ýylyň_______aýynyň ______güni
(Hat berlen ýer) (ýazyw bilen) (ýazuw bilen) (ýazuw bilen)

Men raýat________________________________________
(Familyasy, ady) (Ýaşaýan ýeriniň doly salgysy)

jaý №_____ öý _____ ýaşaýaryn hem-de şu ynanç hat bilen şu________________________________salgyda ýaşaýan
(Ýaşaýan ýeriniň doly salgysy)

raýat________________, maňa degişli __________markaly,
(Familyasy, ady)

№ ____________ dwigatelli, № _____________kuzowly, ____________________ döwlet nomer belgili awtoulagy dolandyrmagy, oňa awtomaşynyň tehniki ýagdaýyna seretmäge, ýol hadysasynda meniň wekilim bolmagy, şu tabşyrygymy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ähli hereketleri etmägi we meniň ornuma gol çekmägi ynanýaryn.

Ynanç hat ___________möhlet bilen berildi.
(San we ýazmaça)

Goly:___________«__»_________200__ý.

Şu ynanç haty Äşgabat şäherindäki Birinji döwlet notarial kontorasynyň döwlet notariusy ____________ tarapyndan tassyklanan.

Ynanç hat raýat_______________________tarapyndan meniň
(Familiýasy, ady)

gatnaşmagymda gol çekildi. Onuň şahsyýeti kesgitlenildi, ukyplylygy barlandy.

Reýesrtde hasaba alnan № _______________________
Alnan döwlet ýygymynyň möçberi_________________
Ynanç hatyň sany__________
Döwlet notariusy________________
(Goly)

## III.10. MAGLUMAT HATY

Maglumat haty edaranyň wezipeli işgäri tarapyndan şol edaranyň ýolbaşçysynyň adyna teklip ýa-da maglumat görnüşinde ýazylyp berilýän resminamadyr. Onuň bölekleriniň manysyna we görnüşine, olaryň kagyz ýüzündäki ýerleşiş tertibine görä ol *arza* meňzeşdir.

Maglumat haty alty bölekden (rekwizitlerden) ybarat:

1. Resminamanyň ady,

2. Salgylanylýan (bu haty haýsy edaranyň nähili wezipeli adamsyna ýazylyp berilýändigi hakynda maglumat).

3. Ýüzlenýäniň, ýagny bu haty ýazýan şahsyň käri, wezipesi, ady we familiýasy.

4. Resminamanyň mazmuny.

5. Resminamanyň awtorynyň goly.

6. Resminamanyň ýazylan senesi.

**Maglumat hatynyň mysaly nysgasy**

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygy
Hemraýew Gurbana
şol jemgyýetiň bölüm müdiri
Kakamyrat Goçmyradowdan

**Maglumat haty**

"Marketing" bölümiň işgäri Berdiýew Durdynyň öz kärini has kämilleşdirmegini zerur hasaplaýaryn we şoňa görä ony şu ýylyň sentýabryndan dekabry aralykda TEMPUS maksatnamasyndaky Marketing işgärleri kämilleşdirýän gysga möhletli okuwa ibermegiň zerurdygyny Siziň dykgatyňyza ýetirýärin.

**"Marketing" bölüminiň** ________ **K. Goçmyradow**
**müdüri** (Goly)
7.08.2005 ý.

## III.11. DÜŞÜNDIRIŞ HATY

Düşündiriş haty arza meňzeşdir. Düşündiriş haty haýsy hem bolsa bir işde edilen hereketiň dogrudygyny tassyklaýan ýa-da goýberilen kemçiligiň boýun alynýandygyny görkezýän resminamadyr. Düşündiriş haty wezipeli adamyň talap etmegi



Неподшитые заметки Стр.218

boýunça edaranyň ýolbaşçysynyň adyna ýazylyp, onda awtor ol ýa-da beýleki goýberen ýalňyşyny boýun alýar.

Düşündiriş haty ýedi bölekden (rekwizitlerden) ybarat:

1. Resminamanyň ady.
2. Salgylanylýan (bu haty haýsy edaranyň nähili wezipeli ýolbaşçysynyň adyna ýazylyp berilýändigi hakynda maglumat).
3. Ýüzlenýäniň, ýagny bu düşündiriş haty ýazýan şahsyň käri, wezipesi, ady we familiýasy.
4. Resminamanyň mazmuny.
5. Resminama ýabşyrylýan beýleki resminamalar baradaky ýazgy.
6. Resminamany (düşündiriş haty) ýazýan şahsyň goly.
7. Düşündiriş hatynyň ýazylan senesi.

**Düşündiriş hatynyň mysaly nysgasy**

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygy
Hemraýew Gurbana
şol jemgyýetiň bölüm müdiri
Kakamyrat Goçmyradowdan

**Düşündiriş haty**

"Marketing" bölümiň işgäri Berdiýew Durdy bilen sagat 10-12 aralygy Amerikanyň ilçihanasynyň ýygnanyşygyna gatnaşdyk, şol zerarly işe gelip bilmedik. Size hem öz wagtynda habar berip bilmedik. Indi Siziň görkezmäňiz bolmasa, şeýle ýygnanyşyga barmajagyma söz berýärin.

**"Marketing" bölüminiň __________ K.Goçmyradow**
**müdiri** (Goly)
7.08.2005 ý.

## III.12. MAGLUMATNAMA

Özüne tabyn adamlaryň işi, okuwy barada wezipeli adamyň ondan ýokardaky wezipeli adama ýazyp berýän resminamasy **maglumatnamadyr.** Resminama alty bölekden ybarat bolup, onda alty rekwizit bardyr.

Maglumatnama arza meňzeşdir:

1. Resminamanyň ady.
2. Salgylanylýan resmi (edaranyň nähili wezipeli ýolbaşçysynyň adyna ýazylyp berilýändigi hakynda maglumat).
3. Ýüzlenýäniň, ýagny bu maglumatnama ýazýan şahsyň käri, wezipesi, ady we familiýasy.
4. Resminamanyň mazmuny.
5. Resminamany (maglumatnama haty) ýazýan şahsyň goly.
6. Maglumatnamanyň ýazylan senesi.

**Maglumatnamanyň mysaly nysgasy**

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygy
Hemraýew Gurbana
"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň
"Marketing" bölüminiň müdiri
Kakamyrat Goçmyradowdan

**Maglumatnama**

"Marketing" bölümi Siziň görkezmäňize laýyklykda, "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň şahamçalaryndan gelen aşakdaky işgärleri bir hepdelik "Tor marketingi" kursa kabul edýändigi barada buýruk çykarmaga maglumat berýärin.

1. Kakamyradow Geldimuhammet – Mary welaýaty, Murgap etraby.
2. Berdiýew Geldi – Lebap welaýaty, Sakar etraby.
3. Kakajanow Atajan – Daşoguz welaýaty, Köneürgenç şäheri.

4. Weliýew Nury – Mary welaýaty, Tagtabazar etraby.
5. Ataýew Gurt – Balkan welaýaty, Balkanabat şäheri

"Marketing" bölümiň müdiri________K.Goçmyradow
(Goly)

10.08.2005 ý.

## III.13. TASSYKNAMA

Tassyknama haýsy hem bolsa bir maglumaty, hadysany tassyklaýan ýa-da beýan edýän resminamadyr. Tassyknamalar adatça ýaşaýan, okaýan, işleýän ýeriň, ýerine ýetirýän wezipäň, maşgala ýagdaýyň ýa-da aýlyk hakyň hakynda haýsy hem bolsa bir edara ýa-da wezipeli adamlar tarapyndan talap edilen mahalynda ýazylýan resminamadyr. Olar, köplenç, kybapdaş ülňüleşdirilen içine gol bilen doldurylmaly edilip nusgalanan resminamalar görnüşinde bolýar. Şol resminamalaryň nusgalarynda ministrligiň, oňa garaşly edaranyň, kärhananyň ady, onuň salgysy, elektron salgysy, telefony, tassyknamanyň tertip sany we onuň ýazylan wagtyny görkezýän boşluk bolýar.

Tassyknama dört bölekden durýar:

1. Resminamanyň ady.
2. Tassyknamanyň mazmuny.
3. Tassyknamanyň gönderilýän salgylanmasy, ýagny tassyknamanyň nirä ýazylyp berilýändigi hakynda maglumat.
4. Tassyknamany resmileşdirýän gollar.

### Tassyknamanyň mysaly nysgasy

**Tassyknama**

Türkmenistanyň raýaty Kakamyrat Goçmyradow häzirki wagtda dogrudan hem Aşgabat şäherindäki "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň "Marketing" bölüminiň müdiri bolup işleýär.

Tassyknama talap edilýän ýere berildi.
"Ulgam" paýdarlar
jemgyýetiniň başlygy G.Hemraýew
Kätip G.Inerowa
10.08.2005 ý.

**Tassyknama** kähalatlarda **GÜWÄ HAT (Forma №3)** hem diýilýär, onuň mysaly nusgasy:

**GÜWÄ HAT** "____" __________200_ý.
Raýata berildi___________________________
Hakykatdan hem ol şu salgy boýunça ýazgyda dur
____________________________________________________
maşgala sany:
1.______________________________________________
2.______________________________________________
3.______________________________________________
4.______________________________________________
Tassyknama talap edilýän ýere berildi.
Köpetdag etrap häkimliginiň
"Ýaşaýyş jaý we kommunal
hyzmatlary" bölüminiň müdiri B.A.Durdymyradow
10.08.2005 ý.

## III.14. HAÝÝŞNAMA

Haýsy hem bolsa bir edaranyň ýa-da guramanyň işgärini ýokary wezipä çekmek ýa-da hökümet sylagyna ýazyp bermek üçin edaranyň ýa-da guramanyň ýolbaşçysyndan towakga etmegini aňladýan resminama **haýyşnama** diýilýär.

Haýyşnamanyň dört rekwiziti bolýar, olar şu aşakdakylardyr:

1. Resminamanyň ady.
2. Resminamanyň mazmuny. Oňa girýän maglumatlar:

a) haýyşnama ýazylýan adamyň şol edarada ýa-da guramada näwagtdan bäri işläp gelýändigi;
b) onuň nähili wezipeleri ýerine ýetirendigi;
c) kärine bolan yhlasy;
d) alyp barýan jemgyýetçilik işleri;
e) hökümet sylaglary;
f) ýokary wezipä çekmek üçin ýa-da hökümet sylagyny bermek üçin onuň işleýän edarasynyň gelen netijesi.

3. Ýokary wezipeli adamyň goly.
4. Haýyşnamanyň ýazylan wagty.

**Haýyşnamanyň mysaly nysgasy**

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň baş inženeri M.Babaýew üçin

**HAÝYŞNAMA**

M.Babaýew 1990-njy ýylda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň "Halkara gatnaşyklar we ykdysady-inžener fakultetini" tapawutlanyş diplomy bilen tamamlandan soň, "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň Mary welaýat şahamçasynda inžener wezipesinde işläp başlady. Ol bu jemgyýetde 15 ýyldan hem gowrak işläp gelýär.

Ol inženerlik kärinde işlände jemgyýetdäki adaty kompýuter ulgamynyň näsazlyklaryny tehniki taýdan düzetmän, eýsem kompýuterleriň programma üpjünçilikleriniň näsazlyklaryny aradan aýyrmagy hem başardy, şol bir wagtda ykdysadyýetde ýüze çykýan dolandyryş meselelerini kompýuterleşdirip, hasabatlary alyp barmak işlerine taslamalar döretmäge hem işeňňir gatnaşdy.

M.Babaýew jemgyýetde ilkinjileriň biri bolup, kompýuterleriň Microsofr Windows amallar ulgamynda işlemegi özbaşdak özleşdirdi hem-de onda işlemegi jemgyýetiň işgärlerine öwretdi. Şeýle hem, ol personal kompýuterlerde

edara-kärhanalaryň gündelik resminama dolanyşygyny amal etmek üçin, Microsoft Office kompýuter programmalaryny ulanmaklygy jemgyýetiň işinde doly ýola goýdy.

M.Babaýew jemgyýetiň syýasy durmuşyna hem işeňňir gatnaşýar, ol Türkmenistanyň demokratik partiýasynyň, Kärdeşler arkalaşygynyň agzasydyr. M.Babaýew ýakyn geljekde belleniljek Türkmenistanda "Tehnika we dolandyryş" baýramçylyk güni mynasybetli beriljek hökümet sylaga has mynasyp işgär diýip hasap edýäris.

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygy B.P.Bekgäýew
28.08.2005 ý.

## III.15. KEPILNAMA

(rusçasy "рекомендация")

Bir adam haýsy hem bolsa bir guramanyň agzalygyna çekiljek bolanynda ýa-da ýokary wezipä hödürlenilende, ol hakda şol guramada duryan, ony gowy tanaýan, köp ýyl işlän, abraýly başga bir adam tarapyndan ýazylyp berilýän oňaýly baha **Kepilnama** diýilýär. **Kepilnama** bilen adama berilýän oňaýly baha netijesinde, ol haýsy hem bolsa bir gurama girmäge, nähili hem bolsa bir wezipä bellenilmäge ýa-da ýokary baýragy almaga hödürlenilýär. Kepilnamanyň düzümi alty bölekden (rekwizitden) ybaratdyr:

5. Resminamanyň ady.
6. Resminamanyň mazmuny. Oňa girýän maglumatlar:
   a) Kepilnama berýän adam hakyndaky maglumatlar;
   b) Kepilnama berilýän adamyň gysgajyk häsiýetnamasy;
   c) Kepilnama berilýän adamyň häsiýetnamasynyň dogrudygy hakynda güwä geçmek;
7. Resminamany ýazan adamyň goly.
8. Resminamanyň ýazylan senesi.

9. Kepilnamany ýazan adamyň goluny tassyklaýan wezipeli adamyň goly.

10. Kepilnamany ýazan adamyň golunyň tassyklanan senesi.

**Kepilnamanyň mysaly nusgasy**

Aşgabat şäherindäki "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň baş inženeri Meretmuhammet Babaýewe

**Kepilnama**

Men, Aşgabat şäherindäki "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygy, 200_-nji ýyldan bäri Türkmenistan demokratik partiýasynyň agzasy (partresminamamyň №_____) Bekdurdy Bekgäýew, "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň baş inženeri Meretmuhammet Babaýew bilen 1995-nji ýyldan bäri bile işleşip gelýärin, şonuň üçin hem ony gowy tanaýaryn.

Meretmuhammet Babaýew öz işini birkemsiz bilýän inžener, jemgyýetiň işgärleri bilen adamkärçilikli işleşip bilýän ýolbaşçy işgär. Ol özüniň baş inženerlik borjuny birkemsiz ýerine ýetirýär hem-de ýaş inženerlere atalyk goldawyny berýär.

Meretmuhammet Babaýew Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerini, şol sanda gazet-žurnallary yzygiderli okaýar, özüniň syýasy bilimlerini artdyryp durýar.

Meretmuhammet Babaýew dogruçyl, talapkär, işeňňir, ruhy taýdan durnukly, ahlak taýdan arassa, syýasy taýdan taýýarlykly, tertipli, medeniýetli inžener. Şoňa görä ol Türkmenistanyň demokratik partiýasynyň agzasy bolmaga mynasypdyr. Men onuň syýasy, iş, ruhy sypatynyň şu ýerde dogry häsiýetlendirilendigine doly güwä geçýärin we onuň üçin kepil bolup bilerin.

19__-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň demokratik partiýasynyň agzasy __________ Bekdurdy Bekgäýew
(goly)

24.05.2005.

Demokratik partıyanyň
etrap komitetiniň işgäri ______(A.Kerimow)
(goly)

02.06.2005.

## III.16. BUÝRUK

Haýsy hem bolsa bir işi ýerine ýetirmek boýunça hökümet edaralarynyň başlyklarynyň ýa-da edara ýolbaşçylarynyň tabşyryk häsiýetli emrine **buýruk** diýilýär. **Buýruk** adatça adamlar wezipä bellenilende ýa-da wezipeden boşadylanda, zähmet rugsadyna çykarylanda ýa-da zähmet rugsadyndan çagyrylanda, sylaglanylanda ýa-da käýinç yglan edilende, bir zat hasaba alynanda ýa-da hasapdan çykarylanda ýa-da şuňa meňzeş halatlarda işe girizilýän, ýazylýan resminamadyr. Buýrugyň sekiz sany rekwiziti (bölegi) bolýar, olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Resminamanyň ady we tertip sany.
2. Buýrugyň berlen ýeri.
3. Buýrugyň gol çekilen wagty.
4. Buýrugyň näme hakyndalygy.
5. Buýrugyň mazmuny.
6. Esas.
7. Buýrugy beren wezipeli adamyň goly.
8. Buýruk bilen ylalaşylan jemgyýetçilik guramanyň, ygtyýarly işgäriň wezipesi, goly.

**Buýrugyň mysaly nusgasy**

"Ulgam" paýdarlar jemgyýeti boýunça 58-nji buýruk
Aşgabat şäheri. 2005-nji ýylyň 7-nji iýuny.

"Maketing" bölüminiň uly ykdysatçysy Serdar Sopyýewi wezipesinden boşatmak hakynda.

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň "Maketing" bölüminiň uly ykdysatçysy Serdar Sopyýewy başga işe geçýänligi sepäpli, öz islegi boýunça uly ykdysatçy wezipesinden boşatmaly:

Esas: S.Sopyýewiň arzasy.
"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň
başlygy _________B.Beglimyradow

Ylalaşylan: Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň
başlygy________G.Kerimgulyýew

Maslahatçy ýurist ________ R.Gylyjow

## III.17. IŞ MEÝILNAMASY

Iş meýilnamasy haýsy hem bolsa bir guramanyň agzalarynyň, edaranyň, kärhananyň işgärleriniň belli bir möhlet içinde durmuşa geçirilmeli çäreleriniň düzgüne salnan we ýygnakda tassyklanan hem-de ýolbaşçy tarapyndan tassyklanan beýanydyr. Ol hakyky ýagdaýlarda anyklama-çäk (normatiw) resminamalara esaslanyp düzülmelidir. Bu resminamada dört rekwizit bardyr:

1. Resminamanyň ady.
2. Iş meýilnamanyň nirede, näwagt tassyklanandygy barada maglumat.
3. Resminamanyň mazmuny. Oňa aşakdaky ýaly maglumatlar girýär:
   a) tablisanyň setir we sütün çyzgylary;
   b) durmuşa geçirilmeli çäreleriň ugurlary;
   ç) durmuşa geçirilmeli çäreleriň beýany;
4. Guramanyň (ýa-da edaranyň, kärhananyň) wezipeli adamsynyň goly.

**Iş meýilnamasynyň mysaly nusgasy**

**"Tassyklaýaryn"**
"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygy
(goly) G.B.Nurýagdyýew
"___"____________2005 ý.

“Ulgam” paýdarlar jemgyýetinde ýerli kompýuter toruny döretmek we işe girizmegiň

## IŞ MEÝILNAMASY

| T № | Edilmeli işleriň, çäreleriň we meseleleriň ady | Geзirilmeli senesi | Taээarlamak boэunзa jogapkдr işgäriň familiýasi | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | **1. Guramaзylyk meseleleri** | | | |
| 1. | Toparyň iş meэilnamasyny düzmek we oňa toparyň эygnagynda seretmek | 1.06.05 | Iş toparyň başlygy P.Berdiýew, baş inžener K.Durdyэew | |
| 2. | “Tor” edara bilen şertnama baglaşmak | 10.06.05 | Iş toparyň başlygy P.Berdiэew | |
| 3. | “Tor” edara bilen degişli göterimde maliэe hasbyny geзirmek | 12.06.05 | Baş buhgalter G.Mergenowa | |
| | **2. Цыьmзilik meseleleri** | | | |
| 4. | Buшьmleriň kompэuterlerini torda işlemäge taýýarlamak | 15.06.05 | Iş toparyň başlygy P.Berdiэew | Torda işlemegiň talaby |
| 5. | Tor serişdelerini getirmek | 16.06.05 | Baş inžener K.Durdyэew, “Tor” edara | |
| 6. | Otaglary, tok serişdeleri tor kabelini geзirmдge taээarlyk | 20.06.05-25.06.05 | Baş inžener K.Durdyэew, “Tor” edara | Taslama gшrд |
| 7. | Kompэuterara, otagara kabelleri geзirmek | 27.06.05-07.07.05 | Iş toparyň başlygy P.Berdiэew, “Tor” edara | |
| 8. | Kompэuterleri Serwere birikdirmek, zeur maksatnamalary goэmak | 8.07.05-13.07.05 | “Tor” edara | |
| 9. | Torda doly işläp gurmek, torda printer oturtmak, tory serwer arkaly Internete birikdirmek | 14.07.05-19.07.05 | “Tor” edara | |
| 10. | Tory doly işe girizilenligi barada ykrarnama dьzmek, ony resmileşdirmek | 20.07.05 | Baş inžener K.Durdyэew, “Tor” edaranyň wekili | |

Iş meýilnamasyny işläp taýýarlan
"Tehniki serişdeleri bejeriş"
bölüminiň başlygy P.Berdiýew,
Baş inžener K.Durdyýew
"Tor" edara bilen ylalaşylan.

## III.18. HASABAT

Hasabat haýsy hem bolsa bir işiň ýa-da ýumşuň ýerine ýetirilişi ýa-da barlagyň netijesi dogrusynda edaranyň ýa-da bolmasa, onuň ýolbaşçysynyň adyna, topar ýa-da toparyň, şahsyň adyndan ýazylyp berilýän resminamadyr. Hasabat topary döredijiniň-edarasynyň diwanhanasyna tabşyrylýar. Düzülmeli hasabatyň umumy ýagdaýda ýedi bölegi (rekwiziti) bardyr:

1. Resminamanyň ady.
2. Resminamanyň gönükdirilen edarasynyň ady, ýolbaşçysy.
3. Resminamany gönükdiren topar ýa-da jogapkär işgär barada maglumat.
4. Resminamanyň mazmuny:
   a) haçan, nirede, näme, nähili ýerine ýetirildi?
   b) gelnen netijeler.
5. Hasabata ýabşyrylýan resminamalar hakyndaky maglumatlar.
6. Resminamany ýazan toparyň ýa-da işgäriň goly.
7. Hasabatyň ýazylan senesi.

### Hasabatyň mysaly nusgasy

"Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň
başlygy Gurbanmyrat Goçdurdyýewe
"Audit" barlag toparynyň
başlygy Toýly Mämmetmyradowyň



Неподшитые заметки Стр.229

## HASABATY

Men "Ulgam" paýdarlar jemgyýetiniň başlygynyň 42/1 buýrugy esasynda 2005-nji ýylyň 5-nji fewralyndan 8-nji apreline çenli şu paýdarlar jemgyýetinde audit işlerini geçirdim.

Audit işini paýdarlar jemgyýetiniň "Buhgalteriýa", "Menejment" we "Marketing" bölümlerde geçirdi, onuň netijesi aşakdakylardan ybarat:

1. "Buhgalteriýa" bölüminde ýöredilmeli hökmany gündelik resminamalar doly we dogry ýöredilýär. Kähalatlarda deslapky resminamalardaky maglumatlar meýilnama sçýotlaryna maksadalaýyk geçirilmändir, olaryň sanawyny goşundyda getirdik.

2. "Menejment" bölüminiň işiniň barlagy, onuň işiniň berlen ygtyýarlyklara laýyk alyp barýanlygyny görkezdi. Bölümiň işinde geljekde amal edilmeli çözgütler barada çaklama meýilnama döwürleýin düzülmändir.

3. "Marketing" bölüminiň işi ýörite meýilnama laýyk däl. Bölüm önümleri we hyzmatlary ýerleşdirmek boýunça barlaglary ýurduň içinde we halkara derejesinde häzirki zaman maglumat tilsimaty esasynda ýerine ýetirmegi başarmandyr. Olaryň bu işi amal etmekde usulyýet taýdan kynçylyk çekýänligi aýan boldy.

"Audit" barlag toparynyň
başlygy T. Mämmetmyradow
12.04.2005 ý.

## III.19. ŞERTNAMALAR-KONTRAKTLAR

### I. Umumy düşünje

**Şertnama** – munuň özi haýsy bolsa-da iki subýektiň (döwletiň) ýa-da birnäçe subýektiň (döwletiň) arasyndaky baglaşylan ylalaşyşykdyr; iki ýa-da birnäçe ýuridiki taraplaryň

arasynda baglaşylan ylalaşykdyr; bir fiziki tarap bilen (taraplar bilen) ýuridik tarapyň baglanyşan ylalaşygyna hem-de iki fiziki taraplaryň baglanyşan ylalaşykdyr.

**Subýekt, ýuridik taraplar** – döwletler (olaryň birinji ýolbaşçylary, hökümetleri), ýerli döwlet edaralary (Türkmenistan üçin welaýatlar, etraplar, arçynlyklar), edara-kärhanalar, firmalar, guramalar, birleşikler we başgalar, ýagny özbaşyna möhri, bank edaralarynda aýratyn **hasaby** bolan hem-de özi üçin aýratyn düzgünnamasy (ustawy) esasynda hereket edip her bir öz işi üçin kanunyň öňünde jogap berýän taraplardyr.

Ýörite görkezilmese **ýuridik taraplaryň** şertnama boýunça öz boýnuna alan borçnamalary üçin **döwlet, döwlet edralary** jogapkärçilik çekmeýär, şeýle hem, **döwletiň, döwlet edaralarynyň** alan borçnamalaryna ýuridik tarap jogap çekmeýär.

**Şertnamalara** (ýa-da **şertnama**) ýuridik taraplaryň ýolbaşçylary ýa-da ýuridik tarapynyň beren ygtyýar hatynyň esasynda belli bir ynanylan **adamyň gol çekmäge** haky bardyr.

**Fiziki tarap** diýlip, her bir adam (**raýat**) göz öňünde tutulýar.

Her bir kämillik ýaşyna ýeten, akyl-paýhasy ýerinde bolup kanunyň öňünde öz kanuny borçlaryny ýerine ýetirýän we hukugyny bilýän hem-de goraýan we ulanýan adam (**raýat**) özbaşdak şertnama baglaşyp we gol çekip biler.

## II. Şertnamalaryň umumylyklary (rekwizitleri) we olara häsiýetnamalar

Haýsy şertnama (kontrakt) bolanda möçberi köp ýa-da az aşakdaky umumylyklar bardyr:

1. Şertnamanyň ady.
2. Şertnamanyň ýazylan ýa-da baglaşylan ýeri.
3. Şertnamanyň ýazylan senesi.

4. Şertnamany baglaşýan taraplaryň şertnama gol çekýän işgärleri hakda maglumat.
5. Şertnamanyň maksady.
6. Şertnama boýunça ýerine ýetirilmeli zatlar, işler.
7. Şertnama baglaşýan taraplaryň hukuklary we jogapkärçiligi.
8. Şertnamadaky goşmaça şertler.
9. Şertnamanyň möhleti we ony möhletinden öň ýatyrmagyň tertibi.
10. Şertnamany baglaşýan taraplaryň adaty aragatnaşyk we elektron salgylary, töleg üçin bankdaky hasaplaşyk hasaplary (sçýotlary) we bankyň atlary, ýük ugratmak we ýük kabul etmek üçin ýakyndaky demir ýol duralgalary (menzilleri), deňiz, derýa portlary (rekwizitleri).
11. Şertnama gatnaşyjy ýuridik taraplaryň wekilleriniň şertnamadaky gollary we ol gollary ýuridik taraplaryň möhürleri bilen tassyklamak.

### 1. Şertnamanyň ady

Baglaşylýan şertnamanyň maksady onuň adyndan bellidir. Şertnamanyň ady ilkinji sahypanyň ýokarysynda iri harplar bilen ýazylýar. Mysal üçin, "ZÄHMET ŞERTNAMASY (KONTRAKTY)", "ENJAM IBERMEK (GOÝBERMEK) ŞERTNAMASY (KONTRAKTY)", "YLMY-BARLAG IŞLERINI GEÇIRMEK ŞERTNAMASY (KONTRAKTY)", "BIRLEŞIKLER (PAÝDARLAR JEMGYÝETINI) DÖRETMEK BARADA ŞERTNAMA", "ÝAŞAÝYŞ JAÝYNY KÄRENDE ALMAK ŞERTNAMASY (KONTRAKTY)" we ş.m.

## 2. Şertnamanyň ýazylan ýa-da baglaşylan ýeri

Baglaşylan şertnamanyň adyndan soň onuň birinji sahypasynyň çep tarapynda (özünden) şertnamanyň ýazylan ýeri görkezilýär. Mysal üçin: "Aşgabat şäheri", "Köneürgenç etraby", "Gürgenç" oba hojalyk paýdarlar jemgyýeti we ş.m.

## 3. Şertnamanyň ýazylan senesi

Şertnamanyň ady we ýazylan ýerinden soň şertnamanyň şol sahypasynyň sag tarapynda (özünden), şertnamanyň ýazylan ýeri görkezilen ýazgynyň garşysyndan şertnamanyň ýazylan senesi görkezilýär. Mysal üçin:

| | |
|---|---|
| "Aşgabat şäheri" | 2005-nji ýylyň 5-nji marty |
| "Köneürgenç etraby" | 2005-nji ýylyň 18-nji maýy |
| "Gürgenç" OHPJ | 2005-nji ýylyň 23-nji noýabry |

## 4. Şertnamany baglaşýan taraplaryň şertnama gol çekýän işgärleri hakda maglumat

Şertnamanyň ilki başynda şertnamany baglaşýan taraplaryň atlary we şertnama gol çekýän işgärler barada degişli maglumatlar ýazylmaly birnäçe sowallar we olara jogaplar bolmaly:

**Birinji mysal:**

"Biz_________________________________ nyň
(birinji ýuridiki tarapyň ady)

şol kärhananyň_____________________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

Türkmenistanyň «Kärhanalar hakdaky kanuny» hem-de şol kärhananyň Düzgünnamasynyň esasynda hereket (gollanmak) bilen bir tarapdan we ___________________ adyndan şol
(ikinji ýuridik tarapyň ady)

kärhananyň________________________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

Türkmenistanyň "Kärhanalar hakdaky kanuny" hem-de şol kärhananyň Düzgünnamasynyň esasynda hereket edip (gollanyp) şu şertnamany aşakdaky görkezilen maksatlary amala aşyrmak üçin baglaşdyk".

Ýokarky getirilen şertnamanyň mysaly bölegi iki ýuridiki tarap hem bir şäherde, bir etrapda ýerleşenler üçin niýetlenilendir.

**Ikinji mysal:**

"Kärhananyň" diýen sözüň ýerine şol ýuridik taraplaryň atlary gaýtadan ýazylsa, resminama takyk bolar.

"Biz__________________________ nyň adyndan şol
(birinji ýuridiki tarapyň ady)

kärhananyň (guramanyň)________________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

Türkmenistanyň "Kärhanalar hakdaky kanuny" hem-de şol kärhananyň (guramanyň) Düzgünnamasynyň esasynda hereket etmek (düzgünnama gollanmak) bilen bir tarapdan we beýleki tarapdan_____________________________ nyň
(ikinji ýuridik tarapyň ady)

adyndan şol kärhananyň_______________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

200_ -nji(njy) ýylyň ______ aýynyň
«__» gününde berlen № ___ ygtyýar hatynyň esasynda hereket etmek bilen şu şertnamany aşakda göz öňünde tutulan zatlary ýerine ýetirmek maksady bilen baglaşdyk".

Türkmenistanyň "Kärhanalar hakdaky kanuny" hem-de şol kärhananyň Düzgünnamasynyň esasynda hereket edip (gollanyp) şu şertnamany aşakdaky görkezilen maksatlary amala aşyrmak üçin baglaşdyk.

**Üçünji mysal:** Şertnamany edara-kärhananyň birinji

ýolbaşçylary däl-de, ygtyýar berlen wezipeli işgärleri şeýle baglaşýar:

"Biz__________________________ nyň adyndan şol
(birinji ýuridiki tarapyň ady)

kärhananyň_______________________________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

200_ -nji(njy) ýylyň ______ aýynyň «__» gününde berlen № ___ ygtyýar hatynyň esasynda hereket etmek bilen bir tarapdan we beýleki tarapdan______________________
(ikinji ýuridik tarapyň ady)

nyň adyndan şol kärhananyň____________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

200_ -nji (njy) ýylyň ______ aýynyň «__» gününde berlen № ___ ygtyýar hatynyň esasynda şertnama baglaşyldy".

Beýle şertnamalar şol taraplaryň wekilleri tarapyndan lomaý söwda ýarmarkalarda, sebitara we halkara sergilerde, sergi-ýarmarkalarda we auksionlarda baglaşýarlar.

**Dördünji mysal:** Ýuridiki tarap bilen fiziki tarapyň arasynda baglaşylýan şertnamanyň şu böleginiň nusgasy:

"Biz____________________________ adyndan şol
(ýuridiki tarapyň ady)

kärhananyň (guramanyň)______________________
(wezipesi we familiýasy, ady)

Türkmenistanyň "Kärhanalar hakdaky kanuny" hem-de şu kärhananyň (guramanyň) Düzgünnamasynyň esasynda hereket etmek (Düzgünnama gollanmak) bilen bir tarapdan we beýleki tarapdan_________________________________
(pasporty hakyndaky maglumatlar, familiýasy, ady

we atasynyň ady hem-de hemişelik ýaşaýan ýeri hakyndaky

maglumat, pasportynyň esasynda)

aşakdaky zatlary etmek üçin şu şertnamany baglaşdyk".

### 5. Şertnamanyň maksady

Bu bölümde baglanyşylýan şertnamanyň esasy maksady we taraplaryň biri-birine nähili atlandyryşy görkezilmeli.

Mysal üçin:

1) Şertnamanyň maksady birinji tarapyň tabşyrmagy bilen ikinji tarapyň bellenilen işi ýerine ýetirmeginden ybaratdyr.
2) Birinji tarap şu şertnamada "Iş buýrujy" ("Iş beriji", "Buýrujy", "Müşderi") diýilmelidir, ikinji tarap bolsa "Işi ýerine ýetiriji" ("Taslaýjy") diýilmelidir.

### 6. Şertnama boýunça ýerine ýetirilmeli zatlar, işler

Bu bölümde şertnamany baglaşýan taraplaryň ýerine ýetirilmeli zatlary hakynda teswir berilýär hem-de bu bölümde haýsy resminamalaryň (gurallaryň we ş.m.) bellenilen işleri (zatlary) ýerine ýetirmek üçin zerurlygyny we ol gerekli resminamalary (gurallary we ş.m.) haýsy tarapyň üpjün etmelidigi kesgitlenilýär.

### 7. Şertnama baglaşýan taraplaryň hukuklary we jogapkärçiligi

Bu bölümde şertnama baglaýyjy taraplaryň biri-birine bolan borçlary we hukuklary kesgitlenilýär hem-de şertnamada görkezilen zatlaryň ýerine ýetirilmedik ýa-da ýaramaz ýerine ýetirilmekligiň özi haýsy jogapkärçilige eltýändigini görkezmeli-beýan etmeli. Şeýle-de şu bölümde şertnamada görkezilen zatlar üçin hasaplaşyk ýoly hem takyklanmaly.

### 8. Şertnamadaky goşmaça şertler

Şertnama goşmaça şertler şertnama baglaýjy taraplaryň isleglerini, goşmaça talaplaryny göz öňünde tutmak bilen bilelikde, goşmaça ýeňillikler hem birek-birege berlip bilner.

### 9. Şertnamanyň möhleti we ony möhletinden öň ýatyrmagyň tertibi

Her bir şertnamada onuň hereket edýän möhleti görkezilýär. Şertnamanyň hereket edýän möhleti gysga wagtlaýynlyk bolanda, 10 günden 1 ýyla çenli we uzak wagtlaýynlyk bolanda, 1 ýyldan 5-10 ýyla çenli we ondan hem gowrak bolup biler.

Bu ýerde eger şertnama möhletinden öň ýatyryljak bolanda, nähili tertipde ony ýatyrmagyň düzgünini şertnama baglaşýan taraplar kesgitleýärler, ol iş, köplenç, ýurtdaky hereket edýän kada-kanunlardan gelip çykmalydyr.

### 10. Şertnamany baglaşýan taraplaryň adaty aragatnaşyk we elektron salgylary, töleg üçin bankdaky hasaplaşyk hasaplary (sçýotlary) we bankyň atlary, ýük ugratmak we ýük kabul etmek üçin ýakyndaky demir ýol duralgalary (menzilleri), deňiz, derýa portlary (rekwizitleri)

Şertnamanyň bu bölüminde bolmaly maglumatlar hökmanydyr we şertnama baglaşmak üçin gol çekilmezilden öň olar doly barlanylmalydyr hem-de onuň takyklygyna kepil geçilmelidir, ýogsam şertnama zerarly edara-kärhanaňyza maddy zyýan bolmagy mümkindir.

Şertnama baglaýjy taraplar üçin doly aragatnaşyk salgysyny görkezmekligi hökmandyr. Mysal üçin:

"Taraplaryň aragatnaşyk salgylary hakyndaky maglumat":

Şertnama baglaşýan taraplar birek-birek bilen doly hasaplaşyk işlerini geçirmek maksady bilen öz hasaplarynyň (sçýotlarynyň) ýerleşen banklarynyň atlaryny, hasaplarynyň (sçýotlarynyň) görnüşlerini we sanlaryny hem-de bankara alyş-çalyş sanlaryny görkezýärler.

Mysal üçin:

"Taraplaryň hasaplarynyň (sçýotlarynyň) ýerleşen banklary baradaky maglumatlar":

Şu ýokarky maglumatlarda bankyň ady bilen onuň kody görkezilip bilner.

Şertnama baglaşylýan taraplar öz şertnamalarynda biri-birinden ýük almak we ýük bermek göz öňünde tutulan bolsa, onda taraplar özlerine ýakyn bolan we bellenen (ýük almak we ugratmak üçin) demir ýol duralgasy daş hem-de ýüki getirmek üçin amatsyz bolsa, onda ýakyn deňiz, derýa portlary görkezilýär). Gyssagly we çalt zaýa bolýan ýükler üçin ýakyndaky aeroportlar hem taraplaryň özleriniň razyçylygy bilen görkezilip bilner.

Mysal üçin:

"Taraplaryň ýük ugratmak we ýüki kabul etmek üçin zerur bolan maglumatlary":

Şu ýerde ýüküň kabul edilmeli ýere çenli ulagyň görnüşi üýtgemeli bolsa, onda ýüküň geçmeli ugrundaky howa, deňiz portlary, olaryň halkara kodlary görkezilmelidir.

## 11. Şertnama gatnaşyjy ýuridik taraplaryň wekilleriniň şertnamadaky gollary we ol gollary ýuridik taraplaryň möhürleri bilen tassyklamak

Şertnama gatnaşyjy ýuridik taraplaryň wekilleri şertnamanyň ýazgysy ýazylyp gutarylandan soň, olar öz wezipelerini we familiýalaryny görkezip gollaryny çekýärler

hem-de öz gollaryny ýuridik taraplaryň pul resminamalary üçin peýdalanýan tegelek (sekizburç) döwlet tugraly möhürleri bilen tassyklaýarlar. Beýle tassyklamak işi şertnama baglaşylýan taraplaryň birinji ýolbaşçylary amal edýärler.

Eger şertnama, ony baglaşýan taraplaryň haýsam bolsa bir tarapynyň wekili we beýleki tarapyň birinji ýolbaşçysy gol çekseler, onda wekil tarapy öz ygtyýar hatyny şertnamanyň gapdalyna goşýar, beýleki tarap bolsa golyny tegelek (sekizburç) döwlet tugraly möhri bilen tassyklaýar.

Şertnamalary iki tarapyň hem wekilleri olara berlen ynanç hatlary esasda baglaşylyp bilerler. Bu ýagdaýda wekilleriň gollary degişli tarapyň möhri bilen tassyklanylýar.

### III. Şertnamanyň görnüşleri, olaryň aýratynlyklary we nusgalary

Ýuridiki taraplaryň, fiziki taraplaryň, ýuridiki we fiziki taraplaryň, ýuridiki tarap bilen raýatlaryň aralarynda baglaşylýan şertnamalaryň görnüşleri dürli-dürlüdir. Olaryň has köp ulanylýanlary şulardyr:

1. Zähmet işleri barada şertnama (Zähmet kontrakty).
2. Önümçilik işleri barada şertnama.
3. Ylmy işler barada şertnama.
4. Aralykçylyk hyzmat etmek barada şertnama.
5. Daşary ykdysadyýet işi barada şertnama.
6. Bank işler barada şertnama.
7. Täze ýuridiki tarap döretmek barada şertnama.
8. Beýleki işler barada şertnama.

## III.20. Zähmet şertnamasy
## (Nusgasy)

*(Adaty edara ýa-da kärhana bilen onda işlejek işgärleriň arasynda baglaşylýar)*

200__ ý. ______________ aýynyň "_____"

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
(edaranyň ýa-da kärhananyň ady)

rektory ______________________(mundan
(A.A.a.F.)

beýläk "Iş beriji") bir tarapdan we raýat ___________________(mundan beýläk "Işgär")
(A.A.a.F.)

beýleki tarapdan, aşakda görkezilen düzgünlere laýyklykda şu şertnamany baglaşdylar.

### 1-nji madda

**Raýat_____________________________________________**
(A.A.a.F.)

_______________________________________________________
(bölümiň ady)

___________________________wezipesine bellenýär.
(wezipesiniň ady)

### 2-nji madda

2.1. Şu şertnama Iş beriji bilen Işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

2.2. Işgäriň şertnama boýunça işi hereket edýän kanunçylyga laýyklykda___________________________ işdir.
(esasy, utgaşdyrylýan ýa-da başga şertnama)

2.3. Işgär_______________________ işe kabul edilýär.
(doly, ýarym, çärýek hakyna)

2.2. Şertnamanyň hereket edýän döwründe işgäriň razylygyny alman, ony başga işe geçirmek bolmaýar.

### 3-nji madda

3.1. Işgäriň borçlary:

a) zähmet (köpçülikleýin şertnamanyň talaplaryny, içki zähmet düzgün-nyzamyny, içki zähmet tertip-düzgün baradaky esasnamalary we düzgünnamalary) we tilsimatlaýyn düzgün-nyzamlary ýerine ýetirmek;

b) Iş berijiniň kanuny görkezmelerini ýerine ýetirmek;

ç) zähmeti goramak, tehniki howpsuzlyk we önümçilik arassaçylygy baradaky talaplary berjaý etmek;

d) wezipe gözükdirmesini berjaý etmek;

e) hünär borçlaryny berjaý etmek;

ä) zähmet borjuny ýerine ýetirmäge degişli kanunlary we beýleki düzgünleşdiriş namalary berjaý etmek;

f) Işgäriň öz üstüne alan beýleki borçnamalary:

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

### 4-nji madda

Işgäriň:

– bellenilen tertipde medeni-durmuş ähmiýetli ýerlerden peýdalanmaga;

– şertnamada göz öňünde tutulan işleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly maslahatlara we çärelere gatnaşmaga;

– Iş berijiden şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmegi talap etmäge hukugy bardyr.

### 5-nji madda

Iş berijiniň borçlary:

a) Işgäriň zähmetini ýola goýmak, Işgäri zähmeti goramaklygyň we tehniki howpsuzlygyň düzgün-nyzamlary, wezipe gönükdirmeleri, köpçülikleýin şertnamasy, beýleki kadalaşdyryjy we pudaklaýyn edaralaryň düzgünnamalary bilen tanyşdyrmak;

b) zähmet we önümçilik düzgün-nyzamynyň berjaý edilişini üpjün etmek;

ç) zähmet hakyny öz wagtynda tölemek;

d) howpsuz, netijeli iş şertleri döretmek, işgäri howpsuz zähmet şertleri baradaky düzgünnama bilen tanyşdyrmak;

e) iş ýerini zähmeti goramagyň we tehniki howpsuzlygy berjaý etmegiň düzgün-tertiplerine laýyklykda enjamlaşdyrmak;

ä) kanunçylygy we beýleki kadalaşdyryş düzgünnamalary, şeýle hem, pudaklaýyn edaralaryň hukuk düzgünnamalaryny berjaý etmek;

f) köpçülikleýin şertnamanyň hem-de şu şertnamanyň talaplaryny berjaý etmek;

g) Kärdeşler arkalaşyklaryna gatnaşmak hukugyny amala aşyrmagy üpjün etmek;

h) hökmany döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny üpjün etmek;

i) Iş berijiniň şu şertnama boýunça öz üstüne alýan beýleki borçlary:

________________________________________

________________________________________

________________________________________

### 6-njy madda

Iş berijiniň:

– Işgäriň bähbitlerine zyýan ýetirmezden şertnama boýunça zähmet borçnamalarynyň ýerine ýetiriliş şertlerini üýtgetmek üçin zerur bolan çäreleri amala aşyrmaga;

– Işgär bilen ylalaşyp, şertnamanyň talaplaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmäge;

– Işgäriň ýa-da guramanyň haýyşy bilen Işgäriň şertnama boýunça işine baha (hödürnama) bermäge hukugy bardyr.

### 7-nji madda

7.1. Şu şertnama 200__ ý. _______________ aýynyň "____" 200__ ý.________________ aýynyň "____" çenli möhlet üçin baglaşyldy.

7.2. Şertnamanyň möhleti dolandan soň, taraplaryň ylalaşygy bilen onuň möhleti uzaldylyp ýa-da täze şertnama baglaşylyp bilner.

### 8-nji madda

8.1. Işgär üçin anyk iş tertibi kesgitlenilýär. Işgär iş gününiň başlanýan we gutarýan wagty dekanatyň, kafedranyň, tejribehananyň, bölümleriň okuw işine, okuwlaryň dowamlylygyna, dersleriň tertibine bagly bolýar. Şunlukda, işgäre dowamlylygy 40 sagat bolan alty günlük iş hepdesi bellenilýär.

8.2. Hereket edýän kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde işgär möhletinden artyk işlere hem çekilip bilner.

### 9-njy madda

9.1. Işgär _________ ( _________________ ) manat möçberinde iş hakyny alýar.

9.2. Talaplaryň razyçylygy bilen zähmete hak tölemegiň möçberine we ulgamyna täzeden garalyp bilner.

9.3. Bar bolan kanunlaryň we serişdeleriň çäklerinde has netijeli hem-de ýokary hilli zähmeti sylaglamak maksady bilen, köpçülikleýin ylalaşygyň şertlerinde görkezilen, şeýle hem ýolbaşçy tarapyndan bellenilen höweslendiriji goşmaça haklar, tölegler, baýraklar, sylaglar we beýleki häsiýetdäki tölegler göz öňünde tutulyp bilner.

## 10-njy madda

10.1. Türkmenistanyň "Zähmet rugsatlary baradaky" Kanunyna laýyklykda işgäre her ýyl tölegli zähmet rugsady berilýär.

10.2. Zähmet rugsady şu edara ýa-da kärhananyň degişli ulgamynyň zähmet rugsadyny beriş tertibine laýyklykda ýa-da taraplaryň ylalaşygy bilen Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýylyň dowamynda islendik wagt berlip bilner.

10.3. Iş berijiniň razyçylygy bilen Işgäre tölegsiz zähmet rugsady bellenen tertipde berlip bilner.

10.4. Önümçilik zerurlygy ýüze çykan halatynda, ýylyň dowamynda zähmet rugsadynyň yzyny dowam etdirmek kepillendirilip, işgär zähmet rugsadyndan yzyna çagyrylyp bilner.

10.5. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen tertipde saglygyny bejertmek üçin taraplaryň ylalaşygy bilen Işgäre ýylyň islendik wagty zähmet rugsadyny bermek bolar.

## 11-nji madda

11.1. Eger-de kanunçylykda başga tertip göz öňünde tutulmadyk bolsa, ÝOM-da meýilnamalaşdyrylan ylmy-barlag

işleriniň temalary boýunça işgäriň oýlap tapyşlaryny, täzeçil tekliplerini ulanmak hukugy ÝOM-a degişlidir.

11.2. Oýlap tapyşlary ýa-da täzeçil teklipleri üçin işgär hereket edýän kanunçylyga laýyklykda sylaglary, beýleki hukuklary we ýeňillikleri alyp biler.

## 12-nji madda

12.1. Hereket edýän kanunçylykda, pudagyň kadalaşdyryş resminamalarynda, köpçülikleýin şertnamada ýokary okuw mekdepleriniň işgärleri üçin bellenilen ýeňillikler we kepillendirmeler işgäre hem degişlidir.

12.2. Şertnamanyň hereket edýän döwründe işgär döwlet durmuş ätiýaçlandyryşynyň ähli görnüşleri bilen üpjün edilmelidir.

## 13-nji madda

13.1. Şertnama hereket edýän zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan kadalar we düzgünler esasynda ýatyrylyp bilner.

13.2. Taraplaryň şertnamanyň talaplaryny we şertlerini ýerine ýetirmezligi şertnamany möhletinden öň ýatyrmaga goşmaça esas bolup biler. Şonuň ýaly-da, şertnamanyň möhletiniň tamamlanmagy ýa-da taraplaryň zähmet gatnaşyklaryny bes etmek baradaky ylalaşygy şertnamany bozmak üçin esas bolup biler.

13.3. Şertnamany bozýan tarap beýleki tarapa şertnamanyň bozulmagynyň sebäpleri barada ýazmaça düşündiriş bermelidir. Iş beriji şertnamany bozmazdan, Işgärden tertip-düzgüni talap edip biler.

13.4. Şertnamanyň ýatyrylan ýa-da togtadylan halatynda, taraplaryň arasyndaky ähli hasaplaşyklar ____ günüň dowamynda amala aşyrylmagydyr.

13.5. Şernamanyň talaplarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegini bökdeýän taraplara bagly bolmadyk sebäpler ýüze çykanda, taraplar özara şertleşilen möhlet üçin şertnamanyň hereketini togtadyp bilerler.

13.6. Şertnamanyň möhleti tamamlanan halatynda, Iş beriji Işgärden ýazmaça arza almazdan ony buýruk esasynda işden boşadýar.

## 14-nji madda

14.1. Taraplaryň arasynda ýüze çykan jedeller Işgär bilen Iş berijiniň arasynda gönüden-göni gepleşikler arkaly çözülmelidir.

14.2. Eger-de taraplaryň arasynda ýüze çykan dawa boýunça özara çözgüt tapylmasa, onda ol hereket edýän kanunçylykda bellenilen tertipde çözülmäge degişlidir.

## 15-nji madda

15.1. Şertnamanyň talaplaryny taraplaryň ylalaşygy bilen üýtgedip bolar.

15.2. Şu şertnama boýunça düzgünleşdirilmedik meseleler Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda çözülmäge degişlidir.

## 16-njy madda

Taraplaryň islegine görä beýleki goşmaça şertler:______________________________________________
______________________________________________________
______________________________________________________
______________________________________________________

### 17-nji madda

Şu şertnama iki nusgada düzüldi: birinji nusga Iş berijide saklanýar, ikinji nusga Işgärde saklanýar.

***Işgär:***

____________________
(A.A.a.F.)

Pasport tapgyry __ №___
_____ ý. _______ aýynyň
"_____" ______________
(pasport kim tarapyndan berildi)

______________________
________tarapyndan berlen

_________________
(ýaşaýan ýeri)

__________
(goly)

***Iş beriji:***

TDY we DI
(Edaranyň ýa-da kärhananyň ady)

Salgysy: Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow şaýoly, 112

______________________

____________________
(A.A.a.F.)

rektor
(wezipesi)

__________
(goly)

*"Gulluk wezipe borçlarym, ÝOM-uň içerki zähmet düzgün-tertibiniň kadalary, şonuň ýaly-da şu şertnamanyň şertleri bilen doly tanyşdym we olary ýerine ýetirmäge borçlanýaryn. Şertnamanyň bir nusgasy maňa gowşuryldy".*

_________________ (__________) _________
(senesi) (goly)

*Şertnamanyň möhleti 200 __ ý.__________ aýynyň "____" çenli uzaldyldy.*

*Şertnamanyň möhleti 200 __ ý.__________ aýynyň "____" çenli uzaldyldy.*

*Şertnamanyň möhleti 200 __ ý.__________ aýynyň "____" çenli uzaldyldy.*

## MAZMUNY

Giriş ........ 7

**I bölüm. MS Excelde işlemegiň, ykdysady hasaplamalary guramagyň tilsimaty**

**I.**1. MS Excel kompýuter maksatnamasyna girmek ........ 8

**I.**2. MS Exceliň gurallary ........ 12

**I.**3. MS Excelde salgylar, öýjükler, salgylanmalar ........ 15

**I.**4. MS Exceliň baş menýusy ........ 19

**I.**5. MS Exceliň esasy gurallary ........ 20

**I.**5.1. MS Exceliň standart gurallary ........ 20

**I.**5.2. MS Exceliň format (çäk) bermek gurallary ........ 22

**I.**5.3. MS Excelde Visual programmirlemek gurallary ........ 24

**I.**5.4. MS Excelde internet üçin Web sahypa döretmek gurallary ........ 25

**I.**5.5. MS Excelde MS Officeniň mümkinçiliklerinde çeper bezemegiň *WordArt* gurallary ........ 26

**I.**5.6. MS Excelde Windowsyň alyş-çalyş buferindäki maglumatlary görmek gurallary ........ 27

**I.**5.7. MS Excelde daşardan gelen maglumatlar bilen iş salyşmak gurallary ........ 27

**I.**5.8. MS Excelde diagramma we grafik gurmak gurallary ........ 28

**I.**5.9. MS Excelde şekilleri düzgüne salyş gurallary ........ 29

**I.**5.10. MS Excelde maglumatlara *düşündiriş* bermek gurallary ... 30



Неподшитые заметки Стр.248

**I.**5.11. MS Excelde *suratlar, şekiller* goýmak, *çyzgylary* çyzmak gurallary ... 31

**I.**5.12. MS Excelde çylşyrymly tablisalary, resminamalary döretmek gurallary ... 38

**I.**6. MS Excelde döredilen resminamalary, tablisalary çap etmek ... 38

**I.**7. MS Excelde öýjüklere, setirlere, sütünlere format (çäk) bermek ... 44

**I.**7.1. MS Excelde öýjüklerdäki, setirlerdäki, sütünlerdäki ýazgylary gyradeňlemek we ugur bermek ... 48

**I.**7.2. MS Excelde öýjüklerdäki, setirlerdäki, sütünlerdäki ýazgylara *şriftleriň görnüşlerini, indeksleri, möçberleri, reňkleri* bermek ... 49

**I.**7.3. MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna *araçäk* çyzygyny, *çyzyklara möçber we reňk* bermek ... 51

**I.**7.4. MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna *reňkli düşek* bermek ... 52

**I.**7.5. MS Excelde öýjüge, öýjükler toparyna *gorag* bermek ... 53

**I.**8. MS Excelde maliýe görkezijilerini hasaplamagyň tilsimaty ... 54

**I.**8.1. Görkezilen döwürde emlägiň öwezini dolmagy hasaplamak (АМГД) ... 54

**I.**8.2. Bir döwürde emlägiň göni öwez dolmasynyň ululygyny gaýtarmagyny hasaplamak (АМР) ... 57

**I.**8.3. Döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik göterim stawkalarynyň esasynda goýumyň geljekki ululygyny hasaplamak (БЗ) ... 58

**I.**8.4. Aýlanmanyň içki tizligi (ВНДОХ) ... 60

**I.**8.5. Emlägiň öwez dolmagynyň ululygyny görkezilen döwür üçin öwezi iki sapar hasaba almak usulyýetini ýa-da anyk görkezilen usulyýeti peýdalanmak arkaly hasaplamak (ДДОБ) ... 62

I.8.6. Berlen döwürde emläge öwez dolmasyny we öwez dolmany hemişelik hasaba almak usulyny peýdalanmak bilen hasaplamak (ДОБ) .......... 64

I.8.7. Berlen goýum üçin tölegleriň umumy mukdaryny döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik goýum göterimler esasynda hasaplamak (КПЕР) .......... 66

I.8.8. Anyk pul serişdeleri bilen yzygiderli döwürleýin amallar üçin dolanyşyk serişdeleriniň üýtgedilen içki tizligini hasaplamak (МВСД) .......... 67

I.8.9. Rente tölenende bir döwrüň göterim goýumyny hasaplamak (НОРМА) .......... 69

I.8.10. Goýumyň häzirki arassa möçberiniň hasap goýumyny hem-de geljekki tölegleri (alamaty -) we girdejileri (alamaty +) peýdalanyp hasaplamak (НПЗ) .......... 70

I.8.11. Döwürleýin hemişelik tölegler we hemişelik goýum göterimler esasynda berlen döwürde tölegleriň möçberini hasaplamak (ОСНПЛАТ) .......... 73

I.8.12. Ikeldilen göterim usulyny peýdalanmak bilen berlen döwürde emläge öwez dolmasynyň bahasyny hasaplamak (ПДОБ) .......... 74

I.8.13. Goýumyň häzirki möçberini hasaplamak (ПЗ) .......... 76

I.8.14. Berlen döwürde göterimler boýunça tölegleri hasaplamak (ПЛПРОЦ) .......... 78

I.8.15. Karz boýunça tölegleriň ululygyny hemişelik tölegler we hemişelik göterimli goýum esasynda hasaplamak (ППЛАТ) .......... 80

I.8.16. Görkezilen töleg döwürlerinde tölegleri hasaplamak (ПРОЦПЛАТ) .......... 81

I.9. MS Excelde funksional düwmeleriň niýetlenilişi we olaryň dolandyryş düwmeleri bilen utgaşdyrylyşy .......... 82

I.10. MS Excelde kitaplary wirusly makroslardan goramak .......... 84

I.11. MS Exceliň iş ekranyna *parametrler* bermek .......... 85

**II bölüm. Ykdysady we dolandyryş mahabatlandyrmalary guramagyň tilsimaty**

**II.**1. Power Point kompýuter maksatnamasy. Umumy häsiýetnamalar ........ 92

**II.**1.1. Power Pointyň iş ekrany bilen tanyşmak ........ 95

**II.**1.2. Power Pointda mahabatlandyrma döretmek ........ 99

**II.**1.2.1. Power Pointda mahabatlandyrmany awtomazmunyň ussadyny peýdalanyp döretmek ........ 101

**II.**1.2.2. Power Pointda mahabatlandyrmany gözýetimiň bilen çalt döretmek ........ 105

**II.**1.2.3. Power Pointda mahabatlandyrmany düzüm bölegindäki ýazgylar bilen döretmek ........ 107

**II.**1.3. Power Pointda döreden mahabatlandyrmaňy üýtgetmek ... 110

**II.**1.3.1. Power Pointda mahabatlandyrmaňy bezemegi täzeden saýlamak ........ 110

**II.**1.3.2. Power Pointda mahabatlandyrma figuralary we shemalary goşmak ........ 111

**II.**1.3.3. Power Pointda mahabatlandyrma diagramma goşmak ... 112

**II.**1.3.4. Power Pointda mahabatlandyrma suratlar, şekiller goşmak ........ 113

**II.**1.3.5. Power Pointda mahabatlandyrma edara-kärhananyň tugrasyny goşmak we mahabatlandyrmanyň ähli slaýdalaryna birbada üýtgeşmeler girizmek ........ 114

**II.**1.3.6. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyna her hili grafik obýektleri goşmak ........ 115

**II.**1.4. Power Pointda mahabatlandyrmany görkezmek ........ 116

**II.**1.4.1. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyny görkezmek ........ 116

**II.**1.4.1.1. Power Pointda mahabatlandyrmany ýatda saklap slaýdyny görkezmek ........ 117

**II.**1.4.1.2. Power Pointdan mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny görkezmäge goýbermek ........ 117

**II.**1.4.1.3. Power Pointdan mahabatlandyrmanyň slaýdalaryny iş stolundan görkezmäge goýbermek ........ 118

**II.**1.4.1.4. Power Pointdan mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny erkin görkezmäge goýbermek ........ 119

**II.**1.4.1.5. Power Pointda awtomatiki mahabatlandyrmanyň guralyşy ........ 120

**II.**1.4.2. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyny we görnüşlerini görmek, çap etmek ........ 121

**II.**1.4.2.1. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny, belliklerini we çykarmalaryny çap etmek ........ 123

**II.**1.4.2.2. Power Pointda mahabatlandyrmanyň düzümlerini çap etmek ........ 123

**II.**1.4.2.3. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny reňksiz, açygrak düzgünde çap etmek ........ 124

**II.**1.4.2.4. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlaryny reňksiz çap etmezden öň ekranda görüp üýtgetmek ........ 124

**II.**1.4.2.5. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdyny çap etmek üçin möçberini we ugruny bermek ........ 125

**II.**1.4.2.6. Power Pointda mahabatlandyrmany çap etmek üçin täze printeri kompýutere birikdirmek ........ 126

**II.**1.4.2.7. Power Pointda mahabatlandyrmany çap etmekde birbada birikdirmek we aýyrmak düzgüni ........ 127

**II.**1.4.3. Power Pointda mahabatlandyrmanyň slaýdlar bilen çykarmalaryny döretmek ........ 128

**II.**1.4.4. Power Pointda mahabatlandyrma wagty bellikler girizmek ........ 130

**II.**1.4.5. Power Pointda mahabatlandyrmadaky bellikleriň nusgasyna obýektleri goşmak, üýtgetmek we aýyrmak ........ 130



Неподшитые заметки Стр.252

**II.**1.4.6. Power Pointda mahabatlandyrmadaky bellikleri çykarmalary ýa-da düzümi Microsoft Worda ibermek ........ 131

**II.**1.5. Power Pointdaky mahabatlandyrmada surat çekmek we obýektler bilen işlemek ........ 132

**II.**1.6. Ýazgylary we obýektleri janlandyryp görkezmek ........ 133

**II.**1.6.1. Ýazgylary we obýekti janlandyrmagyň ýerine ýetirilişi ... 133

**II.**1.6.2. Power Pointda diagrammalaryň elementleriniň janlandyrylyşy ........ 136

**II.**1.6.3. Ýazgylary we obýekti janlandyrmagy üýtgetmek ........ 137

**II.**1.6.4. Slaýdlar görkezilýärkä ses bermek ýa-da wideoklipleri görkezmek üçin parametrleri goýmak ........ 138

**II.**1.6.5. Slaýdy ses, saz bilen goldamak üçin ýazgy ýazmak ... 138

**II.**1.7. Mahabatlandyrmany ýatda saklamak ........ 139

**II.**1.8. Mahabatlandyrma, onuň faýlyna parametrler bermek .... 140

**II.**2. Power Pointda mahabatlandyrmany ülňi mahabatlandyrmalar bilen berjaý etmek ........ 148

**II.**2.1. Power Pointdaky umumy maksatlara niýetlenilen mahabatlandyrmalaryň ülňüleri ........ 148

**II.**2.1.1. Mahabatlandyrmanyň ülňülerine awtomazmunyň üsti bilen girmek ........ 149

**II.**2.1.2. Mahabatlandyrmanyň täze ülňüsini döretmek, ýerleşdirmek we awtomazmuna goşmak ........ 150

**II.**2.2. Power Pointdaky umumy iş mahabatlandyrmalaryň ülňüleri ........ 153

**II.**2.2.1. Umumy çykyş ........ 153

**II.**2.2.2. Ýörelgäni teklip etmek ........ 154

**II.**2.2.3. Beýni hüjümi ........ 154

**II.**2.2.4. Erbet täzelikleri habar bermek ........ 156



Неподшитые заметки Стр.253

**II.**2.2.5. Diplom ........ 157
**II.**2.3. Power Pointdaky gulluk mahabatlandyrmalaryň ülňüleri ... 158
**II.**2.3.1. Umumy ýygnak ........ 158
**II.**2.3.2. Işewürlik-meýilnamasy (biznes-plan) ........ 159
**II.**2.3.3. Maliýe ýagdaýyna häsiýetnamalar ........ 162
**II.**2.3.4. Iş toparynyň öý sahypasy ........ 166
**II.**2.3.5. Gurama barada maglumatlar ........ 171
**II.**2.3.6. Işgärleri okatmak kursy ........ 174
**II.**2.4. Taslamalary mahabatlandyrmagyň ülňüleri ........ 175
**II.**2.4.1. Taslamalara häsiýetnamalar ........ 175
**II.**2.4.2. Taslamanyň jemini jemlemek ........ 178
**II.**2.4.3. Işiň gidişi barada çykyş ........ 182
**II.**2.5. Iş (marketing) mahabatlandyrmalary ........ 184
**II.**2.5.1. Önümleri satmak we hyzmatlar etmek ........ 184
**II.**2.5.2. Satuw meýilnamasy ........ 186
**II.**2.5.3. Önümlere we hyzmatlara häsiýetnamalar ........ 190
**II.**2.6. Karnegiden maslahatlar we mahabatlandyrmalar ........ 191
**II.**2.6.1. Täze pikirleri teklip etmek ........ 191
**II.**2.6.2. Işgärleri ylhamlaşdyrmak ........ 192
**II.**2.6.3. Ýygnak geçirmek ........ 193
**II.**2.6.4. Tehniki hasabat ........ 194
**II.**2.6.5. Guramaçylyk üýtgeşmeleri geçirmek ........ 197
**II.**2.6.6. Nutukça söz bermek ........ 198

**III bölüm. Adaty, iş resminamalaryň kompýuterde ýazylyşynyň tilsimaty**

**III.**1. Resminamalary kompýuterde döredijileriň dykgatyna! ...... 200



Неподшитые заметки Стр.254

**III.**2. Arza .......... 203
**III.**3. Beýandan göçürilen bölek .......... 204
**III.**4. Çakylyk haty .......... 206
**III.**5. Terjimehal .......... 207
**III.**6. Häsiýetnama .......... 209
**III.**7. Ýygnagyň beýany .......... 211
**III.**8. Dil haty .......... 214
**III.**9. Ynanç haty .......... 215
**III.**10. Maglumat haty .......... 217
**III.**11. Düşündiriş haty .......... 218
**III.**12. Maglumatnama .......... 220
**III.**13. Tassyknama .......... 221
**III.**14. Haýyşnama .......... 222
**III.**15. Kepilnama .......... 224
**III.**16. Buýruk .......... 226
**III.**17. Iş meýilnamasy .......... 227
**III.**18. Hasabat .......... 229
**III.**19. Şertnamalar-kontraktlar .......... 230
**III.**20. Zähmet şertnamasy .......... 240

**Aşyrgylyç Ýazgylyjow, Bäşim Iwanow**

# KOMPÝUTER TEHNOLOGIÝALARY

*Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy*

| | |
|---|---|
| Ýörite redaktor | *G.Gutlyýew* |
| Redaktor | *N.Kakalyýewa* |
| Suratçy | *T.Aslanowa* |
| Tehredaktor | *O.Allanowa* |
| Operator | *A.Abdyrahmanow* |

Ýygnamaga berildi 23.04.2007. Çap etmäge rugsat edildi 27.11.2008.
Ölçegi 60×90 $^1/_{16}$. Şertli çap listi 17.76. Hasap-neşir listi 12.25. Neşir №57.
Sany 1400. Sargyt №00.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köç., 15.